Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ HALK BILIMI MINISTRLIGI

# MILLI GARAŞSYZLYK TAGLYMY WE RUHYÝET ESASLARY

## 8-nji SYNP

Gaýtadan işlenen we doldurylan 7-nji neşir

***Milli taglym we aňyýet ylmy-amaly merkezi tarapyndan neşire hödürlenen***

DAŞKENT «MA'NAVIYAT» 2015

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

UO‘K 32.019.5(075)=512.164
KBK 74.200.50
M 70

**R. KOÇKAROW, S. NIŞANOWA,
O. MUSURMANOWA, M. KARŞIBAÝEW**

Umumy orta bilim berýän mekdepleriň 8-nji synplary üçin niýetlenen şu derslik Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Islam Karimowyň «Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch» we «O‘zbekiston mustaqillikka erishish ostonasida» kitaplary esasynda gaýtadan işlenen. Onda Milli garaşsyzlyk taglymy we ruhyýet esaslaryny düzýän esasy bilimler we düşünjeler döwrebap metodik usullar we talaplar esasynda açyp görkezilen.

**UO‘K 32.019.5(075)=512.164
KBK 74.200.50**

**S y n  ý a z a n l a r :**

Sosiologiýa ylymlarynyň doktory ***A. Halbekow***
Filologiýa ylymlarynyň kandidaty ***S. Olimow***

M 70 Milli garaşsyzlyk taglymy we ruhyýet esaslary: 8-nji synp / R. Koçkarow [we başg.] – Gaýtadan işlenen we doldurylan 7-nji neşir. – D.: «Ma’naviyat», 2015. – 128 s.
I. R. Koçkarow [we başg.]

ISBN 978-9943-04-155-4

**ŞERTLI BELGILER:**

– ýatda saklaň
– döredijilikli pikirleniň
– bilib oling
– soraglar we ýumuşlar
– açar söz
– üns berip okaň

**Respublikanyň ýörite kitap gaznasynyň serişdeleriniň hasabyndan çap edildi.**

ISBN 978-9943-04-155-4

© R. Koçkarow we başg., 2015
© «Ma’naviyat», 2015

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

I bap

# MILLI TAGLYM – GOWY ARZUW-ISLEGLER BEÝANYDYR

## DÖREDIJILIKLI HALK

Eziz okuwçy, Ýer ýüzündäki her bir halk öz taryhy, bu günki we geljekki durmuşyny özi döredýär. Şonuň üçin hem olary döredijilikli güýç diýip atlandyrýarys.

**Bu dünýä döredijilik bilen abat we gözeldir.**

Eger döredijilik we onuň esasynda şekillenen gymmatlyklar we däpler bolmasa, özüňiz göz öňüne getiriň, bu älem nähili erbet ýagdaýa düşüp galan bolardy: diňe bozgunçylyk, şäher we obalary gurmagyň, baglary döretmegiň, ýerden nygmat öndürmegiň ýerine olary talamak we weýran etmek ýaly wagşy duýgular güýçlenip, adamyň bu dünýäde erkin ýaşamagy, maşgala gurup, çaga ulaltmagy, gowy arzuw-niýetlerini amala aşyrmagy üçin umuman mümkinçilik galmadyk bolardy. Beýle durmuşy bolsa dünýädäki hiç bir halk islemeýär.

*«Ýaradyjylyk» sözi döretmek, gurmak, ýokdan bar etmek diýen manylary aňladýar.*

Oýlap gördüňizmi, dünýä ilki bilen kimi ykrar edýär? Bu soraga Prezidentimiz Islam Karimowyň ynha bu sözleri jogap bolýar:

**«Öz zähmeti, akyl-paýhasy we ukyby bilen özüni özi bakaýan, özüni goramagy, geljegini öz eli bilen gurmagy başarýan halky dünýä bileleşigi ykrar edýär»[1].**

Hakykatdan hem, biziň gadymy şäherlerimizi dünýä bileleşigi geň galyp we täsirlenip tomaşa edýär, beýik eždatlarymyzyň akyl-paýhasyna we ussatlygyna haýran galýarlar. Ýa-da şu günki günde

[1] **Islam Karimow**. Vatan va xalq mangu qoladi. –D.: Özbegistan Milli kitaphanasynyň neşirýaty, 2010-njy ýyl, 15-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



ýurdumyzda dürli ugurlarda amala aşyrylýan giň gerimli özgertmeler, ýurtdaşlarymyzyň önümçilik, ylym-bilim, medeniýet, sungat we sport boýunça gazanýan uly üstünlikleri hem dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan ykrar edilýär. Bularyň ählisi uly döredijilikli maksatlar bilen ýaşaýan halky dünýä hakly ýagdaýda ykrar edýändigini, hormat edýändigini delillendirýär.

Döredijilik duýgusy barka, dünýäde ösüş bolýar. Bütin adamzat buýsanyp ýaşaýan Samarkant, Rim, Buhara, Pariž, Wena, Wenesiýa, Deli, Berlin we Madrid ýaly gadymy şäherler, Beýik Hytaý diwary, Registan, Müsür piramidalary, Täçmahal, Eýfel minarasy ýaly binagärlik täsinlikleri hut adamzadyň döredijilikli işiniň genisi sebäpli emele gelendir.

Biz şeýle döredijilikli işiň netijelerinden her gün diýen ýaly, her minutda lezzetlenýäris, ir bilen işe ýa-da okuwa barýarkak gurluşykçylarymyzyň guran, gullukçylaryyň süpürip, suw sepip goýan rowan ýollaryndan, ajaýyp alleýalardan geçýäris. Adamlar lezzet almagy üçin eli gül ussalar we binagärlar tarapyndan döredilen gözel çüwdürimleriň ýanynda, bagbanlar ekip, ideg eden agaçlaryň kölegesinde oturyp, säginýäris. Ýa-da alymlarymyzyň ýazan kitaplaryny okap, bilim alýarys, sungat işgärleriniň döreden kinofilmlerini, sahna eserlerini, multfilmlerini görüp, manyly hekaýalary diňläp, pikirimiz, dünýägaraýşymyz giňeýär, duýgularymyz terbiýelenýär. Saçakdaky çöregimiz, iýýän naharymyz hem halal zähmetiň önümi – hakyky döredijilikli işiň netijesidir.

**Bir söz bilen aýdanda, adamyň durmuşy, jemgyýetiň ösüşi döredijilik esasyna gurlandyr.**

Siz gadyrdan mekdebiňize gelip, täze okuw ýylyny başlaýan şu günlerde ýurdumyzda Garaşsyzlyk baýramy dabaralary dowam edýär. Her ýyl Garaşsyzlyk gününiň öňýanynda halkymyzyň döredijilikli sypatlary has-da aýdyň görünýär, ýurdumyzda täze-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

täze desgalar ulanmaga berilýär, mekdepler, liseý we kolležler, ýokary okuw jaýlary, döwlet edaralary we medeni mesgenler, ýollar abatlanyp, tertipleşdirilýär. Şeýle döredijilikli işiň nusgasyny siz özüňiz okaýan mekdebiň, ýaşaýan mähelläňiziň, obaňyzyň ýa-da şäheriňiziň mysalynda hem görüp bilersiňiz.

Halkymyz garaşsyzlygyny gazanan birinji günlerden başlap öz öňüne sözüň doly manysynda erkin we bolelin ýaşaýan täze döwleti, täze jemgyýeti gurmak wezipesini goýdy. Bu döwletiň we jemgyýetiň ady hukuk demokratik döwleti, raýatlyk jemgyýeti diýlip atlandyrylýar.

*Hukuk demokratik döwleti kanunlara daýanmak bilen ösýän, halkyň erk-islegi esasy orun tutýan döwlet diýenidir. Raýatlyk jemgyýeti bolsa döwlet dolandyryşynda raýatlar we olar tarapyndan düzülen raýatlyk guramalary işeňňir gatnaşýan, aýgytlaýjy orun tutýan jemgyýetdir.*

**«Demokratiýa ilki bilen ruhy ölçegler esasynda dolandyrylýan, güýçli hukuk döwleti, güýçli raýatlyk jemgyýeti diýmekdir. Hukuk döwletini we raýatlyk jemgyýetini demokratiýanyň özara aýrylmaz baglanyşykly bolan iki tarapy, iki ganatydyr, diýmek bolar»[1].**

Prezidentimiziň ýokarda getirilen pikirleri hakynda bir oýlanyp göreliň. Demokratiýa ruhy ölçegler, ýagny adamyň edep-ahlagy, akyl-paýhasy, sagdyn dünýägaraýşy, pikirlenme ukyby ýaly möhüm faktorlar esasynda dolandyrylýan jemgyýetiň esasy alamaty bolmak bilen, biz näçe köp okasak, döwrebap kesp-hünärleri, milli we umumyadamzat gymmatlyklary näçe pugta eýelesek, şu jemgyýeti dolandyrmakda şonça işeňňir gatnaşyp bileris. Hut şeýle adamlaryň hatary giňeldigi saýyn biziň gurýan hukuk demokratik döwlet hem barha güýçlenýär. Şeýle güýçli döwlet bolsa güýçli raýatlyk jemgyýetine geçmek üçin esas bolýar.

Siz ýene bir zady unutmaň, dünýädäki her bir adamda zähmet çekmek üçin güýç-gaýrat, belli bir kesp-hänäre meýil, ukyp we

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 108-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

talant bolýar. Elbetde, ine şu aýratynlyklary amala aşyrmak üçin ilki bilen adamyň özi hereket etmelidir. Şonuň bilen birlikde, döwlet we jemgyýet hem bu meselede ýeterli şertleri döredip bermelidir. Döwlet we jemgyýet hut şonuň üçin hem gerek. Ýogsa, adamyň güýç-gaýraty hem, ukyby-da we talanty-da wagtynda ulanylman, ösdürilmändigi üçin sönüp, peselip gidýär. Şonuň üçin ýurdumyzda täze jemgyýet gurmakda, ilki bilen, adam iň esasy dörediji güýç hökmünde beýgeldilýär. Halkymyzyň, aýratynam ýaşlaryň güýç-gaýratyny, ukybyny we talantyny döredijilikli iş ugrunda terbiýelemek, şonuň üçin ilki bilen olara häzirki zaman talaplar esasynda tälim-terbiýe bermek, öňdebaryjy kesp-hünärleri öwretmek, olary beden taýdan we ruhy taýdan kämil ynsanlar edip terbiýelemäge uly üns berilýär.

**Sagdynlygy we kämilligi döredijilik duýgusysyz göz öňüne getirip bolmaýar.**

Döredijilikli iş beýik sypat bolup, ol her gün, her sagatda haýyrly işleri edip ýaşamak, nämedir bir zady döretmek, nämenidir açyş etmek, eli işe, beýnini pikirlenmä, kalby gowy duýgulara dyngysyz öwredip barmak sypatydyr. Şeýle sypatly adamyň çala işi bolmaýar. Ol başlan işini hökman ahyryna ýetirýär.

Halkymyz ozal-ozaldan ine şeýle döredijilikli sypaty bilen öýüni, mähellesini we ýurduny abat edip gelipdir. Döredijilikliligi sebäpli hiç haçan başgalara mätäç bolmandyr. Özgeleriň öňünde başy-da, hyjuwy-da dag ýaly belent bolupdyr.

**Halkymyzyň zähmeti bilen gadymda ýa-da şu günki günde gurlan gözel binagärlik ýadygärlikleri, abat şäherler we obalar, zawod we fabrikler, ýollar, köpriler, baglar maddy görnüşdäki döredijilikli işiň nusgalarydyr. Durmuşda ruhy şekildäki döredijilikli iş hem bar. Her bir halk tarapyndan asyrlaryň dowamynda döredilen, zamanlaryň synagyndan zowalsyz geçen, barha timarlanýan duýgular we düşünjeler, gymmatlyklar hem-de däpler ruhy döredijilikli işiň nusgalary hasaplanýar.**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Biz iri şäherlerimizdäki gadymy we döwrebap binalary görende, olaryň görküne aşyk bolanda, halkymyzyň maddy döredijilikli iş ukybynyň nähili ýokarydygyny ykrar edýäris, mundan kalbymyz buýsanç duýgularyna püre-pür bolýar. Şonuň bilen birlikde, bu binalaryň çyzgysyny we planyny çyzan, nähili materiallar esasynda gurmalydygyny öňünden kesgitläp beren ussadyr binagärleriň we inženerleriň ruhy ukybyna-da haýran galýarys. Eger-de şeýle ynsanlar bolmasa, beýle gözel binalary gurup bolmajakdygyny göz öňüne getirýäris.

Netije çykaryp aýdýan bolsak, döredijilikli halk özüniň ýaradyjylyk kuwwatyny zähmeti, kesbidir hünäri, akyl-paýhasy bilen ýüze çykaryp, dünýä taryhynda öçmejek yz galdyrýar. Bu bolsa iň uly bagtdyr.

### ? *Soraglar we ýumuşlar:*

1. Nähili adamy döredijilikli diýip atlandyrmak mümkin?
2. Ýaltany, işýakmazy döredijilikli diýip bolýarmy?
3. Siz boş wagtyňyzda nämeler bilen meşgullanýarsyňyz?
4. Ata-eneňize öý işlerinde kömek edýärsiňizmi?
5. Ata-eneňiz size nähili ýumuşlary we hünärleri öwretdi?
6. Siz dostlaryňyzda nähili ýagşy, döredijilik sypatlaryny gördüňiz?
7. Suratlarda görkezilen nygmatlar we baýlyklar nämäniň netijesi?

A)


Ç)


B)


D)




*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## MILLI TAGLYMYMYZ

Eziz okuwçy, siz milli taglym barada, onuň halk, millet we jemgyýet durmuşyndaky ähmiýeti hakda 7-nji synpda giňişleýin öwrendiňiz.

**Milli taglym ýokary wezipeleri amala aşyrýan, umumy maksatlary gazanmak ugrunda adamlaryň kalbynda ynam oýarýan, olary birleşdirýän, ugrukdyrýan taglym ýa-da taglymlar ulgamydyr. Her bir ýurtdaky milli gymmatlyklar we däpler, maddy we ruhy baýlyklar bilen birlikde milli taglymyň döredijisi hem şol ýerde ýaşap gelýän halkdyr.**

Diýmek, milli taglym öz-özünden peýda bolmaýar. Ol halkyň, milletiň asyrlaryň dowamynda arzuw edip, ymtylyp gelen maksatlarynyň netijesi hökmünde şekillenýär. Ýöne bu şeýle bir çylşyrymly we kyn bolup geçýän proses bolup, ony özümiz doly göz öňümize getirmek üçin şol halkyň ýa-da milletiň gadymy we uzak taryhyny göz öňümizden geçirip, düşünip, aň ýetirmeli bolýarys.

Şu hakda pikir ýöredende, ilki bilen bir hakykaty ýatda saklamaly: bu dünýäde gowulygyň duşmany köp bolşy ýaly, gowy pikiriň we taglymyň hem duşmany köp bolýar. Özümiz hem gündelik durmuşda näçe kynçylyklara duşýarys. Käte ruhdan düşýäris. Göwnümizdäki arzuwymyzy amala aşyrmaga güýjümiz, mümkinçiligimiz ýetjek-ýetmejekdigine şübhelenýäris, ynamymyz ýitip sussupeslige berilýän pursatlarymyz hem bolýar. Şonda bize näme kömek berýär? Ilki bilen, daş-töweregimizdäki gowy ynsanlar: ata-enemiz, mugallymlarymyz, aga ýa-da doganlarymyz, ýakyn dostlarymyz nesihat berip, göwnümizi göterip, ynamymyza ynam goşýarlar. Galyberse-de, okan mazmunly kitabymyz, gören



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

kinomyz, teatr eserlerimiz, olardaky gaýratly adamlaryň obrazlary hyýalymyzda täzeden janlanyp, bize medet beren ýaly, hiç haçan gama batma, özüňi ele al, diýip gowulyga çagyran ýaly bolýar.

Dünýädäki halklar hem öz taryhynyň ilkinji döwürlerinde kä tebigatyň kynçylyklaryna, kä daş-töweregindäki ýowuz güýçleriň basybalyjylykly hereketlerine duçar bolýarlar. Ynha şeýle howply synag pursatlarynda olar öz öýi, maşgalasy we Watany bilen birlikde, nesil-eždatlary asyrlaryň dowamynda gorap saklap gelen gowy duýgularyny, düşünjelerini we göz öňüne getirmelerini, maksatlaryny hem saklap galmaga çalyşýarlar.

**Eždatlardan miras beýik ruhy baýlygy diňe islendik agyr şertde-de saklap galmagy başaran halk we millet özüniň milli özlügini, taryhy keşbini hem saklap galmagy başarýar. Munda oňa milli taglym uly kömek berýär.**

Milli taglym jemgyýetiň güýji onuň agzybirliginde we jebisligindedigini ýatladyp, milletiň her bir wekiline güýç-gaýrat bagyşlap durýar.

Biziň milli taglymymyzyň esasyny ýurt parahatçylygy, Watanyň gülläp ösmegi we halk abadançylygy ýaly beýik maksatlar düzýär. Prezidentimiz Islam Karimowyň bu hakda aýdan pikirlerini ýatda saklaň:

**«Milli taglymymyz şu ýurtda ýaşaýan ähli adamlaryň asylly niýetlerini, durmuşy bähbitlerini jemleýän ýurt parahatçylygy, Watanyň gülläp ösmegi, halkyň abadançylygy diýen ýokary düşünjeleri öz içine alýandygy tebigydyr»[1].**

Biziň milli taglymymyz özüniň şekilleniş we ösüş taryhyna eýe bolup, döwrüň talaplaryna laýyklykda üznüksiz baýap, barha kämilleşýän ulgamdyr. Şu ulgamyň düzüminde ýene kämil ynsan, sosial hyzmatdaşlyk, milletara agzybirlik, dinlerara bagrygiňlik (tolerantlyk) ýaly taglymlar möhüm orun tutýar.

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma'naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma'naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 72-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Dünýädäki islendik milli taglym ýaly, biziň milli taglymymyzyň hem taryhy we filosofik esaslary bar.

**Milli taglymyň many-mazmunyny kesgitleýän esaslardan biri – bu halkymyzyň gadymy we baý taryhydyr.**

Hakykatdan hem, ýurdumyzyň köp asyrlyk taryhyna nazar taşlasak, onda milli taglymymyzyň esasy ýönelişlerini kesgitleýän, halkymyza asyrlaryň dowamynda mahsus bolan arzuw-islegleri görýäris. Il-ýurdumyzyň hemişe öz azatlygyny we garaşsyzlygyny mynasyp gorap gelendigi şolara degişlidir. Taryhymyzda bu hakykaty tassyklaýan mysallar köp. Tomaris we Şirak, Spitamen, Jelaliddin Menguberdi, Emir Temur ýaly mert we edermen eždatlarymyzyň basybalyjylara garşy göreşleriniň mysalynda şuňa göz ýetirip bileris. Ýa-da soňky kolonializm döwründe magaryfperwer jedit babalarymyzyň azatlyk üçin hereket edendigi, geçen asyryň 80-nji ýyllarynyň ahyrynda we 90-njy ýyllaryň başynda halkymyzyň Prezident Islam Karimowyň ýolbaşçylygynda garaşsyzlyk ugrunda uly edermenlik bilen göreş alyp baryp, gaty agyr şertde garaşsyzlyk gazanandygy hem parahat we azat durmuşyň nähili maşakgatly göreşleriň hasabyna ele alnandygyny görkezýär.

Siz Ýurtbaşymyzyň «O‘zbekiston mustaqillikka erishish ostonasida» kitabyny okap çyksaňyz, bu hakda has-da köpräk bilersiňiz.

Milli taglymyň taryhy esaslary döredijilikli iş, zähmetsöýerlik ozal-ozaldan halkymyzyň baş sypaty, ileri tutulýan maksatlaryndan biri bolup gelendigine şaýatlyk edýär. Biziň gadymy şäherlerimiz, dünýä möçberinde ykrar edilen binagärlik ýadygärliklerimiz, eždatlarymyz tarapyndan döredilen «Awesto», «Şaşmakom», «Alpamyş» ýaly ruhyýet dürdäneleri halkymyzyň döredijilikli hyjuwynyň önümidir. Ynha şu hyjuwlar hem milli taglymymyza esas bolupdyr.

Il-ýurdumyz gadym-gadymdan perzent terbiýesine, maşgalanyň pugtalygyna uly üns berip gelipdir. Adamyň döremeginde we kemala gelmeginde maşgala gurşawynyň, ata-babalardan



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

miras däpler örän möhüm orun tutýar. Durmuşyň synagyndan geçen ine şu hyjuwlar hem milli taglymymyzyň esasyny kesgitleýän prinsiplerden we düşünjelerden hasaplanýar.

**Milli taglymyň filosofik esasyny, ilki bilen, dünýewi bilimler, ýurdumyzyň we dünýä filosofiýasynyň dürdäneleri kesgitleýär.**

*Dünýewi bilimler diýende, bizi gurşaýan älem, tebigat, olaryň ösüş kanunalaýyklyklary we aýratynlyklary, adam hem-de jemgyýet baradaky bilimleri düşünýäris.*

Siz bu bilimleri dürli ylymlar arkaly öwrenýärsiňiz. Ynha şu bilimler esasynda dünýä baradaky, adam we jemgyýet baradaky düşünjeleriňiz barha giňär.

*Ýurdumyzyň we dünýä filosofiýasynyň dürdäneleri diýende, adamzat aňynyň ösüşine uly goşant bolup goşulan, asyrlar dowamynda öz ähmiýetini ýitirmezden gelýän mukaddes kitaplary, filosofik eserleri düşünýäris.*

Gurhany kerimiň we hadysy şerifiň pähimleri, halkymyzyň nakyllary, mifleri we rowaýatlary, aýdymlaryndaky çuňňur manyly pikirler, dünýä filosoflarynyň nusgawy eserleri şulara degişlidir. Olar milli taglymymyz iýmitlenýän çeşmedir.

**Prezidentimiziň başlangyjy bilen 2014-nji ýylyň 15–16-njy maý günleri Samarkant şäherinde «Orta asyr Gündogaryň beýik alymlarynyň we akyldarlarynyň taryhy mirasy, onuň häzirki zaman siwilizasiýanyň ösüşindäki roly we ähmiýeti» temasynda halkara konferensiýa boldy. Onda beýik alymlarymyzyň mirasyny öwrenmek we wagyz etmek boýunça möhüm wezipeler kesgitlenildi.**

Ýurdumyzdaky görnükli alymlar, filosoflar, syýasatşynaslar, ýazyjy we şahyrlar Prezidentimiziň eserleri esasynda milli taglymymyzyň esasy düşünjelerini we prinsiplerini işläp çykdylar. Şeýlelikde 2000-nji ýylda «Milli garaşsyzlyk taglymy: esasy



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

düşünjeler we prinsipler» kitapçasy neşir etdldi we onda milli taglymymyzyň many-mazmuny beýan edildi. Ýurtbaşymyzyň «Belent ruh – ýeňilmez güýç» kitabynda milli taglymymyz baradaky nazary we amaly pikirler has-da baýlaşdyryldy.

**Milli taglymymyz Özbegistan topragynda ýaşaýan, ony öz ene Watany diýip hasaplaýan ähli milletlere we halkyýetlere birmeňzeş dahyllydyr.**

***Soraglar we ýumuşlar:***

1. Milli taglymyň döredijisi kim?
2. Milli taglym, siziňçe, näme üçin gerek?
3. Siz öz arzuwyňyzy amala aşyrmak üçin näme edýärsiňiz?
4. Milli taglymymyzyň esasy düşünjeleri we prinsipleri kimiň eserleri esasynda şekillenen? Olar haýsy kitapçada öz beýanyny tapypdyr?
5. Gadymdan halkymyza mahsus bolan nähili hyjuwlar milli taglymymyza esas bolandygyny aşakdaky heýkelleriň mysalynda aýdyp beriň.

A)


Ç)


B)


D)




*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## ÝURT PARAHATÇYLYGY

Eziz okuwçy, üns beren bolsaňyz, milli taglymymyzyň düzüminde ýurt parahatçylygy meselesi birinji orunda durýar. Bu ýöne ýere däldir, elbetde. Çünki parahatçylyk dünýädäki iň uly baýlyk hasaplanýar. Eger parahatçylyk bolsa, hemme arkaýyn dem alýar, maşgala gurmak, perzent ulaltmak, toý-tomaşalar etmek, bir söz bilen aýdanda, nähili gowy niýet bolsa, olaryň ählisini amala aşyrmak mümkinçiligi peýda bolýar.

Biz öz öňümize beýik maksat – ýurdumyzda hukuk demokratik döwleti, raýatlyk jemgyýetini gurmak wezipesini goýmak bilen, ony amala aşyrmak üçin, elbetde, köp haýyrly işleri amala aşyrmalydyrys. Meselem, munuň üçin ykdysadyýetimizi ösdürmeli, ýerasty we ýer üsti baýlyklarymyzdan tygşytly peýdalanmaly, dünýädäki ösen döwletler bilen hyzmatdaşlygymyzy has-da pugtalandyrmaly, ähli häzirki zaman kadrlarymyz ýeterli bolmaly – bularyň ählisi örän möhüm. Ýöne olaryň hemmesinden hem möhümi – il-ýurdumyz parahat we asuda bolmalydyr.

Prezidentimiz «Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch» kitabynda bu hakykaty aýratyn nygtaýar:

**«Biz durnukly ösüş we abadan durmuşy gazanmak ugrunda öz öňümize nähili plan we maksatnamalary goýsak-da, ähli asylly arzuw-isleglerimizi amala aşyrmagyň ýeketäk şerti we girewi – bu parahatçylyk we asudalykdyr»[1].**

Parahatçylyk bolmadyk ýerde bereket hem, ösüş hem bolmaýar. «Bir gün jenjel çykan ýerden kyrk gün bereket göterilýär» diýen nakyl ýöne ýerden aýdylmandyr. Bu – halkymyzyň näçe

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 72–73-nji sahypalar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



asyrlaryň dowamynda parahatçylygyň gadyr-gymmatyny her taraplaýyn çuňňur aňyp çykaran hakyky netijesidir. Şonuň üçin hem parahatçylyk iň beýik nygmat, bibaha baýlyk hökmünde milli gymmatlyklarymyz, urp-adat we däplerimiz, bütin durmuş terzimiziň many-mazmunyna siňip gidipdir. Ýurdumyzdaky her bir maşgalada, islendik ýygnanyşyk we märekede gowy niýetler bilen pata el açylanda ýaşlardyr garrylar, erkekdir aýallar – ähli ýurtdaşlarymyz Ýaradandan parahatçylyk-asudalyk bermegini soraýar.

Şu günki günde dünýädäki aň-bilimli halklar ýurt parahatçylygy ösüşniň esasy şertidigine, girewidigine gowy aň ýetirýärler. Şonuň üçin Ýer ýüzünde parahatçylygy we durnuklylygy gorap saklamak diňe bir halkyň ýa-da ýurduň däl, bütin adamzadyň mukaddes işine öwrülýär.

Siz dünýäniň dürli künjeklerinde terrorçylyk, ekstremizm, milletçilik, ýaly nogsanlar sebäpli her gün diýen ýaly transport serişdelerini, ýaşaýyş jaýlaryny, administratiw we medeni binalary partlatmak, günäsiz adamlary girewe almak, olaryň janyna kast etmek ýagdaýlarynyň ýüze çykýandygyny telewizor arkaly görýärsiňiz.

Soňky bäş müň ýylyň dowamynda adamzat on bäş müňden gowrak uly-kiçi uruşlary başyndan geçirdi. Şeýle apatlar sebäpli adamzadyň çeken azap-jebirlerini, gören kynçylyklaryny göz öňüne getirmegiň özi gaty kyn bolýar. Eger-de ine şeýle uruşlar we gyrgynlar bolmasa-dy, adamzat ösüşde ep-esli ilerlän bolardy. Çünki her bir uruş we jenjel adamzada garşy gönükdirilen, ony ösüşden ýüz ýyllar, müň ýyllar yza sürüp goýberýän uly apatdyr.

Siz urşuň aýylganç görnüşlerini, onuň adamlaryň, halklaryň durmuşyna heläkçilikli täsiri suratlandyrylan taryhy we çeper kitaplary okap, kinofilmleri tomaşa edensiňiz. Olaryň ählisinde uruş adamlar üçin uly pajyga hökmünde suratlandyrylýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Ganly wakalar adamyň gözýaşyny, bagryny, ýüregini gataldýar. Dyngysyz söweşlerden hatda dört müçesi sag ýagdaýda aman galan adamlar hem ruhy taýdan uly jebir çekýärler. Çünki uruş sebäpli olaryň duýgulary düýpli özgerýär, nerwleri, ruhy älemi ýaralanýar.**

**Parahatçylygy hiç haçan aňsat gazanyp bolmaýar. Parahatçylygy gazanmak, ony gorap saklamak üçin dyngysyz zähmet çekmek, göreşmek, hemişe hüşgär we ägä bolup ýaşamak talap edilýär.**

Azajyk biperwaýlyga ýol berlen ýerde parahatçylyga putur ýetýär. Beýik eždatlarymyz parahatçylygy-agzybirligi Watanyň gülläp ösmeginiň, halkyň abadançylygynyň esasy şerti hasaplapdyrlar. Şonuň üçin hem olar ýurt parahatçylygyny, raýatlaryň asudalygyny üpjün etmek meselesine aýratyn üns beripdirler. Meselem, sahypgyran Emir Temuryň agtygy Mürze Ulugbek Mawerannahrda höküm süren kyrk ýylyň dowamynda ýurtda parahatçylyk-durnuklylyk ileri tutulandygy sebäpli ylym-bilim, medeniýet ýokary derejede ösüpdir, döredijilikli işler rowaçlanyp, köne topragymyz gülläp-ösüpdir.

Samarkant şäherindäki Mürze Ulugbek obserwatoriýasynyň sekstanty – binýat bölegindäki ýyldyzlara gözegçilik edilýän desgasy saklanyp galypdyr. Mundan baryp alty asyr öň gurlan şeýle uly ylmy merkez hem parahatçylygyň önümidir. Çünki öz döwründe örän uly zähmet we serişdeleri, ökde ussalary we hünärmenleri talap edýän bu seýrek ýadygärligi parahatçylyksyz şertde gurup bolmazdy.

Biziň ýurdumyzda parahatçylygy we durnuklylygy gorap saklamak garaşsyzlygymyzyň ilkinji günlerinden başlap iň möhüm we gaýra goýulmaýan mesele hasaplanýar. Çünki, ýokarda bellenip geçilişi ýaly, biz öz öňümize beýik maksatlary goýup ýaşaýan halkdyrys. Şu maksatlary gazanmagyň iň möhüm kepillerinden biri parahatçylykdyr.

Ýurdumyzda daşary ýurtlaryň iri kompaniýalary bilen bilelikde gurlan Samarkant we Asaka şäherlerindäki awtomobil



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

zawodlary, Şortan gaz-himiýa toplumy, Buhara nebiti gaýtadan işleýän zawody ýaly uly kärhanalar iş alyp barýarlar. Olaryň çykaran önümleri ýurdumyzda hem, daşary ýurtda-da hyrydarlydyr. Oýlanyp görüň, şeýle köp zähmet we serişde talap edýän kärhanalary daşary ýurtly hyzmatdaşlarymyz näme üçin hut biziň ýurdumyzda gurmaga, şu işe goşant goşmaga razy bolupdyrlar? Olar ilki bilen diýarymyzdaky parahatçylygy, halkymyzyň şeýle durmuşy gadyrlap ýaşaýandygyny görüp, bu ýurtda hakykatdan hem işlese boljak, edilen zähmet biderek gitjek däl, diýen netijä gelipdirler.

Şu günki günde ýurdumyzyň şäherdir obalary barha abadanlaşýar, halkymyz, aýratynam, siziň ýaly ýaşlarymyz üçin täze-täze amatlyklar döredilýär. Bularyň ählisi, ilki bilen, parahatçylyk sebäplidir.

Döwletimiz ýurdumyzda ýaşaýan her bir adamyň parahat we asuda durmuş geçirmegi üçin ähli çäreleri görýär. Çünki parahat ýaşamak we zähmet çekmek Konstitusiýamyzda we kanunlarymyzda adamyň iň mukaddes hukuklaryndan biri hökmünde möhürlenendir.

**«Adamyň iň ileri tutulýan we mukaddes hukuklaryndan biri – bu parahat ýaşamak hukugydyr. Döwletiň we jemgyýetiň borjy ine şu hukugy ähli kanuny serişdeler bilen kepillendirmekden ybarat. Bu hukugy amala aşyrmak – döwleti we jemgyýeti demokratlaşdyrmagyň iň möhüm şertidir. Demokratiýanyň ynsanperwerligi hem birinji nobatda ine şu ölçeg bilen ölçelýär»**[1].

Ýurdumyzdaky her bir adam uly arzuw-umytlar – jaý gursam, çaga ulaltsam, toý-tomaşa etsem, agtyk-çowluk görsem, agaç ekip bag galdyrsam, diýen halys niýetler bilen ýaşaýar. Bularyň ählisini gazanmak üçin bolsa adama ilki bilen saglyk we parahatçylyk gerek. Şonuň üçin hem milli taglymymyz ulgamynda ýurt parahatçylygy taglymy birinji orunda durýar.

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 73-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

### Soraglar we ýumuşlar:

1. Dünýädäki iň beýik baýlyk näme?
2. Parahatçylyk bolmadyk ýerde näme üçin bereket, ösüş bolmaýar? Bu hakda nähili nakyllary, durmuşy mysallary bilýärsiňiz?
3. Ýer ýüzünde parahatçylygy we berkararlygy goramak näme üçin bütin adamzadyň mukaddes işine öwrülýär?
4. Dünýäde parahatçylygy bozmaga çalyşan nähili ýowuz güýçler bar?
5. Urşuň elhenç görnüşleri suratlandyrylan nähili kitaplary okadyňyz, kinofilmleri tomaşa etdiňiz?
6. Parahatçylygy gazanmak, ony gorap saklamak üçin näme etmeli?
7. Ýurdumyzda parahatçylyk we berkararlyk sebäpli bolup geçýän özgerişler barada aýdyp beriň.
8. Aşakdaky suratlara garap, parahatçylygyň ähmiýetini düşündirip beriň.

A)


Ç)


B)


D)




*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## WATANYŇ GÜLLÄP ÖSMEGI

Watan – adamyň göbek ganynyň daman topragy, ony kemala getirýän mukaddes mesgendigini siz gowy bilýärsiňiz. Ol eždatlardan nesillere galýan beýik miras, iň eziz hatyradyr.

Watan – adamyň buýsanjynyň nyşany. Her kim ata Watanynyň tymsalynda dünýädäki iň gözel we gaýtalanmaz ýurdy, özüniň, halkynyň bagtyny görýär. Ene topragyň tebigaty, howasy, adamlary çagalygymyzdan başlap biziň üçin eziz we gadyrdan bolup galýar. Watan azat bolsa, halk hem azat ýaşaýar. Şonuň üçin hem milli taglymymyzyň düýp esasyny kesgitleýän düşünjelerden biri Watanyň gülläp ösmegidir.

*Watanyň gülläp ösmegi diýende, durmuşyň ähli ugurlary boýunça ösüşine we ilerlemegine, ýurdumyzyň dünýädäki at-abraýynyň has-da artmagyna, milli ösüşe düşünýäris.*

Prezidentimiz Islam Karimow Watanyň gülläp ösmegi ugrunda ýanyp-köýüp, janypkeş bolup ýaşamak onuň gujagynda ösüp-ulalan her bir perzendiň mukaddes borjudygyny nygtap, hut şeýle garaýyş ynsan durmuşynyň many-mazmunyny kesgitleýän gymmatlyga öwrülmelidigine üns berýär.

**«Watanyň gülläp ösmegi, ilki bilen, onuň perzentlerine, olaryň ruhy we beden taýdan kämilligine gös-göni bagly. Bu öz gezeginde her bir ýurtdaşymyzyň üstündäki ýokary raýatlyk jogapkärligini duýmaga, öz bähbitlerini şu ýurduň, şu halkyň bähbitleri bilen utgaşdyryp ýaşamaga çagyrýar. We her bir raýatyň öz ýurdunyň halkara bileleşigiň hataryndan mynasyp orun tutma-**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**gyndan, şu günki günde ösen, parahat we gurply ýaşaýan döwletleriň hataryna göterilmeginden bähbitli boljagy şübhesizdir»**[1].

Watanyň gülläp ösmegi onuň onuň perzentlerine bagly bolandygy sebäpli ýurdumyzda siziň ýaly ýaşlaryň sagdyn we kämil bolup ýetişmegine uly üns berilýär. Garaşsyzlyk ýyllarynda döredilen mümkinçilikler sebäpli müňlerçe zehinli ýaşlarymyz okuwda, ylym-bilim, sungat we sport ugurlarynda uly üstünlikleri gazanýarlar. Siz hem olar ýaly bolup ymtylyp ýaşaýarsyňyz. Bularyň ählisi ata Watanymyz – Özbegistanymyzyň ösüşine, onuň dünýädäki at-abraýynyň artmagyna möhüm goşant bolup goşulýar. Şonuň üçin hem biziň her birimiz, şu Watan, şu ýurt – meniňki, onuň ösüşi maňa bagly, şu ýolda bar güýç we ukybymyzy bagyş etmäge taýýardyryn, diýen garaýyş bilen ýaşamalydyrys, daş-töweregimizdäki dostlarymyzy hem şoňa çagyrmalydyrys. Şonda ýurdumyz, halkymyz, Prezidentimiz arzuw edişi ýaly, beýik döwletleriň hataryna goşular.

Siz «Geografiýa» ylmyndan gowy bilşiňiz ýaly, dünýädäki ähli ýurtlar hem gazylyp alynýan peýdaly baýlyklara eýe däl. Ýöne olar perzentleriniň häzirki zaman bilim-hünärleri pugta eýelänligi, ene ýurduna bolan janypkeşligi üçin ösüş babatda başga döwletleriň ýetip bilmedik sepgitlerini zabt edýär. Meselem, Ýaponiýa, Günorta Koreýa ýaly döwletlerde ýerasty baýlyklary onçakly köp däl. Ýöne şoňa seretmezden, şu ýurtlar dünýädäki iň ösen döwletler hataryndan pugta orun eýeläp gelýär.




Biziň ýaşlarymyzyň arasyndan hem ynha şeýle watanperwer ýigit-gyzlaryň ençemesi ýetişip

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 73–74-nji sahypalar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

çykýar. Olar halkymyzyň guwanjy we buýsanjydyr. Siz okuwda, ylymda we döretmekde, zähmetde, sportda we sungatda uly netijeleri gazanandygy üçin Zulfiýa adyndaky döwlet baýragyna, «Nihal» baýragyna, «Özbegistanyň buýsanjy» derejesine sezewar bolan aga-doganlaryňyz hakynda eşidensiňiz. Ähtimal, siz tälim alýan mekdepden hem şeýle görnükli ynsanlar ýetişip çykandyr? Şu hakda bir oýlanyp görüň. Özüňiz hem olar ýaly bolmaga çalyşyň. Şonda Özbegistan diýlip atlandyrylýan beýik ýurdumyzyň ösüşine, onuň gülläp ösmegine mynasyp goşant goşan bolarsyňyz.

**Watan ösüşi ugrunda hyzmat etmek dünýädäki iň beýik bagtdyr.**

Şahyrlarymyz Watany adamyň durmuşynyň many-mazmunyny kesgitleýän iň eziz gymmatlyklardan biri hökmünde ýöne ýerden wasp etmeýärler. Meselem, beýik akyldar şahyrymyz Alyşir Nowaýy ene ýurtdan daşarda bagt ýokdugyny nazarda tutup, «Watan terkini bir dem eýleme, Ýene renji gurbat höwes eýleme», diýip nesihat edipdir.

**Watan özbaşdak, onuň çäginde ýaşaýan halk erkin we azat bolmasa, hiç haçan ösüş bolmaýar. Azatlyk we garaşsyzlyk – Watanyň gülläp ösmegini gazanmagyň iň möhüm şerti. Şonuň üçin hem bu düşünjeler ähli halklaryň durmuşynda iň mukaddes düşünjeler hasaplanýar.**

Azatlyk we erkinlige çykan halkyň nähili çalt ösýändigini dünýädäki ençeme ýurtlaryň mysalynda görmek mümkin. Meselem, Germaniýa döwleti faşistlerden azat bolansoň, gysga möhletde dünýäniň iň ösen döwletlerinden birine öwrüldi ýa-da Günorta-gündogar Aziýadaky Malaýziýa, Singapur ýaly döwletler garaşsyzlygyny gazanandan soň ösüş babatda misli görülmedik üstünlikleri gazandy.

Biziň Watanymyz hem garaşsyzlyk ýyllarynda uly mümkinçiliklere eýe boldy. Şu esasda jemgyýetçilik durmuşyny, ilkinji



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

nobatda, ykdysadyýeti reforma etmäge möhüm üns berildi. Çünki islendik ösüşiň esasy ykdysady ösüş bilen kesgitlenýär.

*Ykdysady ösüş diýende, senagatyň, gurluşygyň, transportuň we oba hojalygynyň ösüşi, döwrebap kärhanalaryň, hyzmat görnüşleriniň, eýeçilik şekilleriniň köpelişini, harytlaryň hilini, ilatyň girdejisiniň barha artmagyny, ýurdumyzyň çägindäki ähli ýerasty we ýer üsti baýlyklaryň ene ýurdumyzyň ösmegi, halkymyzyň abadançylygy üçin hyzmat edýändigini düşünýäris.*

Özbegistanymyzyň garaşsyzlyk ýyllarynda galla, ýangyç-energetika, azyk özbaşdaklygyny gazananlygy, awtomobil gurluşygy senagatyna eýe bolandygy, ykdysadyýetiň başga ileri tutulýan pudaklarynda hem saldamly netijeleri gazanandygy garaşsyzlyk Watanyň gülläp ösmeginiň iň möhüm şerti we girewidigini ýene bir gezek subut etdi.

Şu günki günde ýurdumyzda gurlan ençeme häzirki zaman liseý we kolležler, umumy bilim berýän mekdepler, sungat we sport mesgenlerinde häzirki zaman esasda tälim we terbiýe berilýändigi, sagdyn we kämil nesil terbiýesine, halkymyzyň ruhy ösüşine uly üns berilýändigi geljekde ýurdumyzyň ösüşini üpjün etmekde möhüm ähmiýete eýedir.

**Watanyň gülläp ösmeginiň esasy şertleri aşakdakylardan ybarat: ýurt garaşsyzlygy we parahatçylygy; döwletiň ýerasty we ýerüsti baýlyklaryndan netijeli peýdalanmak; jemgyýetiň maddy we intellektual ukyby; zähmetkeş we döredijilikli halk.**

Biziň ýurdumyzda ynha şu şertleriň hemmesine doly jogap berýän mümkinçilikler bar. Şonuň üçin Watanymyzyň ösüşi öz elimizde. Biziň hemmämiz janypkeş, Watanymyzyň çagyryşyna hemişe taýýar durýan mynasyp perzentler bolsak, onuň ösüşiniň ýene-de ýokary, at-abraýynyň has-da belent boljakdygy şübhesizdir.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

### *Soraglar we ýumuşlar:*

1. Her kim ata Watanynyň tymsalynda nämäni görýär we oňa aň ýetirýär?
2. Watanyň gülläp ösmegi diýende nämäni düşünýäris?
3. Watanyň gülläp ösmegi näme üçin, ilki bilen, onuň perzentlerine bagly?
4. Ýaponiýa we Günorta Koreýa ýaly ýurtlar nädip iň ösen döwletleriň hataryndan pugta orun eýeledi?
5. Siz ýurdumyzyň Zulfiýa adyndaky Döwlet baýragyna, «Nihal» baýragyna, «Özbegistanyň buýsanjy» derejesine sezewar bolan ýaşlaryndan kimleri bilýärsiňiz?
6. Watan barada nähili nakyllary we goşgulary ýat tutupdyňyz?
7. Watanyň gülläp ösüşini gazanmagyň iň möhüm şerti näme?
8. Şu suratlarda Watanyň gülläp ösmegine esas bolýan nähili baýlyklar we mümkinçilikler suratlandyrylypdyr?

A)


Ç)


B)


D)





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## HALKYŇ MADDY HAL-ÝAGDAÝY

Eziz okuwçy, siz geçen derslerimizden düşünip, aň ýetiren bolmalysyňyz, milli taglymymyzyň esasy düşünjeleri özara aýrylmaz bagly bolup, olaryň birini ikinjisinden aýratynlykda göz öňüne getirip bolmaýar. Meselem, ýurt parahatçylygysyz Watanyň gülläp ösmegini göz öňüne getirip bilmeýäris. Halkyň maddy hal-ýagdaýyny diňe ýurt parahatçylygy we Watanyň gülläp ösüşi üpjün edilende gazanmak mümkin.

Halk – milletine, diline we dinine seretmezden, ýurduň çäginde ýaşaýan ähli ynsanlardan ybarat. Diýmek, halkyň maddy hal-ýagdaýy taglymy şu ýurduň çäginde amala aşyrylýan ähli işler, ýurt parahatçylygy we Watanyň gülläp ösüşini gazanmak ugrundaky hereketler, ahyrky netijede, adamlaryň ýaşaýyş şertini gowulandyrmaga gönükdirilendigini aňladýar.

*Halkyň maddy hal-ýagday diýip, adamlaryň jemgyýetdäki mynasyp durmuş şerti, ykdysady taýdan üpjün bolup ýaşamagy, iň zerur maddy zerurlyklaryň doly kanagatlandyrylmagyny üpjün edýän gündelik durmuş derejesine aýdylýar.*

Prezidentimiziň nygtaýşy ýaly, **«bu dünýäde her bir adam üpjün we gurply durmuş geçirmek, il-ýurt üçin mynasyp perzent terbiýelemek, olara bilim bermek, öýli-jaýly etmek, olaryň bagt-kämilligini görmek arzuwy bilen ýaşaýar. Häzirki wagtda ýurdumyzda amala aşyrylýan giň gerimli özgertmeleriň ahyrky maksady – adamlarymyzyň ynha şeýle arzuw-umytlaryny amala aşyrmakdan, halkymyza her taraplaýyn mynasyp durmuş şertini döredip bermekden ybaratdyr»[1].**

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma'naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma'naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 108-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Hakykatdan hem, durmuşda hemme zat, şol sanda, özgertmeler hem, diňe adam üçin hyzmat edende many-mazmuna eýe bolýar, garaşylan netijäni berýär. Özüniň geljegini oýlan islendik döwlet ilki bilen raýatlarynyň parahat-asuda, abadan ýaşamagyny üpjün etmäge ymtylýar. Ýurdumyzda amala aşyrylýan özgertmeleriň hut şu maksada gönükdirilmeginde Prezidentimiz tarapyndan geçen asyryň 90-njy ýyllarynyň başynda öňe sürlen «Özgertme – özgertme üçin däl, ilki bilen adam üçin» diýen kada, ösüşiň özbek modeline esas bolan meşhur bäş prinsip möhüm ähmiýete eýedir.

*«Ösüşiň özbek modeli» diýende, Özbegistanyň özbaşdak ösüş ýoluny düşünýäris.*

Elbetde, halkyň maddy hal-ýagdaýyny gazanmakda diňe döwletiň hereketleri ýeterli bolmaýar. Munuň üçin her bir adam özüniň döredijilikli iş ukybyny işe salmaly, özgertmeleriň manysyna çuňňur aň ýetirmeli, olary amala aşyrmaga işeňňir gatnaşmalydyr. Aýratynam, adamlaryň dünýägaraýşy, durmuşa, zähmete, ýere bolan gatnaşygynyň düýpgöter özgermegi özgertmeler arkaly halkyň maddy hal-ýagdaýyny üpjün etmekde biçak rol oýnaýar. Çünki bolelin durmuşa ymtylmak adamdaky azatlyk duýgusy, işewürlik we başyny başlaýjylyk duýgusyny, her bir ýurtdaşymyzyň öz durmuşyny öz güýji bilen gurmaga gönükdirilen hereketlerini ýene-de güýçlendirýär. Şonuň üçin hem adamlarda emläge eýeçilik, öz işine muhabbet we jogapkärlik



duýgusyny, öz güýjüne bolan ynamyny artdyrmak, ýaşlarda çagalykdan başlap zähmet endiklerini şekillendirip, olary häzirki zaman bilim we kesp-hünärleri pugta eýelän adamlar edip kemala getirmek halkyň maddy hal-ýagdaýyny gowulandyrmak ugrundaky möhüm wezipelerden hasaplanýar. Şonuň üçin ata-babalarymyz mümkingadar köpräk kesp-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

hünärleri ele almaga çalyşypdyrlar, perzentlerini hem şoňa çagyrypdyrlar. Halkymyzyň «Bir ýigide kyrk hünär az», «Hünäri bar kişiniň aladasy az işiniň», «Iş bilene müň teňňe», «Hünär, hünärden öner» ýaly nakyl we pähimli sözleri eždatlarymyzyň hünäri bar, eli gül, zähmetden gaçmaýan adamlary nähili gadyrlandyklaryny görkezýär. Bu nakyllar häzirki günde-de öz ähmiýetini ýitirenok. Bu gün biz ata-babalarymyzyň asyrlaryň dowamynda beýgeldip gelen däbe öwrülen kesp-hünärleri bilen birlikde, häzirki zaman tehniki we tehnologik ösüş bilen bagly täze-täze kärleri-de pugta eýelemelidiris. Hususan-da, häzirki wagtda halkyň maddy hal-ýagdaýyny gowulandyrmak kompýuter tehnikasy, çylşyrymly tehnolo-giýaly önümçilik ugurlary, döwrebap tehnologiýalar, biznes we telekeçilik ugrundaky dürli kärleri eýelemek bilen hem gönüden-göni bagly. Bu bolsa bizden dyngysyz okap-öwrenmegi, bilim we endiklerimizi barha artdyrmagy, daşary ýurt dillerini çuňňur öwrenmegimizi talap edýär.

**Özbegistanyň ýerasty, ýer üsti baýlyklary köp, ýurdumyzyň ykdysady ukyby ulkan, halkymyz zähmetkeş we döredijilikli. Bularyň ählisi abadan durmuşyň esasy, her bir ýurtdaşymyzyň islegini kanagatlandyrmak, özlügini ýüze çykarmak we döredijilikli iş ukybyny ýüze çykarmagyň esasy daýanjydyr.**

Bu gün halkymyz ynha şeýle binýat esasynda abat durmuş gurmak ugrunda ak ýürek bilen zähmet çekýär.

**Halkyň maddy hal-ýagdaýy – döwletiň kuwwatyna, onuň ýokary ösüş derejesine şaýatlyk edýär.**

**Diňe ösen döwlet halkynyň maddy hal-ýagdaýyny gowulandyrmak üçin ähli şertleri döredip bilýär.**

Şonuň üçin hem dünýädäki ösen döwletler hataryndan ýer almak halkymyzyň esasy maksatlaryndan biridir.

Eziz okuwçy, ynha, siz milli taglymymyzyň düzümindäki üç sany beýik arzuw-ymtylyş barada, olaryň many-mazmuny we ähmiýeti babatda maglumata eýe bolduňyz. Şuny ýatdan



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

çykarmaň, ýurt parahatçylygy, Watanyň gülläp ösmegi we halkyň abadançylygy we biz soňky derslerde geçýän başga örän möhüm düşünjeler we prinsipler ýurdumyzyň garaşsyzlygyny pugtalandyrmaga, gözlenen sepgitlerimize tizräk ýetmäge hyzmat edýär.

### *Soraglar we ýumuşlar:*

1. Halkyň maddy hal-ýagdaýyny nädip gowulandyrmak mümkin?
2. Halkyň maddy hal-ýagdaýy taglymy diýip nämä aýdylýar?
3. «Özgertme – özgertme üçin däl, ilki bilen adam üçin» diýen kada kim tarapyndan aýdylypdyr? Onuň manysyny düşündiräge synanyşyň.
4. Bazarlarymyzdaky bolelinligiň sebäbi nämede diýip oýlaýarsyňyz?
5. «Bir ýigide kyrk hünär az» diýen nakylyň manysyny siz nähili düşünýärsiňiz?
6. Şu suratlarda görkezilen adamlar halkyň maddy hal-ýagdaýyny gowulandyrmaga nähili goşant goşýandygy barada aýdyp beriň.

A)


B)


Ç)


D)


E)




*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## ABATLYK GÖWÜNDEN BAŞLANÝAR

*(Amaly sapak)*

Eziz okuwçy, Prezidentimiz özüniň nutklarynda we çykyşlarynda, jemgyýetçilik wekilleri bilen bolan söhbetlerinde aýratyn nygtap aýdan «Abatlyk göwünden başlanýar» diýen hikmetli jümläniň manysy hakynda oýlap gördüňizmi? Ýurdumyzda abat ýerler kän. Olary ökde inženerler we binagärler, eli gül ussalar, bagbandyr hünärmen adamlaryň, bütin halkymyzyň zähmetiniň netijesidir. Biz ine şu abat mesgenleri gurmak pikiri, ilki bilen, kimiň göwnünde peýda bolandygy hakynda köplenç oýlap görmeýäris. Diýmek, päk niýet, gowy arzuw-oý we meýilnamalar hemişe göwünden başlanýar. Aýratynam, biziň halkymyz hemişe gowulygy oýlap ýaşaýar. Adamlarymyz taryhyň iň kyn pursatlarynda-da maşgala gursam, il-ýurt hyzmatyna ýaraýan, güýçli, akylly we batyr perzentler ösdürsem, jaý gurup, bag döredip, nesillerime miras edip galdyrsam, diýen haýyrly dilegleri göwnüne düwýär. Watanymyzyň baş meýdany bolan Garaşsyzlyk meýdanyndaky Haýyrlylyk arkasy, Garaşsyzlyk we haýyrlylyk monumenti ýaly häzirki zaman binagärlik ýadygärlikleri halkymyzyň şeýle beýik sypatlarynyň hormatyna gurlandyr.

Ýurdumyzyň haýsy künjegine barsaň-da, ol ýerde elbetde abatlyk nyşany bolan täze mekdep, liseý ýa-da kollež jaýyny, ajaýyp bag ýa-da alleýany, ýap-ýaşyl meýdanlary görüp bilersiňiz. Olaryň ählisi halkymyzyň gaýratly zähmeti sebäpli şeýle gözüňi guwandyrýan derejä ýetipdir. Şol bir wagtda olaryň ählisi müň-müňlerçe sada, kemter we zähmetkeş ynsanlaryň arassa kalby, bahar daňy ýaly dury oý-hyýallarynyň, gubarsyz arzuwlarynyň önümidir.

Özüňiz oýlap görüň, eger adamyň göwni arassa, niýeti halys bolmasa, uly we beýik işleri wyždany bilen, tüýs ýürekden amala aşyryp bilermi? Samarkant, Buhara, Hywa, Şährisebz, Termiz, Karşy we Margilan ýaly şäherlerimizde asyrlaryň synagyna



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

dözüp, häzire çenli dünýä ilatyny haýran galdyryp gelýän gadymy binalarymyza üns beriň. Ine şu ölmez-ýitmez ýadygärlikleri guran binagärlariň we ussalaryň köňli-de, eli-de päk bolmada-dy, bu äpet desgalaryň hiç bolmanda bir kerpiji nädogry goýlanda-dy, olar bireýýäm şemaldyr ýagynlaryň, gardyr gyrawlaryň, jöwzaly ysynyň we aýazly günleriň täsirine çydap bilmän, bireýýäm dargap, ýok bolup giden bolardy.

Edil şular ýaly, şu günki günde hem meýdanlarda fermer we daýhanlarymyz, gurluşyk meýdanlarynda binagärdir ussalarymyz, önümçilik kärhanalarynda inženerdir işçilerimiz, mekdepler, liseýler, kolledž we ýokary okuw jaýlarynda hormatly mugallymlaryymyz, şypa mesgenlerinde lukmanlar öz işini tüýs ýürekden, ýagny ak göwünli ýerine ýetirmese, 1991-nji ýyldan bäri geçen wagtyň dowamynda, köne taryh üçin örän gysga bir möhletde – garaşsyzlyk döwründe ýurdumyz şu derejede uly üstünlikleri gazanmagy, hiç şübhesiz, kyn bolardy.

Siz özüňiz ýaşaýan obada ýa-da şäherde, okaýan mekdepde ýurdumyzdaky abatlyga şaýatlyk edýän görnüşleri köp görýärsiňiz. Aýdaly, mekdepden gaýdyşyn agaçlyk alleýada, salkyn şemal öwüsýän, suw dolup akýan aryk ýa-da ýabyň boýunda dynç alyp bilersiňiz. Şu agaçlary hem kimdir ekipdir, şu aryk ýa-da ýaby hem kimlerdir meýilli zähmet çekip gazypdyr, çäge-çagyllardan, ot-çöplerden arassalanan, dogrumy? Siziň pikiriňizçe, olar nähili göwünli adamlar?

Olar – göwni päk we beýik adamlar! Şeýle dälmi? Şu terzde mekdebiňizi, onuň synp otaglaryndaky okuw enjamlaryny guran we döreden ynsanlar hakynda, olaryň kalbyndaky arzuw-umytlary barada oýlap gördüňizmi?

Özüňiz tanaýan fermeriň, bagbanyň, lukmannyň ýa-da mugallymyň her günlük zähmeti onuň kalp älemine, ruhyýetine, arzuw-oýlaryna nähili utgaşykdygy hakynda pikirlenip görüň. Şu hakda synpdaşlaryňyza, ata-enäňize hekaýa edip beriň. Şu hakda hemişe oýlamak durmuşdaky ençeme çylşyrymly meseleleri düşünmägede kömek edýär. Iň möhümi, siz bu dünýädäki ähli haýyr işleriň çeşmesi ynsanyň kalbydygyna, onuň ruhy mümkinçiliginiň, güýç-kuwwatynyň çäksizdigine, abatlygyň hakykatdan hem köňülden başlanýandygyna göz ýetirersiňiz.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Amaly sapak üçin edebiýatlar:


1. Islam Karimow. Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma’naviyat», 2013-nji ýyl, 128–132-nji sahypalar.

2. Islam Karimow. Vatan va xalq mangu qoladi. –D.: Alyşir Novaýy adyndaky Özbegistanyň Milli kitaphanasy neşirýaty, 2010-njy ýyl, 95–97-nji sahypalar.

3. Milliy istiqlol g‘oyasi: asosiy tushunchalar, tamoyillar va atamalar. –D.: «Yangi asr avlodi» neşirýaty, 123–124-nji sahypalar.

4. «O‘rta asrlar Sharq allomalari va mutafakkirlarining tarixiy merosi, uning zamonaviy sivilizatsiya rivojidagi roli va ahamiyati». Halkara konferensiýa materiallary. –D.: «O‘zbekiston», 2014-nji ýyl.


## BARLAG IŞI

Ý u m u ş: ***«Biziň beýik taglymymyz»*** *temasynda referat taýýarlaň.*

Referaty taýýarlanda Prezidentimiz Islam Karimowyň «Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch» kitabynda beýan edilen aşakdaky pikirleri esas hökmünde alyň: **«Biziň iň beýik maksadymiz, iň beýik taglymymyz, Özbegistanyň ýeke-täk ýoly bar: garaşsyzlygy pugtalandyryp, ýurdumyzy her taraplaýyn ýokarlandyryp, ýagty we erkin durmuşa tarap öňe gitmek»**.

Referatda aşakdaky meseleleri açyp görkezmäge çalyşyň:

– biziň milli taglymymyz, onuň düzümindäki ähli düşünjeler we ugurlar garaşsyzlygymyzy pugtalandyryp, ýurdumyzy her taraplaýyn ýokarlandyrmaga, halkymyz üçin ýagty we erkin durmuşy gurmaga hyzmat etmelidigi, diňe şonda ol öz wezipesini ýerine ýetiren bolşy;

– hut garaşsyzlyk milli taglymymyzy şekillendirmek, özlügimize çuňňur aň ýetirip, giň manyda azat halk, erkin millet bolup ýaşamaga mümkinçilik berendigi;

– garaşsyzlygymyz näçe pugta bolsa, milli taglymymyzda öz şöhlelenmesini tapan maksatlara şonça tiz ýakynlaşýandygymyz, mümkinçiliklerimiziň barha giňelýändigi;

– garaşsyzlygy pugtalandyrmakda siziň ýaly okuwçy ýaşlaryň esasy wezipesi nämeden ybarat, geljekde siz şu haýyr işe nähili goşant goşmakçy?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

II bap

# MILLI TAGLYM BILEN RUHY DURMUŞYŇ SAZLAŞYGY

## KÄMIL YNSAN

Eziz okuwçy, siziň bilen milli taglymymyzyň esasy düşünjeleri hakynda söhbetleşdik. Ine şu düşünjeler bilen birlikde kämil ynsan, sosial hyzmatdaşlyk, milletara agzybirlik, dinlerara bagrygiňlik ýaly ugurlar milli taglymymyzyň tebigy düzüm bölegini düzýär.

*«Kämil ynsan» jümlesi kemal tapan, ýetişen, gutarnykly diýen manylary aňladýar.*

**Kämil ynsany terbiýelemek – umumadamzat taglym. Ýagny, bu – jemi adamzada mahsus arzuw. Dünýädäki ähli halklar, milletler we ynsanlar perzentleriniň ýetişen, kämil bolmagyny arzuw edýär. Ýöne bu maksady amala aşyrmakda her bir halk özüniň milli aýratynlyklaryndan, däplerinden we gymmatlyklaryndan gelip çykýar. Şonuň üçin olar özleri iň ýagşy, kämil diýip hasaplaýan adamlar ýaly bolmaga ymtylýarlar. Siz kitaplarda okan Alpamyş, Berçinaý, Perhat, Şirin, Tahyr, Zöhre, Genje batyr ýaly gahrymanlaryň halkymyzyň düşünjesinde müň ýyllaryň dowamynda kämil ynsany görmek arzuwy bilen döredilen çeper obrazlardyr. Olar halkymyzyň öz perzentlerini mert, batyr, akylly, bilimli, gözel we sagdyn edip terbiýelemek ugrundaky haýyrly ymtylyşlaryny beýan edýär.**

Taryhyň belli bir döwürlerinde halkyň ykbalynda çäksiz orun tutýan beýik şahsyýetler hem haýyrlylyk nyşanyna, göreldeli sypatlar tymsalyna öwrülýär. Meselem, Nejmiddin Kubra, soltan Jelaliddin Meňguberdi, Sahypgyran Emir Temur, Zahiriddin Muhemmet Babur ýaly eždatlarymyz mertlik, batyrlyk, döwleti adalat bilen dolandyrmak boýunça; Ymam Buhary, Ymam Termizi, Ymam Moturidiý, Bahaweddin Nagyşbendi ýaly ezizkeramatlylarymyz din babatda; Muhammet Musa Horezmi,



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Ahmet Fergany, Abu Reýhan Biruny, Ibn Sina, Mürze Ulugbek, Alyşir Nowaýy, Meşrep, Agahiý ýaly akyldarlarymyz danyşmentlik, ylym-bilim, halkyň kalbyny, ynsan filosofiýasyny söz sungaty arkaly beýan etmek boýunça hemmämiz üçin kämillik tymsalyna öwrülendir. Bu beýik şahsyýetleriň her biri hakynda, olaryň gaýtalanmaz sypatlary barada köp gürrüň etmek mümkin. Eger siz Prezidentimiz Islam Karimowyň «Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch» kitabynyň birinji babyndaky «Ruhyýeti şekillendirýän esasy ölçegler» diýlip atlandyrylýan bölümi okasaňyz, ine şu eždatlarymyz hakynda bildirilen ajaýyp pikirleri görersiňiz. Şol sanda, beýik şahyr babamyz Alyşir Nowaýy hakyndaky ynha şu taryplary kämil ynsan hakyndaky sena diýmek bolýar:

**«Eger bu beýik şahsyýeti keramatly diýsek, ol keramatlylaryň keramatlysy, akyldar diýsek, akyldarlaryň akyldary, şahyr diýsek, şahyrlaryň soltanydyr»[1].**

Diňe hakyky kämil ynsan şeýle beýik sypatlary özünde jemlemegi mümkin. Öz iliniň guwançdyr buýsanjyna öwrülen şeýle ynsanlar dünýädäki başga halklaryň arasyndan hem köp ýetişip çykypdyr. We bu bütin adamzadyň ýagşylyk we ynsany kämillik ugrundaky ymtylyşlary özara utgaşyk we ýakyndygyny görkezýär.

Şu manyda, kämillik taglymy asyrlaryň dowamynda diňe bir aýratyn şahslar däl, eýsem halklary we milletleri asylly maksatlara tarap çagyrypdyr, durmuşyň dürli ugurlarynda uly üstünliklere ylhamlandyrypdyr.

**Kämilligi arzuw etmedik, kämil nesilleri kemala getirmek hakynda aladalanmadyk halk ýa-da millet öz geljegini göz öňüne getirip bilmeýär.**

Her bir adam üçin öz ata-enesi, mugallymlary, halky, öz ýurdunyň ýolbaşçysy kämillik tymsalydyr. Şonuň üçin biziň her birimiz öz ata-enemizi, mugallymlarymyzy, halkymyzy we şu halkymyz saýlan Prezidentimizi dünýädäki iň eziz we kämil ynsanlar saýýarys, olara guwanýarys.

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 47-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Ynsanyň ýokary derejä ýetmegi, kemçiliklerden we nogsanlardan bütinleý azat bolmagy mümkinmi? Ýok, elbetde. Ynsan bardyr, ýalňyşýar, azaşýar. Halkymyzyň «Biaýp – Perwerdigär» diýen hikmetli sözi ýöne ýere aýdylmandyr. Ýöne kemçiligini boýun alyp, ony düzetmäge çalyşýan adam – ýokary derejä ýetmäge ymtylýan adamdyr. Kemçiligini boýun alman, men şonsuzam gowudyryn, diýip men-menlik edýän adam bolsa öz nogsanlaryny ýene-de köpeldýär.

Her bir adam ýaşlygyndan päkize arzuw-umytlar bilen ýaşaýar, halkyna, Watanyna peýdasy degýän adam bolup ýetişmek barada oýlanýar. Bu şol bir wagtda onuň köňlünde kämil ynsan bolmak isleginiň barlygyna şaýatlyk edýär. Diýmek, kimki öňe tarap ymtylsa, ýokary arzuwlar bilen ýaşasa, ol giň manyda ösüp-ulalyp, ýokary derejä ýetip, sypaty barha gowulaşýar. Kimiňdir sypaty artyp, gowulygyna gowulyk goşulsa, onuň özi-de duýmadyk ýagdaýynda kämillige ýakynyp, ýokary derejesine ýetýär.

Tersine, kimki hiç zady arzuw etmese, özi bilen buýsanyp, hiç kimi äsgermän, bilimini, tejribesini artdyrmasa, öň ymtylmasa, ösüşden, ulalmakdan togtaýar. Gitdigiçe gödekleşip, zamandan yza galyberýär. Sypatyň ýerine nogsanlary barha artýar. Bu – onuň kämil däldigini, ýagny kemçilikli we nogsanly adamdygyny görkezýär.

Alyşir Nowaýy babamyz şuny nazarda tutup, şeýle diýipdir:

*Nogsanly oldurkim, özün kämil diýse,*
*Kämil olkim, nogsyn subut etse.*

Ýagny, kim özüni kämil, ýokary derejä ýeten diýse, aslynda ol nogsanly, kemçiliklidir. Kimki öz nogsanlaryny bilip, ykrar bolup, olary düzetmäge çalyşsa, kämillige ýeter.

Beýiklik sadalykda bolşy ýaly, kämillik hem, ilki bilen, adamyň kemterlik, zähmetsöýerlik, magaryfperwerlik, mähir-akybetlilik ýaly ýönekeý we gündelik sypatlarynda görünýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Meselem, zähmet sebäpli adam başgalara maddy taýdan garaşly bolmazdan, erkin we garaşsyz ýaşamak mümkinçiligine eýe bolýar. Şeýle adamyň kalby, duýgulary, aň-pikiri ep-esli kämil bolýar. Ol daş-töwereginde ýüze çykýan waka-hadysalara özüniň özbaşdak pikiri esasynda baha berýär. Durmuşdan hemişe lezzetlenip ýaşaýar. Bularyň ählisi bolsa kämilligiň möhüm alamatlarydyr.

Ata-babalarymyz «Zähmetiň aşy halal», «Zähmetiň soňy rahat» diýen nakyllara amal edip ýaşapdyrlar. Zähmet adamy adam edýän, ony beýgeldýän bahasyna ýetip bolmaýan nygmatdyr. Zähmet sebäpli adamzada Alla tarapyndan eçilen dil we pikir, duýgy we düşünjeler barha kämilleşýär. Zähmet esasynda diňe bir adam däl, eýsem älem hem kämilleşýär.

**Ynsan kämil bolmagy üçin ilki bilen onuň özi hem, halky hem, Watany hem azat we erkin bolmalydyr. Çünki diňe azat we erkin adam özbaşdak hereket edip bilýär, özüniň beden taýdan we ruhy ukybyny doly ýüze çykarmak mümkinçiligine eýe bolýar.**

Ýurdumyz garaşsyzlygyny gazanandan soň halkymyzyň kämillik ugrundaky ymtylyşlaryny amala aşyrmak üçin giň mümkinçilikler döredi. Şu günki günde Watanymyzda sagdyn we kämil nesli kemala getirmek maksadynda edilýän köp işler hut şuňa şaýatlyk edýär.

Öňki derslerimizden bilşiňiz ýaly, biz ýurdumyzda hukuk demokratik döwleti, raýatlyk jemgyýetini gurmakçy. Şeýle jemgyýetde döwleti dolandyrmak, ýurt möçberinde kararlary kabul etmek, çäreler geçirmek işleri ýönekeý adamlaryň başlangyjy we tagallalary arkaly amala aşyrylýar. Diýmek şeýle jemgyýetiň raýatlary her taraplaýyn kämil bolmalydyr. Şu nukdaý nazardan seredende, ýurdumyzda kämil nesli kemala getirmäge aýratyn üns berilýändigi biziň erkin raýatlyk jemgyýeti gurmak ugrundaky tagallalarymyza hem her taraplaýyn laýyk we utgaşykdyr. Çünki diňe kämil ynsanlar ýaşaýan jemgyýetde parahatçylyk-agzybirlik, raýdaşlyk, adalat we aň-bilim ileri tutulýar.

Kämillige birdenkä ýetip bolmaýar. Kämil ynsan bolmak üçin adam öz öňüne gowy maksat goýup, bir ömür şu ýolda ymtylyp ýaşamalydyr.Ol eden işleri, öňünde duran borjuny we wezipesini



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

 

her gün derňäp, olardan zerur netijeler çykaryp, kemçiliklerini düzetmäge, gowy aýratynlyklaryny artdyrmaga çalyşmalydyr. Bu proses bir gün hem togtamaly däl. Ýagny, ynsan öz öňünde goýan maksat ugrundan çekinmeli däl.

*Eziz okuwçy, bu guşlardan haýsy biri menzile garap ymtylýar? Olaryň haýsysy menzile ýeter we näme üçin?*

Mälim bolşy ýaly, çagalyk wagtynda kimdir uçujy bolasy, kimdir alym bolup, açyşlar edesi, ýene kimdir sungat işgäri bolmaga ymtylyp, gowy aýdymlary aýdasy gelýär. Ýöne arzuw arzuwlygyna galyp gitmeli däldir. Arzuw maksada öwrülmelidir.

*Arzuw adamyň arzuw-isleglerini beýan edýän düşünje, hyýaly zatdyr. Maksat bolsa ýerine ýetirilmeli, amala amala aşyrylmagy talap edilýän niýetdir. Maksat ugrunda dyngysyz okap-öwrenmeli, zähmet çekmeli, öňe ymtylmaly.*

**Adam belli bir käre ymtylmak bilen, şeýdip göwnündäki arzuwy maksada öwürýär. Şeýle ymtylyş arkaly ol diňe bir maksada ýakynlaşman, eýsem şu ýoldaky okgunlylyk sebäpli özüni hem il-ýurda peýdasy degýän adam hökmünde terbiýeleýär. Bu proses togtamasa, üznüksiz dowam etse, adam bir gün gelip öz ugrunyň iň ökde ussasyna, ýeri gelende aýtsak, pirine öwrülýär. Onuň kär ussatlygyny we talantyny hemmeler ykrar edýärler, zähmetinden köpçülige peýda gelýär. Şonuň özi, ýagny haýsy-da bolsa bir kesp-hünär ýa-da ylym ugrunyň ussasy bolmak hem kämilligiň bir alamatydyr. Ylmy we zähmeti, seýrek talanty bilen il-ýurda hyzmat eden ynsanlary beýgeldip, olara buýsanmagymyzyň sebäbi-de şondandyr.**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Her bir adamyň kalbynda kämillik duýgusy bolýar. Meselem, çaga-da oýunjaklaryň arasyndan iň owadanyny we kämilini alyp oýnasy gelýär. Adamzat ina şu duýgyny bir ömür terbiýeläp, ösmelidir. Munda, elbetde, ol ýaşaýan gurşaw, daş-töweregindäki adamlar aýratyn orun tutýar. Kämillik duýgusy gözellik, ýagşylyk, adalat, ynsap, haýa, hakykat duýgulary bilen ýanaşyk gezýär, olar bilen birlikde, bir bitewilikde ösýär.

Kämil adam taglymy yslam filosofiýasyndan iýmitlenip, halkymyzyň aňynda ýene-de giňräk many-mazmuna eýe bolýar. Bu taglym Abu Nasyr Faraby, Alyşir Nowaýy ýaly danyşment babalarymyzyň eserlerinde çuňňur beýan edilipdir.

Netije çykaryp aýdanda, kämillik adamyň azaly arzuwy bolup, ony amala aşyrmak üçin belli bir jemgyýetçilik şert zerur. Ýurdumyz garaşsyzlygyny gazanandan soň biz şeýle mümkinçilige eýe bolduk.

***Soraglar we ýumuşlar:***

1. Adam näme üçin owadan geýnip, edepli bolup ýöremäge çalyşýar?
2. Siz ýagşy zady ýaman zatdan nähili tapawutlandyrýarsyňyz?
3. Özüňiziň kemçilikleriňizi bilýärsiňizmi? Olary düzetmäge çalyşýarsyňyzmy?
4. Dostlaryňyz kemçilikleriňizi aýtsalar, öýkeleýärsiňizmi?
5. Siz, ilki bilen, kimi kämil adam diýip hasaplaýarsyňyz?
6. Suratlara garap, kämillige ýetmegiň ýollary barada aýdyp beriň.
7. Çagalar näme üçin gurjagyň saýlap almaga ymtylýarlar?

A)


Ç)


B)


D)




*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## SOSIAL HYZMATDAŞLYK

Üns beren bolsaňyz, bizi gurşaýan dünýä her taraplaýyn dürli-dürli we reňbe-reňdir. Her ýeriň özboluşly tebigaty we klimaty bar. Edil şonuň ýaly, adamlar we halklar hem reňbe-reň we dürli-dürlidirler. Dünýäde her hili taýpa, millete we halkyýete, dile we dine degişli adamlar ýaşaýar. Hatda bir millet ýa-da bir halka degişli adamlar hem dünýägaraýşy, ygtykady, ynsany aýratynlyklary we bähbitlerine görä bir-birinden tapawutlanýar.

Bu hakykaty Prezidentimiz aşakdaky pikirleri bilen jikme-jik düşündirip beripdir:

**«Allanyň özi adam diýeni emele getirmek bilen, ony dürli keşpde, diňe bir ýüz-gözi däl, eýsem gylyk-häsiýetini hem bir-birine meňzemeýän edip döredipdir. Ýer ýüzünde näçe adam ýaşaýan bolsa, barmagynyň yzy hem, içki dünýäsi hem birmeňzeş bolan iki sany adamy tapmak, duşmak kyn. Şu adamlaryň pikirlenmesi we ýaşaýyş terzi-de bir-birinden tapawutlanýandygy tebigydyr»[1].**

Biziň ýurdumyzda hem dürli taýpa, millet we halkyýet, din wekilleri ýaşaýar. Her bir taýpanyň, her bir toparyň özboluşly maksatlary, bähbitleri, ynam-ygtykady bar. Şonuň ýaly-da, ine şu dürli adamlary ýeke-täk bir ýurduň halky, ýeke-täk bir jemgyýetiň agzalary hökmünde birleşdirip duryan umumymilli maksatlar, bähbitler hem bar. Bu – milletine, diline, dinine we sosial degişlidigine seretmezden, ähli özbegistanlylar üçin ýeke-täk Watan bolan mukaddes ýurduň gülläp ösmegi, parahatçylygy we asudalygydyr. Ýurdumyzyň hemme raýatlary ine şu ýokary maksat ugrunda eli ele berip agzybirlikde hereket edýär, duş

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma'naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma'naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 23-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

gelýän päsgelçilikleri we kynçylyklary bilelikde ýeňip, gazanan üstünliklerine bilelikde guwanýarlar. Sosial hyzmatdaşlyk taglymy şol birligi güýçlendirmäge, umumy maksat ugrunda ýeke-täk halk bolup hereket etmäge hyzmat edýär.

*Sosial hyzmatdaşlyk haýsy-da bolsa bir işi, wezipäni köpçülik bolup ýerine ýetirmegi, ýagny bilelikde hereket etmegi aňladýar.*

Sosial hyzmatdaşlyk taglymy ýurdumyzdaky her bir adam özüni ýurdumyzyň raýaty, onuň çäginde ýaşaýan beýik halkyň wekili diýip duýmagyna gönükdirilenligi bilen örän möhümdir. Ýurtdaşlarymyzyň özara egindeş bolup, bir-birini gadyrlamagy, Watanymyzyň bähbitlerine ters işi öz bähbidine ters hasaplamagy jemgyýetimizdäki umumymilli birligi has-da pugtalandyrýar.

Sosial hyzmatdaşlyk islendik jemgyýet üçin durmuş zerurlygy hasaplanýar. Çünki şeýle hyzmatdaşlyk bolmasa, ýurtda parahatçylyk we asudalyk, özara düşünişmek, agzybirlik bolmaýar. Şeýle gymmatlyklar durnukly bolmadyk ýurt bolsa hiç haçan ösmeýär.

Sosial hyzmatdaşlygyň tersi – özara agzalalyk, gapma-garşylyk, dawa we jenjeldir. Şeýle erbet halatlar hiç haçan gowulyga getirmeýär. Çünki sosial hyzmatdaşlyk bolmadyk ýerde başbaşdaklyk, tertipsizlik, jenjel-galmagal hökümdarlyk edýär. Bir gün jenjel çykan ýerden bolsa, öňki derslerimizden birinde nygtalyşy ýaly, kyrk gün bereket göterilýär. Muňa taryhdan hem, şu günki günümizden hem köp mysallary getirmek mümkin. Meselem, Sahypgyran Emir Temur aradan çykandan soň temuri şazadalaryň arasynda sosial hyzmatdaşlyk, agzybirlik bolmandygy üçin uly soltanlyk dürli hanlyklara bölünip gidýär. Şonuň netijesinde ýurtda parahatçylyk bozulýar, dagynyklyk ýüze çykyp, özara göreşler güýçlenip, durmuş hatardan çykýar.

**«Bu durmuşyň rehimsiz bir kanunalaýyklygy bar. Ýagny, taryhyň çylşyrymly we aýgytlaýjy öwrülişik pursadynda islendik millet we halkyýet öz agzybirligini we raýdaşlygyny saklap, öz milli bähbitleri ugrunda tutanýerlilik bilen durmasa, jogapkärligini we hüşgärligini ýitirýän bolsa, ahyrky netijede özüniň iň uly, deňsiz**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**baýlygy bolan garaşsyzlygyndan we azatlygyndan mahrum boljagy şübhesizdir»[1].**



Diýmek, garaşsyz we erkin durmuşy gorap saklamagyň iň möhüm şertlerinden biri – jemgyýetde sosial hyzmatdaşlyk, özara hormat we mähir-şepagat gurşawyny hemişe gadyrlap, pugtalandyrmakdan ybaratdyr.

Adamlar bilen hyzmatdaşlyk edip ýaşamak gündelik durmuşda her gün gerek bolýar. Meselem, siz käbir ylymlar boýunça berlen wezipeleri iň ýakyn dostlaryňyz bilen bilelikde taýýarlaýarsyňyz. Bu hem özboluşly hyzmatdaşlykdyr. Kiçi kärhana açyp, biznes bilen meşgullanmakçy bolan telekeçi özüniň serişdesi ýeterli bolmasa näme edýär? Döwletden kredit, ýagny karz alýar ýa-da özüne meňzeş başga telekeçi bilen birlikde orta serişde goýup, iş alyp barýar. Bu hem hyzmatdaşlykdyr.

*Daýhan bagynda bol hasyl ýetişdirdi. Ýöne bu hasyly gaýtadan işläp, ondan şerbet we mürepbe taýýarlamak üçin onuň kärhanasy ýok. Hany aýdyň, şeýle ýagdaýda daýhan näme edýär?*

Dürli taýpa, millet we halkyýet wekilleriniň arasynda raýdaşlygyň, düşünişmekligiň ýoklugy sebäpli dünýäniň käbir ülkelerinde biparahatlyk, uruş we jenjeller güýjeýär, näçe-näçe günäsiz adamlar gurban bolup, ilatyň durmuş derejesi ýiti peselýär.

Sosial hyzmatdaşlyk pugtalanan ýerde nähili ýokary ösüş gazanmagyň mümkindigini Ýapon jemgyýetiniň mysalynda görmek bolar. Şu ýurduň raýatlary, diline, dinine, milletine we sosial degişlidigine seretmezden, Ýaponiýanyň umumy bähbitleri ugrunda birleşýär, özlerini ýeke-täk halkyň wekilleri hasap-

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 51-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

laýarlar. Jemgyýetiň ösüşi ugrundaky islendik mesele bilelikde, hyzmatdaşlyk esasynda, ýurduň halkynyň umumy bähbitleriniň peýdasyna çözülýär. Muny Ikinji jahan urşundan soň ýapon halkynyň has jebisleşip, örän yzagalak ýagdaýa düşüp galan ýurdy dünýädäki iň ösen ýurtlaryň hataryna alyp çykandygynyň mysalynda hem aýdyň görmek bolar.

Jemgyýetdäki sosial hyzmatdaşlyk gurşawyny döretmekde syýasy ýolbaşçylar aýratyn orun tutýar. Olar janypkeşlik we watanperwerlik nusgasyny görkezip, dürli garaýyşdaky toparlary hem-de taýpalary birleşdirýär, umumy maksatlar ugrunda hyzmatdaşlyk etmäge çagyrýar. Geçen asyryň 90-njy ýyllarynda Prezident Islam Karimow bütin halky garaşsyzlyk taglymynyň daşynda birleşdirip, pugta sosial hyzmatdaşlyk gurşawyny döretdi. Ine şol esasda ýurdumyz garaşsyzlygyny gazandy.

Döwlet baştutanynyň «O‘zbekiston mustaqillikka erishish ostonasida» kitabynda bu hakda ençeme durmuşy mysallar, taryhy deliller getirilen.

Gadymky ertekilerimizde-de adamlar birlige, hyzmatdaşlyga ündelipdir. Siz özbek halk ertekilerinde danyşment ata öz ogullaryna bir sanydan çöp berip, hany döwüň, diýende, olar çöpi arkaýyn döwýändiklerini gowy bilýärsiňiz. Ýöne ata çöpleriň hemmesini jemläp, hany indi döwjek boluň, diýeni-de ýadyňyzdadyr. Çöpler jemlenende olary döwmek kyn bolýar. Näme üçin? Çünki güýçler birleşende olary ýeňip bolmaýar.

*Sährada sazaklar, dürli ösümlikler we gyrymsylar näme üçin ýeke ýagdaýda däl-de, topbak-topbak bolup, gür bolup ösýär? Olar şeýle halatda şemala we tupanlara, suwsuzlyga nädip çydap bilýär?*

Üns beren bolsaňyz, uzak sapara atlanan guşlar topar-topar bolup uçýar. Daglardan, deňizlerden, çöl-beýewanlardan geçende olar bir-birine medet bolýarlar.

Sosial hyzmatdaşlyk taglymy hem halklary, bütin adamzady şeýle birleşdirip, dürli howp-hatarlary ýeňmäge, gowulyga tarap ündeýär.

Halkymyz ozaldan agzybirligi we jebisliligi, ýagny bu günki dil bilen aýdanda, sosial hyzmatdaşlygy goldap gelýär. Ata-baba-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

larymyz sosial hyzmatdaşlygyň esasyny maşgaladan başlamaga möhüm ähmiýet beripdirler. Milli gymmatlyklarymyzda hem özara agzybirlik beýgeldilýär. Köpçüligiň gatnaşmagynda geçýän toý-märekeler, ýowarlar, mähelleçilik, goňşuçylyk däpleri ine şu maksada hyzmat edýär.

Şol bir wagtda Konstitusiýamyz, kanunlarymyz, döwlet we döwlet däl guramalary, özüni özi dolandyryş edaralary, tälim-terbiýe, medeniýet edaralary, dürli çäreler we maslahatlar hem sosial hyzmatdaşlygy ornaşdyrmakda uly orun tutýar.

### *Soraglar we ýumuşlar:*

1. Sosial hyzmatdaşlyk taglymy nähili gowy maksada hyzmat edýär?
2. «Birleşen ozar, birleşmedik tozar» nakylynyň manysyny düşündirmäge synanyşyň. Şu mazmundaky ýana nähili nakyllary bilýärsiňiz?
3. Şu günki günde sosial hyzmatdaşlyk esasynda ösen döwletlerden haýsylaryny bilýärsiňiz?
4. Halkymyz özara agzybirligi we hyzmatdaşlygy nähili gadyrlaýşyny mysallar esasynda düşündiriň.
5. Siz öýde, mekdepde kimler bilen, haýsy işleri ýerine ýetirmekde hyzmatdaşlyk edýärsiňiz?
6. Sosial hyzmatdaşlyk islendik jemgyýetiň durmuşy üçin durmuşy zerurlykdygyny mysallar esasynda düşündiriň.
7. Şu suratlara garap, agzybirligiň we raýdaşlygyň ähmiýeti barada aýdyp beriň.

A)


Ç)


B)


D)




*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## MILLETARA YLALAŞYK

Eziz okuwçy, biziň Watanymyz – Özbegistanymyz köpmilletli döwlet. Ýurdumyzda özbekler bilen birlikde ýüzden gowrak millet we halkyýet wekilleri agzybirlikde ylalaşyp ýaşaýar.

*Milletara ylalaşyk – umumadamzat gymmatlykdyr. Ol bir jemgyýetde ýaşap, ýeke-täk maksat ugrunda zähmet çekýän dürli millet we halkyýet wekilleriniň agzybirligini pugtalandyrýar, parahatçylygyň we berkararlygyň, ösüşiň möhüm faktory bolup hyzmat edýär.*

Bu dünýädäki her bir millet – Ýaradanyň beýik täsinligidir. Çünki her bir millet jemi adamzada mahsus örän seýrek sypatlary öz dili, däpleri we gymmatlyklary, gaýtalanmaz durmuş terzi arkaly gözel bir şekilde ýüze çykarýar. Bir millet wekili başga milletiň durmuşy, durmuş terzi bilen tanyşmak bilen, özi üçin täze bilimleri we netijeleri alýar, tejribe toplaýar.

**Milletleriň we halkyýetleriň köplügi we dürli-dürlüligi adama özlügine aň ýetirmek, milli we umumyadamzat gymmatlyklarynyň adamyň durmuşyndaky ornuny we ähmiýetini düşünmek mümkinçiligini berýär.**

Mälim bolşy ýaly, ähli adamlaryň gadymy kökleri umumy we ýakyn. Dünýädäki dürli milletleriň dili, durmuş terzi we urp-adatlary bir-biriniňkiden tapawutlansa-da, olaryň arzuw-islegleri, maddy we ruhy zerurlyklary, durmuş filosofiýasy bir-birine ýakyn. Hemme millet wekilleri azat we erkin ýaşamagy, maşgala gurup, perzent ösdürip, özünden mynasyp zürýat galdyrmagy, aýdym-saz döredip, durmuşdan lezzetlenmegi, bagtly bolmagy isleýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Şunuň bilen birlikde gowulygy gadyrlap, ýowuzlygy ýazgarýar. Taryhy mysallar hem şuny aýdyň tassyklaýar. Meselem, geçen asyrda faşizm dünýä halklarynyň durmuşyna howp salanda bütin adamzat oňa garşy göreşe atlanypdy.

2011-nji ýylyň mart aýynda Ýaponiýada güýçli ýer titremesi netijesinde şäherler we obalar weýran, müň-müňlerçe adamlar gurban bolup, bu ýurt agyr ýagdaýa düşende dünýädäki hemme döwletler we millet wekilleri şu pajygaly günlerde ýapon halky bilen dertdeş bolup, ondan hoşniýetli kömegini aýamady.

Biziň milli taglymymyz halkymyzyň arzuw-isleglerini çynlakaý şöhlelendirendigi üçin milletçiligiň islendik görnüşlerinden, başga halkyýetlere we halklara görä äsgermezlik halatlaryndan umuman azatdyr. Halkymyz ozaldan dostluk, doganlyk taglymlaryny beýgeldip, başga millet wekilleri bilen parahatçylyk, hyzmatdaşlyk, agzybirlik, mähir-şepagat esasynda ýaşaýar.

Il-ýurdumyz daş-töweregimizdäki, dünýäniň alys sebitlerindäki halklar bilen hem gadym-gadymdan hyzmatdaşlyga ymtylyp gelipdir. Sahypgyran Emir Temur babamyzyň Fransiýanyň koroly bilen hat arkaly pikir alyşandygy, Ýewropanyň başga ýurtlary, şol sanda, Angliýanyň koroly Genrih IV, Kastiliýa we Leon koroly Genrih III de Trastamaralar bilen diplomatik aragatnaşyklary ýola goýandygy munuň aýdyň delilidir.

Milletara ylalaşyk taglymy halkymyzyň gowy adamkärçilik sypatlaryny beýan edýär we geljekde bu däpleri has-da baýlaşdyrmagy we ösdürmegi nazarda tutýar. Garaşsyzlyk ýyllarynda Özbegistan dünýädäki ähli halklar we ýurtlar bilen dostlukly hyzmatdaşlyk aragatnaşyklaryny ýola goýup, olary hemişe pugtalandyryp gelýändigi milletara agzybirligi pugtalandyrmaga mynasyp goşant bolup goşulýar. Häzirki günde ýurdumyz dünýädäki dürli döwletler bilen uzak





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

möhlete niýetlenen hyzmatdaşlyk şertnamalary esasynda özara bähbitli dostlukly gatnaşyklary ösdürip gelýär.

Milletara ylalaşyga putur ýetirýän nogsan, bu – milletçilik we şowinizmdir. Şeýle zyýanly taglymlaryň täsirine düşen jemgyýet heläkçilige duçar bolýar. XX asyrda dünýäniň ençeme halklaryny bakna etmäge ymtylan faşizm taglymy muňa mysal bolup bilýär.

*Milletçilik bir milleti beýgeldip, başga milletleri kemsitmek, millet aýyrmagy aňladýar.*

*Şowinizm – milletçiligiň bir görnüşi bolup, başga milletlari äsgermezlik, özüni olardan üstün goýmaga ymtylma.*

*«Faşizm» italýança söz bolup, süri, baglam diýen manylary aňladýar hem-de köpçülikleýin gyrgyn we zulumkärlik bilen syýasat alyp barýan ýowuz güýçlere aýdylýar.*

Häzirki günde-de dürli taglymy we aňyşet arkaly käbir halka ýa-da millete mahsus urp-adatlary, däpleri hem-de gymmatlyklary kemsitmäge, ýok etmäge gönükdirilen wehimler duýlup dur. Şeýle agressiýanyň täsirine düşmezlik üçin hemişe hüşgär we ägä bolmak, ylym-bilime daýanyp ýaşamak talap edilýär. Bu hakda pikir ýöredilende, Ýurtbaşymyzyň aşakdaky pikirlerini hemişe ýatda tutmalydyrys:

**«Eger harby, ykdysady, syýasy basyş bolsa, ony duýmak, görmek, öňüni almak mümkin, emma aňyýet wehimini, onuň täsirini we netijelerini derrew aňmak gaty kyn. Ynha şeýle ýagdaýda adam öz garaşsyz pikirine, zamanlaryň synagyndan geçen durmuşy-milli gymmatlyklara, sagdyn esasda şekillenen dünýägaraýşa we pugta erke eýe bolmasa, her dürli ruhy wehimlere, olaryň kä äşgär, kä pynhan görnüşdäki täsirine döz gelmek gaty kyndyr»[1].**

Şeýdip, belli bir ýurda at beren millet bilen onda ýaşaýan başga il we halkyýet wekilleriniň arasyndaky agzybirlik jemgyýetçilik ösüşiniň iň möhüm faktorlaryndan biridir.

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma'naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma'naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 113-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## *Soraglar we ýumuşlar:*

1. Ata Watanymyz – Özbegistan nähili döwlet?
2. «Bu eziz Watan – ählimiziňki» taglymynyň manysyny düşündirip berip bilersiňizmi?
3. Milletara ylalaşyk taglymy näme üçin umumyadamzat gymmatlygy hasaplanýar?
4. Näme üçin her bir milleti Ýaradanyň beýik täsinligi diýýäris?
5. Dünýädäki ähli adamlar umumy köke eýe, diýende nämäni düşünýärsiňiz?
6. Halkymyza mahsus bolan dostluk, doganlyk sypatlary hakynda taryhy mysallar esasynda aýdyp beriň.
7. Dünýäde milletara ylalaşyga wehim döredýän nähili nogsanlaryň bardygy barada aýdyp beriň.
8. Suratlarda görkezilen ýagdaýlaryň milletara dostlugy we ylalaşygy pugtalandyrmaga nähili hyzmat edýändigi hakynda aýdyp beriň.

A)


Ç)


B)


D)




*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## DINLERARA BAGRYGIŇLIK

Adamyň durmuşynda başga gymmatlyklar bilen birlikde din we dini däpler hem möhüm orun tutýar. Din gadym-gadymdan adamzat üçin zerur bolan halallyk, päkizelik, ynsap-dogruçyllyk ýaly düşünjeleri özünde şöhlelendirip, adamlary özara dost we agzybir, mähir-şepagatly bolup ýaşamaga ündäp gelýär. Ençeme milli gymmatlyklaryň zowalsyz ýaşap gelýändigi-de diniň şu aýratynlyklary bilen baglydyr.

*«Din» arapça söz bolup, ynam diýen manyny aňladýar. Din – ylahy güýçlere ynam esasynda şekillenen düşünjeler, göz öňüne getirmeler we kadalar ulgamydyr.*

Prezidentimiz diniň many-mazmunyny aşakdaky ýaly kesgitleýär: **«Din ozaldan adam ruhyýetiniň düzüm bölegi hökmünde adamzadyň ýokary ideallary, hak we hakykat, ynsap we adalat baradaky arzuw-armanlaryny özünde jemleýän, olary durnukly kadalar şeklinde pugtalandyryp gelýän taglym we garaýyşlaryň bitewi bir ulgamydyr»[1].**

Dünýädäki ähli dinler haýyrlylyk taglymlaryna esaslanýar. Olar adamlary dogruçyllyga, rehimlilige we bagrygiňlige, birine azar bermezlige, ýaman işlerden saklanmaga, nebisjeň bolmazlyga, azaşmazlyga çagyrýar. Dini bagrygiňlik taglymy ähli dinlere mahsus bolan şu umumy ugurlara aň ýetirmek bilen, olaryň arasynda hyzmatdaşlygy ýola goýmaga hyzmat edýär. Ähli din wekillerini, olar berjaý edýän dini edim-gylymlary we amallary hormat etmäge, olaryň güýç we mümkinçiliklerini döwletiň, jemgyýetiň, bütin adamzadyň gowy maksatlaryna hyzmat etdirmmekde möhüm orun tutýar.

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma'naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma'naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 36-njy sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*Dinlerara bagrygiňlik diýip, dürli din wekilleriniň özara hormat esasynda, asylly taglymlar we niýetler ugrunda hyzmatdaş we raýdaş bolup ýaşamagyna aýdylýar.*

Şu günki günde dinlerara bagrygiňligi gazanmak üçin olaryň arasynda medeni aragatnaşyk, amaly hyzmatdaşlyk aragatnaşyklary ýola goýulýar. Aýratynam, soňky asyrda adamzadyň başyna düşen hatarlar – ýadro urşy howpy, ekologik heläkçilikler, terrorçylyk we dini ekstremizm ýaly apat-belalar dinleri ýagşylyk, ähli ynsanlar üçin ýeke-täk bolan planetamyzy saklap galmak ugrunda birleşmäge we hyzmatdaşlyk etmäge ündeýär.

Ähli dinleriň manysyny haýyrlylyk, Ýaradana we onuň gudratyna ynam, mähir-şepagat ýaly düşünjeler düzýändigi üçin hut ine şu düşünjeler dürli din wekillerini gatnaşyga, hyzmatdaşlyga çagyrýan umumy esas bolup hyzmat edýär.

Parahatçylygyň we berkararlygyň möhüm şerti bolan dinlerara bagrygiňlik taglymy bu günki günde diňe bir dindarlar däl, eýsem bütin jemgyýet agzalarynyň hyzmatdaşlygyny-da nazarda tutýar, agzybirlik gazanmagyň möhüm faktorlaryndan biri hasaplanýar.

Biziň ýurdumyzyň çäginde gadym-gadymdan yslam, hristiançylyk, buddizm ýaly dinler özara hyzmatdaşlykda ýaşap gelipdir. Şonuň üçin asyrlaryň dowamynda iri şäherlerimizde musulmanlaryň metjidi, hristianlaryň buthanasy, buddizm dinine uýýanlaryň ybadathanasy ýanaşyk iş alyp barypdyr. Gadymda Beýik ýüpek ýoly hut biziň iri şäherlerimiz arkaly geçipdir. Şu sebäpli dürli din wekilleri ýurdumyza gelip, bu ýerde hemişelik ýaşap galypdyr. Olaryň öz dini ygtykadyna erkin amal etmek, edim-gylymlaryny berjaý etmäge hiç kim päsgel bermändir. Ýurdumyzda taryhyň iň çylşyrymly döwürlerinde hem dini esasdaky dawalar bolmandyr. Gadymy şäherlerimizden tapylan gadymy ýadygärlikler, köne ýadygärlikler muny aýdyň tassyklaýar.





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Dini bagrygiňlik babatda şeýle däpler şu günki güne çenli dowam edip gelýär. Olaryň ählisi halkymyzyň dinlerara bagrygiňlik babatda baý tejribä eýedigine şaýatlyk edýär.

Halkymyz özüniň bagrygiňlik sypatlary bilen, haýsy millete ýada dine degişlidigine seretmezden, adamyň hormatyny berjaý edipdir, kömege mätäç dürli halk we millet wekillerinden mährini hem, maddy nygmatlaryny hem aýamandyr. Muňa taryhdan köp mysallary getirmek mümkin. Aýratynam, 1939-njy ýyldan başlanyp, 1945-nji ýyla çenli dowam eden Ikinji jahan urşy wagtynda halkymyzyň ýokary ynsanylyk sypatlary ýene bir gezek synagdan geçýär. Öňki SSSR-iň günbatar ülkelerindäki tutuş şäherler we obalar, sebitler uruş odunyň içinde galýar. Ol ýerlerde ýaşaýan parahat ilat wekilleri – çagalar, aýallar, garrylar çaltlyk bilen uruş ýalny ýetip barmadyk parahat ülkelere göçürilýär. Şol sanda, biziň ýurdumyza hem millionlarça aç-ýalaňaç, öýsüz-öwzarsyz, garawsyz adamlar getirilýär.

Halkymyz şol agyr döwürde tapan bar-ýok baýlygyny fronta iberip, kyn ýagdaýda ýaşaýandygyna seretmezden, dürli millet we din wekillerinden ybarat şol adamlary öz gujagyna alýar. Olara egin-eşik, öý, bir döwüm çöregini olar bilen paýlaşyp iýýär. Bu hakyky ynsanperwerlik, bagrygiňlik we mähir-şepagat nusgasydy. Biz halkymyzyň şeýle sypatlary bilen her näçe buýsanmaga haklydyrys.

Halkymyzyň şeýle sypatlary döwletimiziň senasynda-da aýratyn nygtalýar:

*Bagrygiň özbegiň öçmez imany –*
*Erkin, ýaş nesiller saňa zor ganat.*
*Garaşsyzlyk maýagy, parahatlyk sakçysy,*
*Haksöýer ene ýurt, baky bol abat.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Şu günki günde ýurdumyzda ähli dini konfessiýalaryň iş alyp barmagy üçin ýeterli şertler döredilen. Şu baradaky hukuk esaslary Özbegistanyň Konstitusiýasynda, «Wyždan azatlygy we dini guramalar baradaky» kanunda kesgitlenendir. Ýurdumyzda ondan gowrak konfessiýa degişli dini gurama bar.

Ýurdumyzda dürli millet we din wekilleriniň urp-adatlarynyň hem-de däpleriniň ösmegi üçin amatly şertler döredilýändigi, diniň düýp manysyna düşünmäge kömek edýän bilim, medeni aň-bilim mesgenleri, habar çeşmeleriniň barha köpelýändigide dinlerara bagrygiňligiň güýçlenmegine esas bolýar.

Netije çykaryp aýdanda, dinlerara bagrygiňlik taglymy adamzadyň medeni aň-bilim esasda, özara ylalaşyp ösmek zerurlygyndan gelip çykan bolup, ol haýyrlylyk ugrundaky hyzmatdaşlygyň ähli din wekilleriniň bähbitlerine laýykdygyna aň ýetirmäge we şu esasda hereket etmäge çagyrýar.

Eziz okuwçy, ine, milli taglymymyzyň tebigy düzüm böleklerini düzýän möhüm düşünjeler we ugurlar bilen hem gysgaça tanyşdyk. Şuny ýatdan çykarmaň, ýagny milli taglymymyzda jemlenen beýik maksatlary amala aşyrmak ilki bilen jemgyýetimiziň we şu jemgyýetiň agzasy bolan her bir adamyň ynha şu maksatlara çuňňur düşünip, olary amala aşyrmak ugrunda ak ýürekli zähmet çekmegine, okamagyna we işeňňirlik bilen işläp ýaşamagyna bagly.

Şonuň üçin milli taglymymyzyň esasy düşünjelerini we ugurlaryny ýöne bilmek bilen çäklenmezden, olary amala aşyrmak üçin goşant goşmaga çalyşyň. Şonda siz, elbetde, beýik Watanymyza mynasyp perzent bolup kemala gelersiňiz, gözlenýän haýyrly maksatlaryňyza ýetersiňiz.

*Tolerantlyk – bagrygiňlik sözüniň manydaşy bolup, çydamlylyk, dözümlilik, takat etmek, giňgylyklylyk diýen mazmunda ulanylýar.*

*Dini konfessiýa – belli bir dine ygtykat edýän adamlaryň köpçüligi.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

### *Soraglar we ýumuşlar:*

1. Dinler gadym zamanlardan bäri nähili taglymlary amala aşyrmaga hyzmat edip gelýär?
2. Prezidentimiziň din barada aýdan pikirleri barada aýdyp beriň.
3. Bu günki günde dinlerara bagrygiňligi pugtalandyrmak üçin nähili çäreler amala aşyrylýar?
4. Ýurdumyzyň çäginde gadymdan hyzmatdaşlykda ösüp gelýän nähili dinleri bilýärsiňiz?
5. Suratlara garap, bagrygiňlik sypatlary barada aýdyp beriň.

A) 

Ç) 

B) 

D) 



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

III bap

# RUHYÝETIŇ MÖHÜM ŞERTLERI

## KÖPÇÜLIK DUÝGUSY

Öňki derslerimizde nygtalyşy ýaly, milli taglymymyz, ruhyýetimiz halkymyzyň kalbyny we ruhuny, oňa mahsus bolan iň möhüm aýratynlyklary hem şöhlelendirýär. Bu hakda aýdylanda, il-ýurdumyzyň gadym zamanlardan başlap oturymly durmuş geçirip, köpçülik esasynda özara agzybirlikde ýaşap gelendigini bellemek gerek. Prezidentimiz Islam Karimow «Yuksak ma'naviyat – yengilmas kuch» kitabynda durmuş terzimize siňip giden şeýle sypatlar babatda her taraplaýyn durup geçmek bilen, halkymyz ne-ne zamanlar aşa basyp geçen çylşyrymly we şöhratly ýoly anyk durmuşy deliller arkaly suratlandyrýar.

**«Mälim bolşy ýaly, her bir halkyň ýa-da milletiň aňy, durmuş terzi, ruhy garaýyşlary öz-özünden, boş ýerde şekillenmeýär. Olaryň emele gelmeginde we ösüşinde anyk taryhy, tebigy we sosial faktorlar esas bolýandygyny hemmämiz gowy bilýäris. Meselem, Gündogar äleminde, şol sanda, özümiziň Orta Aziýa şertinde köpçülik bolup ýaşamak duýgusy örän möhüm ähmiýete eýe we adamlary bir-birine ýakynlaşdyrmaga, bir-birini goldap durmuş geçirmäge esas döredýär. Şu manyda, halkymyzyň durmuş we aň terzine nazar taşlasak, başgalara hiç meňzemeýän, müň ýyllaryň dowamynda şekillenen, diňe bir özara gatnaşyk däl, eýsem durmuşymyzyň tebigy bir bölegi hökmünde görünýän ençeme özboluşly aýratynlyklary görýäris»[1].**

Mysal üçin, ene dilimizdäki mähir-akybet, mähir-söýgi, mähir-şepagat, gadyr-gymmat diýen, bir-birini baýlaşdyrýan jümleler köpräk biziň halkymyz üçin ýakyn we düşnükli bolup, olary başga dillere terjime etmegiň özi kyn. Çünki bu düşünjeler il-

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma'naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma'naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 7–8-nji sahypalar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

ýurdumyzyň durmuşy, taryhy, milli gymmatlyklary we däpleri bilen birlikde şekillenip, onuň durmuş terziniň, dünýägaraýşynyň aýrylmaz bölegine öwrülipdir.

Elbetde, bu düşünjeler gulaga ýakymlylygy üçin kimdir biriniň ýörite oýlap tapan sözleri däl. Olar asyrlaryň dowamynda halkymyzyň ruhy durmuşynyň esasy hökmünde emele gelipdir, aňymyzdan çuňňur orun alan beýik gymmatlyklaryň amaly beýanydyr.

**«Meselem, gowy adatymyza öwrülip giden mähir-akybet düşünjesini alsak, onuň örän çuň taryhy, milli, dini kökleriniň bardygyny görmek bolar. Bu ilki bilen adamyň adam bilen, goňşynyň goňşy bilen, garyndaşyň garyndaş, maşgalanyň maşgala bilen, iň möhümi, şahsyň jemgyýet bilen sazlaşykly ýaşamagyny, ýetim-ýesirlere, biçärelere we maýyplara, mysapyrlara sahawat görkezmek, tüýs ýürekden, ak göwünli kömek bermegi aňladýar we şeýle aýratynlyk halkymyzyň ruhy älemine siňip gidendigini hiç kim inkär edip bilmeýär»[1].**

Biz ýaşaýan häzirki Özbegistan, Orta Aziýa çäginde ilat ozaldan jülgelerde, uly suw çeşmeleri – derýalaryň we anhorlaryň boýunda ýaşap gelipdir. Töweregi çöl we sähralar bilen gurşalan, tebigaty, klimaty gaty çylşyrymly, çalt üýtgäp durýan bu çäkdäki şertiň özi bu ýerdäki milletleriň we halkyýetleriň müň ýyllaryň dowamynda bir-birine ýakyn egindeş bolup, bir-biriniň agyryny ýeňledip ýaşamagyny talap edipdir. Ýagny, bu toprakda ýaşaýan adamlaryň dagynyk bolup ýaşamaga mümkinçiligi bolmandyr. Tebigatyň özi, durmuşyň özi olary köpçülik bolup ýaşamagyny zerurlyga öwrüpdir. Şeýle ýaşaýyş tebigy ýagdaýda adamlary bir-biriniň halyndan habarly bolup, dertdir guwançlaryny özara paýlaşyp, toýda hem, matamda hem bu durmuşyň ýüküni barabar çekmäge öwredipdir, ynsanlaryň kalbynda köpçüligiň pikirine hormat ruhuny güýçlendiripdir.

Köpçülikleýinlik ugurlary şu günki güne çenli durmuşymyzda uly orun tutup gelýär. Aýratynam, garaşsyzlyk ýyllarynda mähelle guramasynyň täzeden dikeldilip, oňa raýatlaryň özüni özi dolandyryş edarasy derejesiniň berlendigi köpçülik bilen bagly

---

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma'naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma'naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 8–9-njy sahypalar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

däplerimiziň we gymmatlyklarymyzyň, urp-adatlarymyzyň durmuş terzimizden has-da giň orun tutmagynda aýratyn ähmiýete eýedir. Meselem, ýowar (haşar), toý-tomaşalary mähelläniň adamlary bilen maslahatlaşyp geçirmek, Nowruz baýramy günlerinde halim, semeni ýaly bahar tagamlaryny taýýarlamak, dürli oýunlary we tomaşalary geçirmek, kömege mätäç, garawsyz adamlaryň halyndan habar almak, olara hoşniýetli kömek etmek, kem üpjün edilen maşgalalary goldamak, ýaşlaryň ahlak-ruhy terbiýesine, mähelledäki arassaçylyga, abadançylyga üns bermek bilen bagly gymmatlyklarymyz şolara degişlidir. Meselem, haşar hakyky köpçülikleýin zähmetiň, köpçüligiň gaýratynyň aýdyň görnüşidir. Şu çäre arkaly köpçülige birmeňzeş dahylly bolan işler amala aşyrylýar. Aýdaly, mähelläniň, obanyň ýa-da şäheriň köçeleri arassalanýar, abat edilýär, jemgyýetçilik mesgenler – mähelle güzeri, çaýhanalar, dükanlar ýa-da naharhanalar tertibe getirilýär. Haşar ýoly bilen kömege mätäç ynsanlaryň ýetmezçiligi düzedilýär, olara maddy we amaly kömek berilýär.

**Köpçülikleýin durmuş ynsany daş-töweregimizdäki adamlaryň gaýgysydyr guwançlaryna ünssüz bolmazlyga, başgalar üçin aladalanyp, diňe özüni dälde, özgeleri-de oýlap ýaşamaga öwredýär. Bu bolsa hakyky ynsanperwerlikdir.**

*Köpçülikleýinlik we ynsanperwerlik özara ýakyn düşünjelerdir. Mähir-şepagat, ar-namys, başgalaryň öňünde özüni saklamak, rehimlilik, şepagatlylyk, haýyr- sahawat, dertdeşlik, hyzmatdaşlyk ýaly ynsan üçin iň zerur we seýrek duýgy-düşünjeler hut köpçülikleýin durmuş esasynda peýda bolýar we ösýär.*

Bizde köpçülikleýin däpleriň güýçli bolany üçin käbir işe el urmazdan öň köpçülikden maslahat soralýar. Köpçülik makullan iş hökman ahyryna ýetirilýär. Köpçüligiň hormatyny gazanan adam abraýly ynsan hasaplanýar. Elbetde, bu derejä ýetmek aňsat däl. Munuň üçin halal zähmet çekmek, köpçüligiň bähbidi bilen şahsy bähbidi utgaşdyryp ýaşamak, başgalaryň göwnüne garap çemeleşmek talap edilýär.

Adam tebigatyna görä hemişe kim bilendir aragatnaşyk saklap, pikir alyşyp, hyzmatdaşlyk edip ýaşamaga meýillidir. Iňlis ýazy-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

jysy Daniýel Defonyň «Robinzon Kruzo» romanynyň gahrymany adamsyz ada düşüp galanda göwnündäkini aýdyp, oturyp dertleşýän hiç bir söhbetdeşiň ýoklugyndan näçe azap çekendigini bir göz öňüňize getiriň. Biçäräniň, näme etjegini bilmän, haýwanlar, ösümlikler bilen «gürleşendigi» adamzat durmuşynda köpçüligiň ornunyň nähili derejede çäksizdigini delillendirýär.

Özara pikirdeş adamlaryň agzybir köpçülik bolup hereket etmegi gündelik durmuşda, işde-de, zähmetde-de uly üstünliklere esas bolýar. Eger üns beren bolsaňyz, abraýly sport ýaryşlarynda haýsy köpçülik jebis we agzybir bolsa, ýeke-täk maksat ugrunda bir adam ýaly bolup hereket etse, şol köpçülik ýeňiji bolýar. Munda, hiç şübhesiz, her bir adamyň özboluşly ukyby we talanty, beden taýdan, ruhy mümkinçilikleriniň bardygyny hem hasaba almak gerek. Her bir adam özüniň şahsy, indiwidual aýratynlyklaryny, keşbini saklap galan ýagdaýda, şol bir wagtda köpçülikde öz ornuny tapmaly we özüne mynasyp wezipäni ýerine ýetirmelidir. Diňe şonda şeýle köpçülik iň güýçli köpçülik bolýar.

*Indiwiduallyk diňe bir adama mahsus aýratynlygyň we alamatlaryň aňlatmasy bolup, ynsan üçin bu hem iň zerur sypatdyr. Ýöne indiwiduallyk özüne bina gurmak, özüni başgalardan üstün saýmak, diňe şahsy bähbidi oýlap ýaşamaga öwrülýän bolsa, adamyň özi üçin hem, jemgyýet üçin hem zyýanlydyr.*

Köpçüligiň seýrek aýratynlygy şundan ybaratdyr, ýagny, şol gaýtalanmaz, bir-birine meňzemeýän adamlary olary gyzyklandyrýan, şahsy bähbitlerine degişli bolan maksatlar esasynda birleşdirýär, adamy kemter bolmaga, halal zähmet çekmäge, başgalara dertdeş bolmaga öwredýär. Munda, aýratynam, öňdebaryjylaryň orny çäksiz bolýar. Olar köpçüligiň bilelikde hereket etmegi, gaýratyny ýüze çykarmagy, umumy keýpini we hyjuwyny kesgitleýär. Öňdebaryjy näçe güýçli, gaýratly, tutanýerli we gujurly bolsa, köpçülik hem şonça güýçli bolýar.

**Okaýan synpyňyz we mekdebiňiz, maşgalaňyz, mähelläňiz siziň üçin gadyrdan köpçülikdir. Siziň dünýägaraýşyňyz, sypatlaryňyz hut şu köpçüliklerde şekillenýär.**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Ata-enäňiziň işleýän ýeri zähmet kollektiwidir. Adamyň bilim we tejribesiniň, başarnygynyň artmagynda, sypatlaryna sypat goşulmagynda, zähmet, halypa-şägirtlik däpleriniň ösüşinde, halal girdeji, rysgal-nesibe tapyp ýaşamakda zähmet kollektiwiniň orny çäksizdir.

Çuňňurrak oýlap görsek, hemmämizi gujagynda gorap saklap ulaldan, duz-çörek, aň-bilim beren ene Watanymyz hem dürli millete we halkyýete degişli ynsanlardan, her hili garaýşa we bähbide eýe bolan adamlardan düzülen uly kollektiwdir. Şu kollektiwiň öňdebaryjysy Özbegistanyň Prezidentidir. Ýurtbaşymyz ine şu ynsanlaryň bähbitlerine doly jogap berýän ýokary maksatlary kesgitläp, halkymyzy täze jemgyýet gurmak ugrundan tutanýerlilik bilen alyp barýar. Il-ýurdumyzyň edermen zähmeti, özara ylalaşyk we agzybir köpçülik bolup öňe ymtylmagy sebäpli ýurdumyz uly üstünlik we netijeleri gazanýar, dünýä bileleşiginden mynasyp orun eýeleýär. Bu, elbetde, hemmämizi guwandyrýar, geljekde şu halkyň mynasyp perzendi bolup ýurdumyzyň gülläp ösmegi ugrunda tüýs ýürekden gulluk etmäge çagyrýar.

***Soraglar we ýumuşlar:***

1. Halkymyzyň özboluşly aýratynlyklary diýende nämeleri düşünýärsiňiz?
2. Ene dilimizdäki mähir-şepagat, mähir-söýgi, mähir-akybet, gadyr-gymmat ýaly jümleleri näme üçin başga dillere terjime etmek kyn?
3. Eždatlarymyzy gadymdan köpçülik bolup ýaşamaga ündän nähili sebäpler bolupdyr?
4. Garaşsyzlyk ýyllarynda köpçülige mahsus nähili däplerimiz we gymmatlyklarymyz dikeldildi?
5. Köpçülikde öňdebaryjynyň orny we täsiri nähili?
6. Siz käbir köpçülikde öňdebaryjy bolup gördüňizmi?
7. Köpçülikden üzňe ýaşamak mümkin däldigini durmuşy mysallar arkaly düşündirip beriň.
8. Aşakdaky suratlarda halkymyza mahsus nähili sypatlar görkezilendigi barada gürrüň ediň.

A) 

B) 

Ç) 



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## YNSANA AŇ ÝETIRMEK

Eziz okuwçy, ruhyýeti ynsandan, onuň kalbyndan, aňyndan we dünýägaraýşyndan aýratynlykda göz öňüne getirip bolmaýar. Şonuň üçin hem Prezidentimiz Islam Karimow **«Ruhyýete düşünmek, aň ýetirmek üçin ilki bilen ynsany düşünmek, aň ýetirmek gerek»**[1], – diýip nygtaýar.

*Ynsana aň ýetirmek örän möhüm sypat, medeniýet bolup, gumanizm, ýagny ynsanperwerligiň esasyny kesgitleýän umumadamzat gymmatlykdyr.*

**Ynsana aň ýetirmek gadym-gadym zamanlardan bäri alymlary we filosoflary, şahyrlary, suratkeşleri we kompozitorlary, dürli kärdäkileri oýlandyryp gelýän örän çylşyrymly meseledir.**

Dünýädäki näçe-näçe kitaplar, saz we şekillendiriş sungaty eserleri hut şu meselä – ynsany düşünmek temasyna bagyşlanandyr. Şoňa seretmezden, şu günki günde hem ynsan hakynda anyk we gutarnykly bir kesgitlemäni aýtmak kyn. Çünki her bir adam – bütin bir älem. Tebigatyň, jemgyýetiň özgermegi bilen ol hem özgerýär.

**Ynsany düşünmek adamdan örän uly bilim we tejribäni, iň möhümi, päkize duýgulary, çuň kalby talap edýär.**

Adamy hiç hili güýç ýa-da gural bilen ýeňip, kalbyny, ruhuny zabt edip bolmaýar. Diňe kalbyna ýol tapmak arkaly onuň bilen dost we hyzmatdaş bolmak mümkin.

Ynsany düşünmekde ol degişli bolan halk, ýurt hakynda, onuň eždatlary hakynda bilmek möhüm ähmiýete eýe. Çünki adamyň

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 29-njy sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

gylyk-häsiýeti, kalby, duýgulary we düşünjeleri ol doglup kemala gelen ülkede, halkyň mährinden, urp-adatlaryndan we däplerinden, ata-babalarynyň mirasyndan iýmitlenmek bilen şekillenýär. Üns beren bolsaňyz, käbir ýere myhmana barsaňyz, täze tanyşan adamlaryňyz size ilki bilen «Hany, myhman, siz nireden bolýarsyňyz, ata-enäňiz, eždatlaryňyz kim?» diýen soragy berýär. Siz hakyňyzda gerekli maglumatlary bilenden soň, şoňa garap siziň göwnüňizi tapmaga, söhbet gurmaga çalyşýarlar.

Şu günki günde habar serişdeleriniň we tehnologiýalarynyň güýçli ösüşi netijesinde adamyň hereketlerini, ruhy dünýäsini öwrenmek, gözegçilik etmek mümkinçilikleri hem barha güýçlenýär. Elbetde, bularyň ählisi ynsany düşünmek babatda köp amatlyklary emele getirýär. Çünki ynsanlar, halklaryň arasynda içgin aragatnaşyklar näçe güýçlense, olaryň bir-birine düşünmegi şonça aňsat geçýär. Şonuň ýaly-da, dünýädäki halklary düşünmek, olar bilen ruhy taýdan ýakyn bolmakda olaryň çeper edebiýaty, teatr, kino, saz we şekillendiriş sungaty eserleri aýratyn ähmiýete eýe. Çünki olar her bir halkyň kalbyny we ruhuny beýan edýär.

Siz ýurdumyzda geçirilýän ençeme sungat we medeniýet çäreleri hakynda eşidensiňiz, elbetde. Hususan-da, Ýer ýüzüniň timarlanan ýeri diýen ykrarnama sezewar bolan gadymy şäher – Samarkantda her iki ýylda bir gezek «Şark taronalary» halkara aýdym-saz festiwaly geçirilýändigini bilýärsiňiz. Bu sungat dabarasynda dünýäniň dürli ýurtlaryndan saz sungatynyň görnükli wekilleri gatnaşýarlar. Olar öz ýurdunyň aýdym-sazy bilen birlikde, göýä halkynyň kalbyny hem Samarkanda alyp gelen ýaly bolýar. Olaryň ussatlyk bilen ýerine ýetiren sazlaryny diňläp, biz dünýädäki her bir halkyň we milletiň gözel ruhy dünýäsi, ruhy ymtylyşlary, päkize duýgulary bilen tanyşýarys. Hiç hili terjimeçisiz, düşündirişsiz şol halklaryň kalbyna düşünýäris, arzuw-isleglerini, durmuş terzini göz öňüne getirýäris.

Şol bir wagtda bir hakykaty ýatdan çykarmaly däl: durmuş çylşyrymly, şeýle ýagdaýlar hem bolýar, käte bir ömür söhbetdeş bolup, ýanaşyk ýören gadyrdan dostuňyzy-da düşünmek kyn bolup galýar. Şeýle wagtda duýgulara berilmezden, agraslyk, akyl-paýhas bilen çemeleşmek, özüňizi dostuňyzyň ýerine goýup görüp,



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



çuňňur pikir ýöretmek ýerlikli bolýar. Käte müň ajy sözden, öýkekineden görä, bir agyz şirin söz, ýerinde ulanylan içgin degişme, tüýs ýürekden mähir görkezmek adama köprak gowy täsir etmegi we müň dyrjaşmalar bilen açylmadyk köňlüň gulpy şeýdip açylyp gitmegi mümkin.

Başga biriniň kalbyny düşünmek näçe kyn bolsa, adamyň özüne aň ýetirmegi ondan hem çylşyrymlydyr. Oýlap gördüňizmi, adamzat näme üçin durmuşynyň dowamynda täzelige ymtylyp, bilim almaga, tejribe öwrenmäge, özgeler bilen aragatnaşyk saklap ýaşamaga ymtylýar? Çünki onda ilki bilen özüniň kimdigine aň ýetirmäge bolan gyzyklanma güýçli. Näçe köp bilime we düşünjä eýe bolsa, näçe köp adam görse, tanasa, özüni olar bilen deňeşdirmek we özi hakynda netije çykarmak mümkinçiligi-de şonça artýar. Şonuň üçin ynsan bir ömür özüne aň ýetirmäge çalyşýar. «Bu dünýä gelip, dogry ýaşadymmy, wagtymy peýdasyz işlere sarplamadymmy, ata-enemiň, halkymyň beren duz-nesibesini akladymmy?» diýen soraglar iru-giç her bir adamyň kalbynda peýda bolmagy mümkin.

Adam özüne çuňrak aň ýetirmegi üçin hemişe hüşgär we ägä bolup ýaşamaly, okuwdan, öwrenmekden, gözlegden sähelçe-de togtamaly däl. Eden işleri, ýalňyşlaryna we kemçiliklerine her gün tankydy baha berip, hasaba alyp barmalydyr. Mukaddes hadyslarda «Bişikden tä gubura çenli ylym öwreniň», diýip ýöne ýere aýdylmandyr. Ynsan bu dünýä okamak-öwrenmek, älemiň syrlaryndan habardar bolmak, özlügine aň ýetirmek üçin gelýär. Özüne aň ýetiren ynsan ene halkynyň, Watanynyň, bütin adamzadyň öňündäki borjuny, özüniň ynsanlyk wezipesini hem dogry düşünýär.

Eziz okuwçy, siz hemişe daş-töweregiňizdäki adamlara dogry düşünmäge çalyşyň. Tanyşmy, nätanyşmy, muňa seretmezden, hiç kimden salamyňyzy, içgin sözüňizi we mähriňizi aýamaň. Hiç haçan ýatdan çykarmaň, şirin sözüňiz, gowy gylyk-häsiýetiňiz bilen deňsiz baýlyk bolan ynsan kalbyna ýol taparsyňyz.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Siz düşünen ynsan – iň ýakyn dostuňyzdyr. Siz düşünmedik ynsan – entek siz ýetip barmadyk, açyş edilmedik dünýädir.**

**Bu dünýäde özüne, özgelere aň ýetirmäge hereket edip ýaşaýan adam öz ruhyýetini hemişe baýlaşdyryp, ýokarlandyrýan ynsandyr.**

Üns beren bolsaňyz, ata-eneňiziň göwnündäki islegini olar aýtmanka duýup, wagtynda çaý demläp berseňiz, aýakgabyny, geýimlerini arassalap goýsaňyz, olar nähili şat bolýarlar. Şu manyda, ynsana aň ýetirmek adamlaryň, ilki bilen ýakyn gadyrdanlaryňyzyň, il-ýurduňyzyň hyzmatyna taýýar, zerur wagtlarda olaryň derdine derman bolmak üçin gerek.

***Soraglar we ýumuşlar:***

1. «Ruhyýete düşünmek, aň ýetirmek üçin ilki bilen ynsany düşünmek, aň ýetirmek gerek» diýen sözler haýsy kitapda we kim tarapyndan aýdylypdyr?
2. Ynsany düşünmek adamdan nämeleri talap edýär?
3. Adamyň kalbyna nähili ýol tapmak mümkin?
4. El telefony, internet, kompýuter ýaly habar serişdeleri ynsany düşünmäge kömek edýärmi?
5. Siz haýsy sazy ýa-da aýdymlary gowy görýärsiňiz?
6. Şu suratlardan «Gündogar taronalary» festiwalyny tapyň we bu festiwalyň adama aň ýetirmek babatdaky ähmiýetini aýdyň.

A)


Ç)


B)


D)




*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## KANUNYŇ ILERI TUTULMAGY

Eziz okuwçy, Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Islam Karimow tarapyndan işlenip çykylan, ýurdumyzy ýokary ösüş gazanmaga gönükdirilen özgertmeleriň bäş prinsipi barada eşidensiňiz, elbetde. Häzirki günde bütin dünýäde «ösüşiň özbek modeli» diýip giň ykrar edilýän şu prinsipleri ýene bir gezek size ýatladyp geçýäris.

**Bular:**

**1. Ykdysadyýetiň syýasatdan üstünligi we aňyýetden azatlygy.**

**2. Döwletiň baş özgertmeçidigi.**

**3. Kanunyň ileri tutulmagy we hemmeler üçin deňligi.**

**4. Güýçli sosial syýasat ýöretmek we ilatyň kem üpjün edilen bölegini durmuş taýdan goramak.**

**5. Özgertmeleri tapgytlaýyn amala aşyrmak.**

Şu günki dersimiz bolsa ynha şu möhüm ugurlaryň biri – ýurdumyzda kanunyň ileri tutulmagy, oňa hemmeleriň birmeňzeş amal etmelidigi, hukuk medeniýetiniň nämedigi, kanuna amal etmegiň nähili gowy taraplarynyň bardygy we tersine, kanuna boýun egmezlik jemgyýetçilik durmuşyna nähili howp salmagynyň mümkindigi meselelerine bagyşlanan.

Adamzat öz geçmişinde guran ähli düzümleriň, jemgyýetleriň taryhy bir zatdan habar berýär.

**Haýsy düzümde ýa-da jemgyýetde kanunylyk ileri tutulan bolsa, raýatlar kanuna sözsüz boýun egen bolsa, şol jemgyýet we döwlet ýokary ösüş, parahatçylyk we abadanlyk gazanypdyr.**

Muňa halkymyzyň taryhyndan hem köp mysal tapmak mümkin. Meselem, «Temur tüzükleri» eserinden mälim bolşy ýaly, Sahypgyran Emir Temur döreden döwletiň çägindäki ähli işler –



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

uly döwleti dolandyrmakdan çekip, biçäreleriň halyndan habar almaga çenli berk düzgün esasynda, öz wagtynda we yzygider ýagdaýda guralypdyr. Her bir işiň, wezipäniň öz eýesi – ýerine ýetirijisi bolupdyr. Aksakgallar geňeşi tarapyndan kabul edilen kanun-kadalara iň iri emeldarlardan çekip ýönekeý raýata çenli – hemmeleriň deň amal etmegi, boýun egmegi talap edilipdir. Netijede, hem çäk taýdan, hem ykdysady, hem harby-syýasy taýdan iň iri döwletlerden biri bolan Emir Temuryň döwleti hemme tarapla-ýyn gülläp ösen, onuň kuwwatyna bütin dünýä höwes edipdir.

Tersine, kanunylyk depelenen, adam hukuklary we azatlyklary depelenen, jemgyýet dolandyryşy we halkyň takdyry öz halyna taşlanyp goýlan döwletler ne ösüş, ne-de abadanlyk gazanypdyr. Bu barada hem uzaga barman, özümiziň geçmişimizden mysal getirmek peýdalydyr. Ýurtbaşymyzyň «Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch» kitabynda temuriler hökümdarlygyndan soň – XVII asyrdan XX asyryň başlaryna çenli Türküstan topragynda ýüze çykan syýasy dagynyklyk, nadanlyk we yzagalaklygyň düýp sebäpleri çuňňur derňelip:

**«Üç hanlyga bölünip giden sebit uzak wagtlap özara dawalaryň we gapma-garşylyklaryň, uruş-jenjelleriň girdabynda galandygy diňe bir ykdysady, maliýe we harby kuwwat nukdaý nazaryndan däl, eýsem sosial-ruhy pikiriň ösüşine-de köp erbet netijeleri getirip çykarandygy»[1]** aýratyn nygtalýar.

Halkyň agzybirligini we raýdaşlygyny saklamak, milli bähbitler ugrunda tutanýerlilik bilen, jogapkärlik we hüşgärlik bolsa kanunylyk esasynda emele gelýär. Gynansak-da, taryhymyzyň «üç hanlyk döwri» diýlip atlandyrylýan döwründe munuň tersini görýäris.

**«Ýurt hökümdarlary we emeldarlary halkyň takdyry we geljegi hakynda alada etmegiň ýerine, öz şahsy bähbitlerini hemme zatdan üstün goýup, nadanlyk we gaflatda galyp gitmegi netijesinde biz bu gün ýaşaýan sebit umumyadamzat ösüş proseslerinden üzülip, ösüşden ýiti yza galdy»[2].**

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 50–51-nji sahypalar.

[1] Şol eser, 51-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Şulardan görnüşi ýaly, kanunylyk islendik jemgyýetiň ösüşiniň, abadançylygynyň we howpsuzlygynyň möhüm şerti, kepili hasaplanýar.

Jemgyýetde kanunylygyň amal etmegi üçin şu jemgyýetiň hukuk medeniýeti ýokary derejede bolmalydyr.

*Hukuk medeniýeti – bu adamlaryň döwlet we hukuk baradaky möhüm bilimleri eýeläp almak derejesi, adamyň kanunlary bilmek we olar esasynda ýaşamak boýunça toplan tejribesi, umumy hukuk derejesidir.*

Hukuk medeniýeti umumy medeniýetiň aýrylmaz, tebigy bir bölegi hasaplanýar. Jemgyýetde hukuk medeniýetiniň emele gelmegi aşakdaky faktorlara aýrylmaz bagly:

1. Döwlet tarapyndan halk bähbitlerini aňladýan hukuk syýasatynyň işlenip taýýarlanmagy we amala aşyrylmagy.
2. Ýurtda ýuridik – hukukşynaslyk ylymlarynyň ösen bolmagy.
3. Hemmäniň kanunyň öňünde deňligi.
4. Hukugy amala aşyrýan döwlet edaralary we wezipeli şahslaryň kanunlaryň çäginde öz hukugyny, borçlaryny ýerine ýetirmegi, olara aň ýetirmegi.
5. Hukuk terbiýesiniň, wagyz işleriniň yzygider ýola goýulmagy we başgalar.

Garaşsyzlyga ymtylýan Özbegistanymyzyň ösüşi adalatsyzlyk, kanuny äsgermezlik şertinde geçmegi umuman mümkin däl. Şu sebäpli-de garaşsyzlygymy gazanmagymyzdan bir ýarym ýyl öň – 1990-njy ýylyň 24-nji fewralynda sözlän sözünde bu meseläni iň möhüm wezipe hökmünde nygtaýar:

**«Iň ilki bilen, özümize şeýle sorag bermelidiris: her bir raýat, her bir adam, maşgala başlygy häkimiýetden nämä garaşýar?**

**Ähli zamanlara we halklara mahsus bolan iň esasy, iň möhüm, iň umumy maksady anyklaýan bolsak, şuny doly esas bilen aýtmak mümkin, ýagny döwlet peýda bolaly bäri, adam özüniň howpsuzlygyny goramagy, şahsy hukuklarynyň we azatlyklarynyň üpjün edilmegini döwletden garaşýar, häkimiýetden goldaw gözleýär.**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Häkimiýet şu tebigy talaplara jogap berip bilmese, göni aýdanda, beýle häkimiýet hiç kime gerek bolmaýar»[1].**

Şol ýyllardan başlap ýurdumyzda kanunyň ileri tutulmagyny üpjün etmek, hemmeleriň kanunyň öňünde deňligini amalda ornaşdyrmak babatda möhüm özgertmeler durmuşa geçirildi. Çünki, Prezidentimiziň sözleri bilen aýdanda, adamlar köp zada çydamagy, sabyr etmegi mümkin, ýöne adalatsyzlyga çydap bilmeýär. Şoňa görä, respublikamyzda öňki sowetler döwründe ýol berlen adalatsyzlyklary, kanunsyzlyklary aradan aýyrmaga girişildi. Bu bolsa halkymyzyň göwnüni almak bilen birlikde, onuň adalata, hakykatyň dabarasyna, döwlete hem-de geljegine ynamyny pugtalandyrdy. Geçen asyryň 30–50-nji ýyllarynda geçirilen gadagan syýasatynyň ähli gurbanlary päk atlarynyň dikeldilmegi, 80-nji ýyllarda «pagta işi», «özbekler işi» diýen zorluk bilen geçirilen derňewler sebäpli azatlykdan mahrum edilen ähli aýpsyz adamlaryň maşgalalarynyň gujagyna gaýtarylandygy – garaşsyz Özbegistanda «ynsan, onuň durmuşy, azatlygy, mertebesi, gadyr-gymmaty we başga eldegrilmesiz hukuklary – ýokary gymmatlyk» (Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň 13-nji maddasy) hasaplanmagynyň amaldaky subudy boldy.

Prezidentimiz şu baradaky işleri yzygider ýola goýmaga çagyrmak bilen, aşakdaky möhüm meselelere üns çekipdi:

**«Kanunçylyk we hukuk-düzgünçiligi dabaralanmasa, hukuk döwletini gurmagy göz öňüne getirip bolmaýar. Kanunyň ileri tutulmagy – hukuk döwletiniň esasy prinsipidir. Ol durmuşyň ähli ugurlarynda kanunyň berk hökümdarlygyny nazarda tutýar. Hiç bir döwlet organy, hiç bir hojalyk ýöredýän we sosial-syýasy gurama, hiç bir wezipeli şahs, hiç bir adam kanuna boýun egmek borjundan azat bolmagy mümkin däl. Kanunyň öňünde hemme deňdir»[2].**

[1] **Islam Karimow**. O‘zbekiston mustaqillikka erishish ostonasida. –D.: «O‘zbekiston» neşirýaty, 2011-nji ýyl, 128-nji sah.

[2] **Islam Karimow**. O‘zbekiston: milliy istiqlol, iqtisod, siyosat, mafkura. 1-nji jilt. –D.: «O‘zbekiston» neşirýaty, 1996-njy ýyl, 319-njy sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Geçen döwrüň dowamynda ýurdumyzda kanunçylygyň pugta esaslaryny döretmek, adam hukuklaryny, azatlyklaryny goramak, döwletimiziň içerki we daşary syýasatynda ynsanperwerlik, haýyrlylyk, adalat taglymlarynyň ileri tutulmagyny üpjün etmäge gönükdirilen ençeme kanun namalary kabul edildi. Ilatyň hukuk taýdan sowatlylygyny artdyrmak arkaly hukuk medeniýetini ýokarlandyrmaga gönükdirilen ulgamly işler alnyp baryldy.

«Hukuk medeniýeti» düşünjesi «hukuk aň-bilimi» we «hukuk taýdan sowatlylyk» ýaly düşünjeler bilen tebigy bagly. Bir zada üns beriň, hukuk aň-bilimi diňe bir kanunlaryň özüni däl, eýsem olary durmuşa ornaşdyrmak bilen bagly kanunasty resminamalary bilmegi hem talap edýär. Hukuk taýdan sowatlylyk we aň-bilim esasynda adamyň hukuk aňy şekillenýär. Hukuk aňy ýokary bolan adam kanunylyk bilen kanunsyzlygyň tapawudyna gowy düşünýär, öz hukuklaryny we azatlyklaryny goramak bilen birlikde, başgalaryň hukuklaryny hem-de azatlyklaryny hormat etmegi-de unutmaýar.

*Kanunylyk kanunyň ileri tutulmagy, kanunalaýyklyk, diňe kanun esasynda ýaşamak, kanundan çykmaga ýol bermezligi aňladýar.*

Kanunylyk höküm süren ýerde parahatçylyk-agzybirlik, tertip-düzgün we adalat emele gelýär, adamlaryň hukuklary we azatlyklary doly üpjün edilýär. Kanunsyzlyk bolsa kanunyň ýoklugy ýa-da ony ykrar etmezligi aňladýar. Kanunsyzlyk güýjän ýerde hiç haçan parahatçylyk-agzybirlik, tertip-düzgün we adalat bolmaýar.

**Başgaça aýdanda, hukuk medeniýetiniň iki tarapy bolup, oňa boýun egmek hemmeleriň borjy hasaplanýar. Ol, ilki bilen, adamyň öz hukuklaryny we azatlyklaryny gowy bilmegini we olardan doly peýdalanmagy talap edýär. Ikinjiden bolsa, şol adamyň kanunyň öňündäki, başga adamlaryň, halkynyň we Watanynyň öňündäki borçlaryny hem unutmazlygyny talap edýär.**

Hukuk medeniýetli adam kanunlardan gorkany üçin däl, eýsem olary hormat edýändigi, kanunlarda halkyň isleg-hyjuwyny



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

görýändigi üçin hem kanun esasynda ýaşamagy öz durmuşynyň mazmuny hasaplaýar.

Muny ýene-de anygrak göz öňüne getirmek üçin aýdýarys, ýagny siziň hukuklaryňyz we azatlyklaryňyz edil siziň ýaly başga bir adamyň hukuklarynyň we azatlyklarynyň araçäklerine çenli dowam edýär. Şol adamyň kanuny hukuklaryny we azatlyklaryny hormat etmek siziň kanunyň öňündäki borjuňyz hasaplanýar. Çünki hukuk demokratik döwleti öz ady bilen erkin jemgyýetdir. Onda zulumkärlik, güýç bilen mejburlamak ýok. Ähli gatnaşyklar raýatlaryň aňly hereketine esaslanýar. Bu jemgyýetde hemme azat ýaşaýar, erkin hereket edýär, durmuşyň ähli ugurlary kanun esasynda erkin ösýär. Bu mümkinçiliklerden kadaly peýdalanmak Konstitusiýada we kanunlarda kesgitlenen borçlaryň gyşarnyksyz berjaý edilmegini-de talap edýär. Eger şeýle edilmese, kanunda göz öňünde tutulan jeza çäreleri görülýär. Ýagny, şeýle jemgyýetde kanun beren azatlyklardan we mümkinçiliklerden kanunsyz peýdalanmaga ýol berilmeýär.

Islendik medeniýet ýokary aňa we pikire esaslanyşy ýaly, hukuk medeniýet hem adamlarda, ilki bilen, hukuk aňyny we dünýägaraýşyny şekillendirmegi talap edýär. Hukuk aňy we dünýägaraýşy bolsa Konstitusiýany, kanunlary, umuman hukuk ylmyny öwrenmek arkaly şekillenýär. Şonuň üçin hem ýurdumyzda ilatyň, aýratynam, ýaşlaryň hukuk bilimini we medeniýetini ýokarlandyrmaga aýratyn üns berilýär.

**Prezidentimiz 1997-nji ýylyň 27-nji iýunynda bu meselede ýörite permana gol çekmegi, 1997-nji ýylyň 29-njy awgustynda Aly Mejlis jemgyýetde hukuk medeniýetini ýokarlandyrmak milli maksatnamasyny kabul etmegi, 2001-nji ýylyň 4-nji ýanwarynda bolsa Ýurtbaşymyzyň «Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasyny öwrenmegi guramak barada»ky buýrugynyň kabul edilmegi-de ýöne ýerden däl.**

Ynha şeýle üns sebäpli şu günki günde mekdeplerimizde «Konstitusiýa elipbiýi», «Konstitusiýa älemine syýahat» okuw kurslary, «Döwlet we hukuk esaslary» ýaly ylymlar okadylýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Şeýdip siziň ýaly ýaşlarymyzda hukuk aňyny we dünýägaraýşyny şekillendirmek maksat edip goýuldy. Çünki hukuk medeniýeti ýokary adamlar näçe köp bolsa, halkymyz arzuw eden raýatlyk jemgyýetini gurmak prosesi şonça çaltlanýar. Galyberse-de, hukuk medeniýeti ýurtdaşlarymyzyň syýasy medeniýetini ýokarlandyrmaga-da esas bolýar. Syýasy medeniýetli adam özbaşdak pikirlenip, özüni özi dolandyrmagy başarýar.

Indi ruhyýet bilen hukuk medeniýetiniň özara bagly taraplary barada durup geçeliň.

**Aslynda hukugyň özi-de ruhyýetiň önümidir. Ynsanlar öz durmuşyny mazmunly etmek, parahat we asuda ýaşamak üçin hukuklary we borçlary berk kesgitleýän kanunlary oýlap tapypdyr.**

Çünki her bir adam hukugy we azatlygy, şol bir wagtda, özüniň başgalaryň öňündäki borçnamalaryna gowy düşünse, dünýäde ýamanlyk, adalatsyzlyk, her hili ýaramaz hadysalar kemelýär.

Adamyň ruhyýeti ýokarlandygy saýyn hukuk hakyndaky düşünjeleri-de kämilleşiberýär. Adamzat ýene-de köpräk hukuga, ýene-de köpräk azatlyga eýe bolmagy isleýär. Siz taryhdan okansyňyz – XX asyryň başlarynda söz azatlygy, metbugat azatlygy we wyždan azatlygy meseleleri köpçülik halklar üçin diňe arzuwdy. Ýewropada, Amerikada we Aziýada ine şu hukuklary talap edip adamlar näçe göreş alyp barypdyrlar. Şu günki günde bolsa beýle azatlyklar demokratik jemgyýetlerde Konstitusiýalar we kanunlar bilen pugtalandyrylyp goýlan gündelik gymmatlyga öwrüldi. Olarsyz indi durmuşy göz öňüne getirip bolmaýar.

Häzirki adamlar, aňy we pikiri ösendigi üçin, umuman başga talaplar bilen meýdana çykýarlar. Hususan-da, ýadro ýaraglaryny ýaýratmazlyk, halkara terrorçylyga we ekstremizme garşy göreşmek, daşky gurşawyň hapalanmagyna ýol bermezlik ýaly talaplar şu gün adamzadyň esasy talaplaryna öwrüldi. Bu meseleler Ýer ýüzünde ýaşaýşy saklap galmak, adamlaryň iň mukaddes hukugy bolan ýaşamak hukugyny gorap saklamak bilen bagly bolandygy üçin hem uly howatyr oýarýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Ynsany ruhyýetsiz göz öňüne getirip bolmaýşy ýaly, hukuksyz hem göz öňüne getirip bolmaýar.**

Diýmek, hukuk hem, ruhyýet hem ynsan durmuşynyň manysyny kesgitleýän möhüm faktorlar hasaplanýar. Şonuň üçin hem hukuk medeniýeti adamyň jemgyýetiň durmuşynda işeňňir gatnaşmagyna mümkinçilik berýän, ruhy derejesini görkezýän özboluşly ölçegdir.

***Soraglar we ýumuşlar:***

1. Jemgyýetde kanunyň ileri tutulmagyny gazanmak üçin nämeler talap edilýär?
2. Öňki sowetler döwründe adam hukuklaryna we azatlyklaryna ters işler amala aşyrylandygy barada ululardan nämeleri eşitdiňiz?
3. Kanunyň ileri tutulmagy bilen ýurtlaryň ösüşiniň arasynda nähili baglylyk bar?
4. Hukuk medeniýeti näme?
5. Adam hukuk medeniýetine eýe bolmasa, nähili ýagdaýa düşmegi mümkindigini mysallaryň kömeginde düşündirip beriň.
6. Ýurdumyzyň bilim ulgamynda ýaşlaryň hukuk aňyny ösdürmek boýunça amala aşyrylýan işler barada aýdyp beriň.
7. Aşakdaky suratlar esasynda kanunylygyň üpjün edilmeginiň jemgyýetiň durmuşynda nähili möhümdigi barada aýdyň.

A)




Ç)



B)



D)





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# INTERNETDEN PEÝDALANMAGYŇ MEDENIÝETI

### *(Amaly sapak)*

Şu amaly sapakda mugallymyňyz bilen siziň aşakdaky meselelere aýratyn üns bermegiňiz maksada laýykdyr:

– Internet ulgamynyň döreýiş taryhy;

– bu ulgamyň çäksiz mümkinçilikleri we ondaky çalasynlygyň sebäpleri;

– bu ulgam adamzadyň özara habar çalşygy, ykdysady aragatnaşyklaryň çaltlanmagy, syýasy we sosial ugurlardaky täzeliklerden habarly bolmagy, edaralar hem-de millionlarça adamlaryň arasyndaky medeni aragatnaşyklaryň aňsatlaşmagy ýaly ençeme oňyn mümkinçilikleri döredendigi;

– şonuň bilen birlikde, Internet ulgamyndan dürli betnebis maksatlarda peýdalanmaga çalyşýan bozgak güýçler, olar tarapyndan şu ulgama girizilen töhmetler, galp habarlaryň we görnüşleriň örän köpelendigi;

– Internetiň adamyň kalbyny we aňyny zäherlemekde, ahlagyna we ruhyýetine erbet täsir etmäge gönükdirilen köp saýtlaryň barlygy;

– şu ulgamdan önümli peýdalanmakçy bolan adam, ilki bilen, özüne nähili maglumatyň zerurdygyny, ony nireden gözlemegiň dogry bolýandygyny öňünden bilmegi ýokarda agzalan howplardan saklanmakda möhüm faktordygy;

– Internetdäki ýurdumyza degişli saýtlardan köpräk peýdalanmak ýaşlaryň ylym-bilimini ýokarlandyrmaga, Watanymyzyň taryhy hem-de şu günki güni barada halys we anyk maglumatlary almak mümkinçiligini döretmegi;

– Internetden alnan dünýä ylmy, medeniýeti, dürli ýurtlaryň taryhy we şu güni baradaky maglumatlary özara deňeşdirmek şu maglumatlaryň ynamlylygyny anyklamakda möhümdigi we başgalar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Amaly sapak üçin edebiýatlar:

1. *Islam Karimow.* Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma’naviyat», 2013-nji ýyl, 128–132-nji sahypalar.

2. Islam Karimow. Vatan va xalq mangu qoladi. –D.: Alyşir Novaýy adyndaky Özbegistanyň Milli kitaphanasy neşirýaty, 2010-njy ýyl, 95–97-nji sahypalar.

3. Prezident Islom Karimovning «Yuksak bilimli va intellektual rivojlangan avlodni tarbiyalash – mamlakatni barqaror taraqqiy ettirish va modernizatsiya qilishning eng muhim sharti» mavzusidagi xalqaro konferensiyaning ochilish marosimidagi nutqi. –D.: «Xalq so‘zi» gazeti, 2012-nji ýyl, 17-nji fewral sany.

4. Milliy istiqlol g‘oyasi: asosiy tushunchalar, tamoyillar va atamalar. –D.: «Yangi asr avlodi» neşirýaty, 123–124-nji sahypalar.

## BARLAG IŞI

Ý u m u ş : ***«Milli öz-özüňe aň ýetirmek»*** *temasynda referat taýýarlaň.*

Ony ýazanda aşakdaky meseleler boýunça özbaşdak pikir ýöretmäge çalyşyň:

– Ýurtbaşymyzyň «O‘zbekiston mustaqillikka erishish ostonasida» (kitabyň 66–71, 174–178, 222–226, 249–253 hem-de 272–274-nji sahypalary) we «Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch» kitabynda (eseriň 5–7 hem-de 29–35-nji sahypalary) şu mesele boýunça aýdan pikirleri;

– milli özlügine aň ýetirmedik halk, milletiň nähili ýagdaýa düşmeginiň mümkinligi;

– öňki sowetler döwründe halkymyzy milli özlüginden aýyrmak üçin alnyp barylan syýasat we onuň netijeleri;

– öz-özüňe aň ýetirmek taryhy hatyrany oýarmakdan başlanyşy;

– garaşsyzlygyň ilkinji ýyllaryndan başlap ýurdumyzda milli öz-özüňe aň ýetirmek, aňlatmak boýunça amala aşyrylan hakyky taryhy işler;

– milli öz-özüňe aň ýetirmek şahsyň, milletiň, halkyň kalbynda milli buýsanç we guwanç duýgusynyň güýçlenmeginde möhüm faktordygy;

– özlügine aň ýetiren halk ýagty geljegine berk ynam bilen garaýşy we başga meseleler.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

IV bap

# RUHYÝET – JEMGYÝETIŇ WE MILLETIŇ GÜLLÄP ÖSMEGINIŇ BAŞ FAKTORYDYR

## RUHYÝET – YNSANYŇ WE JEMGYÝETIŇ MEDENIÝETINIŇ ESASYDYR

Hormatly okuwçylar, häzire çenli alan bilimleriňizden aňan bolsaňyz, ruhyýet diňe adama mahsus aýratynlykdyr. Çünki dünýädäki jandarlaryň içinde diňe adam öz öňüne maksat goýup, oýlanyp-pikirlenip ýaşaýar. Ruhyýetşynas alym Abdurahim Erkaýew bu barada aşakdaky pikirleri aýdýar: «Tebigatda ruhyýet ýok. Biz haýwanat dünýäsiniň görnüşlerine, hillerine, nesline we başga alamatlaryna garap olary edepli we hoşniýetli, näzik datly, hudaýa ynanýan ýa-da wyždansyz, hudaýsyzlyk batgasyna batan we ş.m. diýip bilmeris. Eger ýene-de anygrak we janly mysalyň kömeginde aýtsak, «ine bu doňuz we eşek – näzik gylykly, ajaýyp sypatly, ana ol ikisi baryp ýatan dindar, ynha bulary bolsa ynsapsyz we tamagir», diýen jümlä aklyň sygjak zat däl. Ösümlik dünýäsi hakynda şu mynasybetli geplemegiň özi artykmaç»[1].

Şundan görnüşi ýaly, biz ruhyýet we onuň bilen bagly düşünjeler hakynda gürrüň edenimizde, diňe adama mahsus ýokary duýgulardan, endiklerden, tejribelerden gelip çykýarys, şolara daýanýarys.

**Ýene bir zady ýatdan çykarmaly däl, ruhyýet sosial hadysa hasaplanýar. Bu diýeni onuň peýda bolmagy, kämilleşmegi, nesilden nesle geçmegi adamyň işi bilen baglydyr.**

Adamlaryň işi bolsa özara jemlenip jemgyýetçilik durmuşyny emele getirýär. Diýmek, adam we onuň işisiz, jemgyýetiň sosial durmuşysyz ruhyýeti göz öňüne getirip bolmaýar. Ýurtbaşymyz ruhyýetiň adamyň aňyna we kalbyna siňişini aşakdaky ýaly beýan edýär:

[1] **A. Erkaýew.** Ma'naviyat va taraqqiyot. –D.: «Ma'naviyat» neşirýaty, 2009-njy ýyl, 19-njy sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**«Ruhyýet adamyň gan-ganyna, süňküne ýyllaryň dowamynda ene süýdi, maşgala terbiýesi, eždatlaryň öwüdi, Watan duýgusy, bu durmuşyň käte ajy, käte guwançly sapaklary bilen damja-damja bolup siňip barýar»[1].**

Indi Prezidentimiziň şu pikir ýöretmesiniň aşagynda ýatan many-mazmuny çuňrak düşünmäge hereket edeliň.

Ruhyýet adamyň ganyna, süňküne siňýän duýgular, garaýyşlar we endikler toplumy bolýan bolsa, diýmek, olary göz bilen görüp, el bilen tutup, reňkini ýa-da ysyny bilmek mümkin däl. Ruhyýet adamyň ruhyýetinde, kalbynda we aňynda şekillenip ulalýar. Ruhy gymmatlyklar eždatlar toplan tejribeleri, göreldeler, ahlak garaýyşlar terzinde nesillere geçýär.

**Bulara eneleriň hüwdüsi-de, maşgaladaky gatnaşyklar hem, beýikleriň galdyran seýrek kitaplary, medeni ýadygärlikler şeklindäki ruhy-aň-bilim çeşmeleri-de, şu günki günüň döredijilik işgärleriniň döreden eserleri, alymlaryň açyşlary hem girýär.**

Watan duýgusynyň özi näme, ol adamyň kalbynda nähili peýda bolýar, nämeleriň kömeginde kämilleşýär, diýen meseleler barada bolsa siz bilen aşaky synplarda söhbetleşipdik.

Ýurtbaşymyz ynsan ruhyýetiniň şekillenmeginde «durmuşyň käte ajy, käte guwançly sapaklary» hem möhüm orun tutýandygyna ünsi çekýär. Häzire çenli alan bilimleriňizden we tejribeleriňizden bilşiňiz ýaly, durmuş dürli çylşyrymlylyklardan, gapma-garşylyklardan doludyr. Onda guwançly günler bilen birlikde, aladaly, gamgyn pursatlar hem köp bolýar. Üns beriň, bu ähli aladalaryň, azaplaryň aglabasy hut siz bilen biziň ýaly adamlaryň hereketi sebäpli ýüze çykýar. Ýagny käbir adamlaryň ruhyýetindäki ýetmezçilikler, adamlarda duşýan wyždansyzlyk, ahlaksyzlyk, iman we ygtykadyň gowşaklygy başga adamlar üçin näçe-näçe meseleleri döredýär. Diýmek, ine şu nogsanlardan alan ajy sapaklarymyz siz bilen bize-de görelde bolmalydyr. Ýagny, özümizde şeýle nogsanlar bolman, şu ýolda edýän hereketlerimiz ruhy älemimiziň päk bolmagyna esas döretsin.

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 28-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Prezidentimiz «Yuksak ma'naviyat – yengilmas kuch» eserinde ruhyýeti şekillendirýän esasy ölçegler hökmünde aşakdakylary ýeke-ýekeden düşündirýär: 1. Ruhy miras, medeni baýlyklar, köne taryhy ýadygärlikler. 2. Halk agzeki döredijiligi. 3. Mukaddes dinimiz. 4. Beýik alymlarymyzyň, akyldar babalarymyzyň misli görülmedik ylmy-döredijilikli açyşlary. 5. Maşgala, onuň orny we täsiri. 6. Mähelläniň roly we ähmiýeti. 6. Tälim-terbiýe ulgamy.**

Eger üns berseňiz, adamyň, şol sanda, biziň ýurdumyzda doglup ösen adamlaryň durmuşyny ýokarda sanap geçilen gymmatlyklarsyz göz öňüne getirip bolmaýar. Hakykatdan hem, biziň ülkämizde dünýä meşhur ençeme medeni baýlyklar, köne taryhy ýadygärlikler gurlan.

**«Ýurdumyzyň çäginde bar bolan dört müňden gowrak maddy-ruhy ýadygärlik umumjahan mirasynyň seýrek nusgasy hökmünde ÝUNESKO -nyň sanawyna girizilendigi hem bu pikiri tassyklaýar»[1].**

Olaryň arasynda mundan üç müň ýyl öň Horezm oazisinde döredilen «Awesto» kitaby aýratyn ünse laýykdyr. Şu kitabyň düýp many-mazmunyny kesgitleýän «Gowy pikir, ýagşy söz, haýyr amal» diýen baş taglymy henize çenli öz derwaýyslygyny, ähmiýetini ýitiren däldir.

**«Awesto»daky bu taglymat boýunça ynsanyň imanygtykady üç daýanja esaslanýar: birinjisi – pikirleriň saplygy, ikinjisi – söze durnuklylyk, üçünjisi – amallaryň ynsanylygy.**

Gadymky eždatlarymyz çagalaryň diňe nogsansyz dogulmagyna we bäbekliginden beden terbiýesine uly üns bermek bilen çäklenmän, olaryň ylym we hikmet öwrenişine, ruhy päk bolşuna, gowulyk we haýyrlylyk häsiýetlerini eýelemegine hem uly gamhorlyk edipdirler.

Ogul çagalar il-ýurduň geljekki goragçylary bolandygy üçin göreş tutmak, ata suwluk salmak, ony eýerlemek, ata we düýä

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma'naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma'naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 30–31-nji sahypalar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

erk etmek, mallara ideg etmek , ony ýyrtyjy haýwanlardan we garakçylardan goramak üçin 50 -den gowrak harby, söweşiji gurallary ulanyp bilmek endiklerini eýelemek mejbury bolupdyr. Olara ýene 30 dürli harby hünär görnüşleri öwredilipdir.

Gyzlara-da ýüňden ik bilen çarhda ýüp egirmek, mata dokamak, lybaslar tikmekden daşary, oglanlar bilen göreş tutmak, çapyksuwarlyk, gylyçbazlyk etmek, galkan tutup özüni bäsdeşinden goramak, otda her hili germewlerden böküp geçmek, suwda ýüzmek, uzaga ylgamak, naýza oklamak, kemandan ok atmak we başga beden-harby maşklary ýerine ýetirmegi öwredipdirler.

Şeýdip eždatlarymyz perzentleriň bedenini-janyny, ruhyýetini bişişdiripdirler, terbiýeläpdirler. Olar haýyrlylygy, gowulygy, hoşniýetliligi ýowuz güýçleriň hüjümine we wehimine garşy güýç-gaýrat çeşmesi, hasaplapdyrlar. Zulumkärleriň ýoluny beklemegi başarýan hem beden taýdan, hem ruhy taýdan gorap bilýän, bentleri gurupdyrlar.

Köpçüligimiz halkymyzyň gadymy ertekilerini, rowaýatlaryny, dessanlaryny hezil edip diňleýäris, okaýarys. Olarda suratlandyrylan waka-hadysalar, gahrymanlaryň edermenligi kalbymyzy tolgundyrýar, bilimimizi artdyrýar, döredijilikli düşünjelerimizi giňeldýär. Galyberse-de, olarda halkymyzyň azatlyga we erkinlige, abadan we parahat durmuş geçirmäge bolan ozaly arzuw-islegleri jemlenendir. Halk agzeki döredijiligi diýen at bilen bize çenli zowalsyz ýetip gelen ynha şu ruhy baýlyklarymyzyň arasynda «Alpamyş» dessany aýratyn tapawutlanýar. Ýurtbaşymyz bu esere aşakdaky ýaly ýokary baha berýär:

**«Eger-de halkymyzyň gadymy we şanly taryhy tükeniksiz bir dessan bolsa, «Alpamyş» ana şu dessanyň şa beýti, diýsek, dogry bolýar. Bu nusgawy eserde taryhyň tupanlaryndan, aldym-berdimli synaglaryndan aman çykyp, özlügini hemişe saklan il-ýurdumyzyň bagrygiňlik, edermenlik, asyllylyk, wepa we sadyklyk ýaly gowy sypatlary öz beýanyny tapypdyr»[1].**

Hakykatdan hem, dessanyň baş gahrymanlary Alpamyş bilen Berçinaýyň başyna ne-ne görgülikler düşmeýär. Bu iki ýaş ýurdy,

---

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 33-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

häkimiýeti ýowlardan arassalap, dürli pitnelere, aldawlara ynanman maksada tarap ymtylmak, ile jebir etmekçi bolýanlara mynasyp zarba bermek, ahyrynda öz iline, ene ýurduna mynasyp eýelik etmek ýaly jogapkärli wezipeleri şöhrat bilen ýerine ýetirýärler. Şu göreşleriň dowamynda olaryň doglup ösen ýurda mähri, dostluga sadyklygy, dogan-garyndaşlaryna misli görülmedik rehimi, päk söýgüsi synagdan geçýär, taplanýar. Ýurtbaşymyz halkymyzyň gadymy we şanly taryhyny tükeniksiz bir dessan diýip, «Alpamyşy» bolsa şu dessanyň şa beýti diýip baha bermeginiň aşagynda ynha şu hakykat ýatyr. Ýagny halkymyza mahsus bolan, ony asyrlaryň synagyndan aman alyp çykan ähli asylly sypatlar hut şu dessanda baky aýdym ýaly wasp edilendir.

Adamyň, halkyň ruhyýetini şekillendirýän esasy ölçeglere girýän mukaddes dinimiz, akyldar babalarymyzyň beýik ylmy-döredijilikli açyşlary, maşgalanyň we mähelläniň, tälim-terbiýe ulgamynyň roly hem-de ähmiýeti barada öňki sapaklarymyzda bölekleýin gürrüň eden bolsak, indiki derslerde-de olara aýry-aýry durup geçeris.

Häzir bolsa adamyň ruhyýetiniň şekillenmeginde möhüm orun tutýan sabyr-kanagat, mähir-şepagat, gowulyk we ýamanlyk ýaly düşünjelere düşündiriş berip, olara aň ýetirmäge synanyşarys.

*«Kanagat» düşünjesi durmuşda agyrlyklara çydamak, nebsiňi saklamak, aza-da, köpe-de dözümli (kanagatly) bolmagy aňladýar.*

Adamyň durmuşynda dürli tötänlikler, bagtly we bagtsyz, gowy we ýaman günleriň bolmagy tebigydyr. Ýöne ynsan bagtsyzlygyň yzyndan bagt, ýamanlygyň yzyndan gowulyk, mätäçligiň yzyndan bolelinligiň geljekdigine ynanyp, şoňa hereket edip ýaşamalydyr. Durmuşyň agyrlyklaryna, çylşyrymlylyklaryna çydan, olary dözümlilik bilen ýeňen adamlar gowy günlere hem, ýagty günlere-de hökman ýetýär.

Eger haýwanlaryň durmuşyna nazar salsaňyz, olarda kanagat, sabyr duýgusynyň gowşaklygy sebäpli hem elhenç hadysalaryň ýüze çykýandygyna şaýat bolarsyňyz. Käbir haýwanlar iýmit tapyp bilmän galan wagtlary özüniň sürüsindäkilere, hatda zürýatlaryna-da hüjüm edýär, olary ýyrtyjylar ýaly iýip, nebsini kanagatlandyrýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Kimiňki tebigatynda kanagat, sabyrlylyk, şükürlilik duýgulary güýçli bolsa, şeýle ynsan adamçylygyň çäginden hiç haçan çykmaýar, başga biriniň merhemetine güni galmaýar, özgeleriň minnetinden ýyrakda gezýär.**

Sebäbi minnete sebäp bolýan käbir gowulyk aslynda gowulyk hasaplanmaýar. Özüni hormat edýän, gadyrlan adam şeýle «gowulyga» mätäçlik duýmaýar, belki öz güýji, gaýraty, sabyr-kanagaty bilen, ähli zady özi gazanýar. Özbegistanyň Gahrymany, halk şahyry Abdulla Oripowyň «Iltimos (Haýyş)» atly goşgusynda hut şoňa çagyrylýar:

*Sergezdan, ýollarda galsaň hemki aç,*
*Sabyr-kanagaty etgil başga täç,*
*Sahy däl ýoldaşa bolma hiç mätäç,*
*Hergiz haýyş söze günüň galmasyn.*

Ýogsam, näme üçin şahyr sahy däl ýoldaşdan şeýle iripdir? Haýyş etmegiň, käbir meselede başgalardan kömek almagyň nämesi ýaman? Durmuşda adamlaryň bir-birlerine işi düşmegi, isle-isleme, olaryň birek-birekden nämeleridir haýyş etjegi tebigy ahyryn!

Hemme gürrüň şol haýyşy kime etmekde, kimden kömege garaşmakdadyr. Şahyr sahy däl – maýdaçyl, namart, eden azajyk gowulygyny başgalara minnet edýän kimselere ýalbarmazlygy nygtaýar. Çünki:

*Teýenedir dünýäde ýamandan ýaman,*
*Nan berip reňkiňi edýändir saman.*
*Aklyň bitin bolsa, dört müçäň aman,*
*Hergiz haýyş söze günüň galmasyn.*

**Hakykatdan hem, adamyň akly bitin, teni-jany sag bolsa, şu aklyny we güýjüni işe salsa, bu dünýäde köp maksatlaryna ýetjegi anyk.**

Halkymyz şu babatda örän sahy halk hasaplanýar. Iň agyr wagtlarda hem biziň halkymyz özüniň ynsany keşbini ýitirmändir, buýsanjyny elden gidermändir. Babalaryňyzdan durmuşy dowamynda başyndan geçiren hadysalary köprak aýdyp bermegi haýyş etseňiz, olary diňlemegi öwrenseňiz ýaman bolmazdy. Sebäbi, olar halkymyzyň geçmişinden gaty köp göreldeli hadysa-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



lary size hekaýa edip bermekleri mümkin. Şol sanda, Ikinji jahan urşy, uruşdan soňky agyr ýyllarda özbek halky köp kynçylyklara merdanalyk bilen dözendigi, fronta hem-de uruş sebäpli weýran bolan ülkelere azyk we başga maddy baýlyklary iberip durandygy barada olardan janly hekaýalary diňleýärsiň. Bu hekaýalar nämä şaýatlyk edýär? Halkymyzyň nähili sahydygyna, sabyr-takatlylygynyň çäksizdigine, ynsanperwerdigine!

Şol bir wagtda bu halk başgalaryň öňünde dili gysga bolmazlyk, özgeleriň minnetine galmazlygy-da özüne ygtykat edinipdirler. Onuň ýerine ähli kynçylyklary we kemçilikleri sabyrlylyk bilen, erjellik bilen ýeňýär biziň halkymyz. Sebäbi, sabyr arkaly maksat edinen köp işleriň amala aşjagyny, sabyrsyzlyk sebäpli bolsa adamyň ýoldan azjakdygyny halkymyz gowy bilýär.

Üns beren bolsaňyz, adamlaryň durmuşy hemişe birsydyrgyn geçmeýär. Aýratynam, maşgalada dürli agyrlyk, ýetmezçilikleriň ýüze çykmagy-da tebigydyr. Ata-eneňiz siziň haýyşyňyzy bir gezek baş üstüne diýip ýerine ýetirse, başga gezek eli gysgalyk etmegi-de mümkin. Ynha şeýle ýagdaýda olary dogry düşünmelisiňiz, gyjalata goýmazlygyňyz gaty möhümdir.

**Dogrusyny aýdanda, şeýle gatnaşygy – sabyr-kanagaty gören ata-eneňiziň size bolan mähri ýene-de artýar, mümkingadar haýyşyňyzy çaltrak ýerine ýetirmäge çalyşýarlar.**

Görşüňiz ýaly, biziň sabyr-çydamlylygymyz hem maşgala gurşawynyň sagdynlaşmagyna, özara gatnaşyklardaky mylaýymlygyň güýçlenmegine sebäp bolýar. Çünki, ene halkymyz ýöne ýerden:

*Sabyr etseň horadan halwa biter,*
*Bisabyrlar öz aýagyndan ýiter, –*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

diýmändir. Sebäbi, adamda sabyr-takat, kanagat bolmasa, ol açgöz, mal-dünýä doýmaýan, baýlyga we döwlete berlen adam göz öňüne gelýär. Bu bolsa adamy garyndaş-uruglardan, dost-doganlardan, ahyrky netijede, jemgyýetden üzňeleşmegine getirýär. Geçmişe nazar taşlasak, adamzadyň başyna düşen gaty köp elhençlikleriň, uruşlaryň, talaňçylyklaryň aşagynda hut şu erbet taraplaryň durandygyna şaýat bolýarys.

Mekdepdäki taryh dersinde uruşlar hakynda gaty köp hekaýalary okaýarys. Üns beriň, ne-ne soltanlyklar, döwlet gurluşlary bir topar kimseleriň sabyrsyzlygy, açgözlügi, naşükürligi netijesinde pese gaçypdyr. Edil şu sabyrsyzlyk apaty ogluny atasyna, inisiniň agasyna garşy söweş başlap, müňlerçe günäsiz adamlaryň ömrüniň kül bolmagyna sebäp bolmadymy?

Ata-babalarymyzyň nähili mähirli, şepagatly bolandygy barada taryh derslerinde köp göreldeli hekaýalary okansyňyz. Häzir bolsa şuny ýatlatmakçy, ýagny mähir hem, şepagat hem başga birine görkezmek maksadynda edilmeýär. Halkymyz «Sag eliň berenini çep eliň bilmesin» diýýär. Bu diýildigi – başgalara edýän her bir gowulygymyz biminnet, halys bolmalydygyny aňladýar. Diňe şonda edilen gowulygyň bereketi bolýar, sogap getirer. Ýene bir tarapy – biziň halkymyz abraýyny gaty berk saklaýar. Köp adamlar her näçe gynansa-da, başga birine bildirmezligi, derdini ýaýmazlygy endik edinendir. Diýmek, şu adamlara edilýän kömek, gowulyk hem artykmaç owaza edilmeýär, hiç kimi gyjalata goýmak bolmaýar.

**Synpdaşlaryň arasyndaky özara gatnaşykda mähir we mylaýymlyk duýgulary güýçli bolsa, bu synpyň ajaýyplygy başgaça boljagy anyk. Sebäbi, ynsanperwerlik, adalatlylyk, mähir we şepagat adam çagasyny, köpçüligi, jemgyýeti bezäp durýan ölmez-ýitmez zynatdyr.**

Okuwçylar, ýene bir zady ýatdan çykarmaň, entek ýaşaýyş barka, gowulyk bilen ýamanlyk, haýyrlylyk bilen ýowuzlygyň arasyndaky göreş togtamaýar. Özbegistanyň Gahrymany, halk şahyry Erkin Wahidow durmuşyň bu ajy hakykatyny «Ýamanyň sözi» goşgusynda şeýle beýan edipdi:



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*Bu älemiň dergähi giňdir,*
*Gowusydyr-ýamany deňdir.*
*Kuýaş gezip gökde aýlanar,*
*Nurun saçýar bize barabar.*
*Diňe meniň goýnumda daş bar,*
*Şundan seniň gözüňde ýaş bar.*
*Seň eliňde çyra bar parlak,*
*Goýandyryn seniň ýoluňa duzak.*

Diýmek, biz ýamanlaryň goýnundaky daşdan – ýowuz niýetleri, aldawçy taglymlaryndan, bize ýat aňyýetlerinden, edep-ahlagymyza ters garaýyşlaryndan hemişe ägä bolmalydyrys, kalbymyzy gorap saklamalydyrys.

***Soraglar we ýumuşlar:***

1. Ýokary ruhyýeti ynsanyň we jemgyýetiň medeniýetiniň esasy, diýip hasaplamagymyzyň sebäbi nämede?
2. Ruhyýet adamyň aňyna, kalbyna näme üçin ýyllaryň dowamynda siňip barýar? Şu prosesi çaltlandyryp bolarmy?
3. «Awesto» kitabynda öňe sürülen ölmez-ýitmez taglymyň many-mazmunyny giňräk düşündirip bilermiň?
4. Ýurtbaşymyz halkymyzyň gadymy we şanly taryhyny näme üçin «tükeniksiz bir dessana» meňzedýär?
5. Sabyr-kanagat adamyň durmuşynda nähili ähmiýete eýe? Bisabyrlyk nähili?
6. Sabyrsyzlyk edip gyjalata galan wagtlaryňyz ýadyňyzdamy? Şu hakda synpdaşlaryňyza aýdyp berip bilermiň?
7. Minnet näme? Durmuşyňyzda Size minnet etdilermi?
8. Aşakdaky suratlara garap, halkymyzyň ruhyýetini aýdyň beýan eden kinofilmleriň we spektakllaryň atlaryny aýdyň, olar barada synpdaşlaryňyz bilen söhbet guraň.


A)


B)


Ç)


D)



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## DOSTLUK – ÝOKARY RUHY DÜŞÜNJE

Eziz okuwçy, geçen dersleriň dowamynda siziň bilen adamyň tebigatynyň gaty çylşyrymlydygy, kalbynyň bolsa iňňän näzikdigi barada gürrüň edipdik. Hakykatdan hem, entek häzire çenli adamyň içki dünýäsini doly bilip bolar ýaly hiç bir usul oýlap tapylmandyr. Diňe bir başgalar däl, eýsem adamyň özi hem özüni bilip bilmän, «tapyp bilmän» kösenýär. Şu sebäpli hem ol hemme wagt durmuş şatlyklaryny we aladalaryny paýlaşýan dertdeş, pikirdeş adama zerurlyk duýýar. Beýle kişini bolsa adamlar «dost» diýip atlandyrýarlar, olarsyz ýaşap bilmeýär. Halkymyzyň «Dost hasaby ýürekde», «Dostuň kimligini aýt, seniň kimligiňi aýdaryn», «Ýat – iýip-doýýança, dost – tä ölinçä», «Ýorga münseň hem, ýoldaşly bol», «Özüm diýen kertden çykyp bilmez» ýaly nakyllary ýöne ýere aýdylmandyr.

Şahyr Erkin Wahidow bolsa:

*Eger dostuň bilen paýlaşsaňda deň,*
*Şatlyk deň köpeler, gam bölüner deň, –*

diýmek bilen, adamyň gowy güni hem, ýaman güni hem oňa berlen bir synagdygy, dost-doganlaryň kömeginde şu synagdan ýagty ýüz bilen çykmak mümkindigine yşarat edýär.

*Dostluk – adamlar arasyndaky maksatlaryň, ymtylyşlaryň, garaýyşlaryň we bähbitleriň ýakynlygy, özara birek-birege düşünmäge, bir-birine ynanmaga esaslanýan gatnaşyklar diýmekdir.*

Dostluk – ynsany ruhy taýdan goldaýan, onuň agyryny ýeňledýän, ruhyýetini galdyrýan, özüne ynamyny artdyrýan güýçdür.

Şuny ýatdan çykarmaň, ynsanda dostluk, doganlyk, özara ynam duýgulary birden ýüze çykyp, öz-özünden pugtalanmaýar. Dana halkymyz «Taý büdremän ýol tapmaz, är büdremän – dost» diýende hut şony nazarda tutýar. Çünki hakyky dost tapmak we oňa çynla-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

kaý dost bolup galmak adamdan köp zady talap edýär. Bular bolsa – janypkeşlik, dogruçyllyk, gönümellik, öz bähbitlerini ret etmegi başarýan, syr saklap bilmek we başgalardyr. Şu sebäpli hem dostluk uzak ýyllaryň dowamynda köp synaglardan geçip, barha taplanýar. Ynha şu synaglar mahalynda hem özüni aklan, bükülmedik, bozulmadyk dostlugy hakyky dostluk diýip atlandyrmak bolýar.

Durmuşda hakyky, wepaly dost tapmak adam üçin uly bagtdyr. Gynansak-da, şu bagta hemme-de miýesser bolubermeýär. Käbir adamlar duşýar, olaryň daş-töweregi boşlukdan doly, durmuşy nursuz we ýürek gysdyryjy. Elbetde, bu ýagdaýyň sebäpleri gaty köp we çylşyrymly bolmagy mümkin. Şeýle adamlary birdenkä aýplamakdan ägä bolmak gerek. Ýöne, näme bolanda-da, dünýäde ýekeje-de dost edinmän geçýän adamlar, ilki bilen, özlerine üns seretmeli bolýar. Daş-töwerekde hemme uçdantutma ýaman bolup ýeke onuň gowy, bulagyň suwy ýaly arassa bolmagy mümkin däl ahyryn. Diýmek, özüniň gylyk-häsiýeti, gatnaşygy, tebigatynda nähilidir bir kemçiligi bardyr, başgalar ondan gaça durýarlar.

Şeýle ýagdaýlarda biygtyýar babalarymyzdan galan hikmet ýada düşýär: «Töwerege el sermedik[1] adam ortada galar». Şu jümledäki töwerege oýlap-oýlaman «sermelenýän eli», aslynda, adamyň ajy ýa-da ýaňramakdan ýadamaýan dili, ýigrençli ýa-da masgaraly garaýşy, adamlary irizýän betgylyk ahlagy ýa-da sözünde tapylmazlygy ýaly ynamdan gaçan diýip düşünmelidiris. Ynha şeýle agyr ýagdaýda galmazlyk, dünýäde dostsuz ýaşamazlyk üçin hem biz özümize özümiz yzygider hasabat berip, özümizi oňarmalydyrys. Çünki hakyky dost käbir ýagdaýlarda dogan-garyndaşdan hem köpräk gerek bolmagy, mähiri bilen durmuşymyzy abat etjegi şübhesizdir.

Adam islendik halatda-da ýanynda özüne ýakyn ynsanlar – ata-enesi, garyndaş-uruglary bilen bir hatarda dostlarynyň hem bolmagyny iç-içinden isleýär. Dostunyň ýanynda duranyny gören islendik adam şatlykly gününde älem-älem şatlyga dolýar, gaýgyly gününde bir dünýä teselli alýar.

**Durmuşda hakyky dostlar bilen bir hatarda galp dostlar hem duşýar. Olar şahsy bähbit boýunça, belli bir**

[1] **El sermek** – el silkmek



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**maksady gözläp özlerini dost edip görkezmäge çalyşýarlar, ýagny durmuş sahnasynda ökde artist bolýarlar.**

Şeýle adamlar emeldarlar bilen wezipe kürsüsi üçin ýa-da gurply adamlaryň maddy baýlygy üçin ýa-da bolmasa akylly, ukyply adamlar bilen bolsa onuň akyl mümkinçiliklerinden peýdalanmak üçin dost bolýarlar. Galp dostuň her bir sözi öz maksadyny gözläp aýdylýar. Ol aldawçy, mekir, ikiýüzli, adamyň syryny hemmä ýaýyjydyr. Ol siziň şatlykly günleriňizde peçek ýaly çyrmaşyp, sizden aýrylmaýar, başyňyza iş düşende bolsa birden gaýyp bolýar. Dost diýip ynanyp aýdan syrlaryňyzy duşmanlaryňyza äşgär edip, indi olara «dostlugyny» görkezýär. Şu sebäpli hem galp dost gaty howply we duşmandan hem gorkunçlydyr. Çünki, adam öz duşmanyny bilenden soň, onuň her bir hereketinden ägä bolýar, özüni mälim uzaklykda saklap gezýär. Erbet dostdan bolsa, ony dost diýip ynanandygy üçin, hiç zady gizlemeýär, içki syryny-da oňa aýdýar.

**Halkymyzyň «Süýrenjeňden dost bolmaz», «Saçagyňa bakan dost däl», «Jan dostuň janyndan geçse-de, mal dostuň malyndan geçmez», «Akylsyz duşmandan bir saklan, akylsyz dostdan müň saklan» ýaly nakyllarynda dostuň nadanlygy, ikiýüzliligi, hyýanatçydygy duşmanyň tygyndan hem ýitidigine, howpludygyna yşarat bar.**

Şu sebäpli adam üçin hakyky dost kim, duşmanyň kimligini bilmek örän möhümdir. Dostuň hakyky ýa-da galplygy, aýratynam, adamyň başyna agyr günler düşende derrew bilinýär. Çünki şatlykly günleriňde hemme birmeňzeş ýanyňa gelýär, şatlygyňy paýlaşýar. Gaýgyly, agyr günleriňde bolsa diňe hakyky dostlar gaýgy-hasratyň bile çekýär, saňa kömekçi – direg bolýar.

Şu ýerde bir hekaýany ýatladyp geçýäris. 5-nji synpda «Edebiýat» dersinde okanyňyz, görnükli gürji ýazyjysy Nodar Dumbadzeniň «Hellados» atly eseri ýadyňyzdan çykan däldir. Onuň gahrymanlary, siziň ýaşytdaşlaryňyz – Jemal we Ýangüli nädip aýrylmaz dosta öwrülipdiler? Bu iki bozgak ilki sögüşen bolsa, soň çynlakaý ýumruklaşmaga çenli baryp ýetýärler. Bir-birlerini gowuja synap bilenlerinden soň olaryň arasynda indi hiç kim bozup bilmeýän pugta dostluk uzlary daňylýar. Bu iki



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



dost, hiç haçan görmedik bolsalar-da, bir-birleriniň aradan çykyp giden eneleriniň hatyrasyny hem hormat edýärler. Üns beriň: diýmek, hakyky dost diňe siziň özüňiz bilen däl, bütin maşgala agzalaryňyza-da dostluk, mähir-şepagat gözi bilen garaýan eken.

Uzak ýyllar ýanaşyk ýaşamak, bile okamak, zähmet çekmek, başyňa bir alada düşende dertdeş, pikirdeş bolup, sapara çykanda we başga ýagdaýlarda adamlar dostlaşýarlar. Dost edinmek örän jogapkärli iş bolup, ony arassa saklamak, gorap saklamak aňsat bolmaýar. Biziň galp, wagtlaýyn «dostlar» baradaky pikirlerimiz size-de doly degişlidigini ýatdan çykarmasaňyz bolýar. Çünki siz hem adam – özüňiziň güýçli we gowşak taraplaryňyz bar. Durmuşda şeýle ýagdaýlar bolýar, gowşaklygyňyzdan ezýet çekmegiňiz mümkin, siz hem dostuňyza hyýanat edeniňizi duýman galmagyňyz mümkin.

**Şu sebäpli-de size näme ýakmasa, başgalara-da şu zadyň yakmajakdygyny, siz näçe wepaly bolsaňyz, başgalardan hem şoňa garaşmaga haklydygyňyzy unutmaň. We tersine, eger kimedir hyýanat etseňiz, haçandyr ol hem size hyýanat etmegi, bu bolsa göwnüňizi gaty agyrtmagynyň mümkindigini ýatda saklaň.**

Babur Mürzäniň:

*Her kimki wepa kylsa, wepa tapar,*
*Her kimki jepa kylsa, jepa tapar.*
*Ýagşy kişi görmegeý ýamanlyk hergiz,*
*Her kimki ýaman bolsa, jeza tapar, –*

diýen öwütleri astynda gaty uly durmuş hakykat jemlenendir.

Ýene zady ýatda saklaň, dostluk millet, dini ygtykat, wezipe, baýlyk, owadanlyk, ýaş saýlamaýar, araçäk bilmeýär. Ol siz bilen biziň bir-birimizi düşünmegimiz, köňlümiz, dünýägaraýşymyzyň ýakynlygynyň otnositelligi esasynda emele gelýär. Muňa taryhdan



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

göreldeli mysallary köp getirmek mümkin.Ýekeje Alyşir Nowaýy bilen Abdurahman Jamynyň arasyndaky ynsany we döredijilikli dostluk-hyzmatdaşlyk näçe netijeler berendigini, bu dostlukdan diňe bir şu iki beýik şahsyýetiň özleri däl, eýsem töweregindäkiler, il-ýurt näçe bähbit tapandygyny ýatlamagyň özi ýeterlidir.

**«Dostluk» düşünjesi giň gerimlidir. Ýagny ol diňe iki adamyň arasyndaky gatnaşyklaryň däl, eýsem milletleriň, halklaryň, ýurtlaryň arasyndaky aragatnaşyklardaky mähiri, özara ynamy aňlatmakda-da ulanylýar.**

Döwletara, milletara dostluk däpleri dünýäde parahatçylygyň durnukly bolmagy, ýurtlaryň arasyndaky ynamly hyzmatdaşlygyň ösmegi üçin esas döredýär.

Elbetde, adamzat öz taryhynda halklary bir-birine garşy öjükdirýän, milletçilik, beýik döwletlilik ýaly zyýanly taglymlary wagyz edýän ýowuz güýçleri hem köp görüpdir. Şol sanda, Ikinji jahan urşuny başlan faşizmiň düýp manysynda bir milleti başga ähli halklardan üstün goýmak taglymy ýatýardy. «Ýokary jyns» taglymyny öňe süren faşistler dünýädäki örän köp milletleri «ikinji-üçünji sortly» halklar diýip kemsitmek, olaryň baýlyklaryny talap, medeniýetini weýran etmegi baş maksat edinipdiler. Olar halklaryň arasynda duşmanlyk keýpini ýaýmagyň hasabyna misli görülmedik gyrlyşygy amala aşyrdylar. Käbir milletleri köpçülikleýin ýagdaýda gyryp taşlamak faşistler üçin ýönekeý işeöwrülipdi. Onlarça konslagerlerde millionlarça günäsiz adamlary diriligine ýakyp goýberen hem hut şu faşistlerdi. Adamzat bu belany ýok etmek üçin bäş ýyla golaý uruş odundan geçmäge mejbur boldy.

Gynansak-da, bu günki günde-de dünýäniň dürli çäklerinde milletleri we halkyýetleri, dürli din wekillerini bir-birine gapma-garşy goýmakçy bolýan güýçler tapylyp dur. Milletara, ýurtlarara gatnaşyklary bozmaga çalyşýan bu ýowuz toparlaryň maksady mälim, elbetde. Halklaryň takdyryny özi bildiginden kesgitlemek hukugyny ele almak, başga ýurtlaryň ýerasty we ýerüsti baýlyklaryna arkaýyn eýelik etmek, ahyrky netijede ýer ýüzünde täze görnüşdäki gulçulyk düzümini döretmek bu güýçleriň ahyrky



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

maksadydyr. Şu sebäpli hem siz häzirden başlap adamlaryň arasynda duşmanlyk keýpini oýarmakçy bolan kimselerden ägä bolmagyňyz, haýsy millet, haýsy ýurt perzendi bolsa-da, gowy niýetli adamlara görä bolsa bagrygiňlik gatnaşygynda bolmagyňyz talap edilýär. Diňe şonda ene ýurdumyzyň dostlarynyň hatary giňelip, onuň duşmanlary aýňalýarlar.

Dostlugyň möhüm şertlerinden biri wepadyr.

**Dostuna wepaly adam Watanyna hem, halkyna hem wepa edýär. Tersine, dostuna hyýanat eden adam halka, millete, Watana-da hyýanat etmejekdigine kepil ýok.**

Hakyky dost ýoldaşynyň üstünliginden, ýeňşinden edil özüniňki ýaly begenýär, şowsuzlygyndan gynanýar, aladalanýar. Ol dostunyň ýalňyş-kemçiliklerini, nädogry basan ädimini ýüzüne aýdýar. Mundan gözlenýän maksady anyk – dostuny gaflat ukusyndan oýarmak, dogry ýola salmak, ony şermendelikden saklap galmakdyr. Bir söz bilen aýdanda, dostundan aýrylyp galmazlyk! «Dost agladyp aýdar, duşman güldürip» diýen nakyla görä dost ajy hakykaty aýdýar, ýöne onuň miwesi şirindir. Duşman bolsa şäriginiň ýalňyşyny görse-de özüni görmedik ýaly edip, duýsa-da duýmadyk ýaly bolýar. Onuň maksady bu adamyň şermende bolmagy, il-ýurduň içinde abraýynyň gaçandygyny görmek, şuňa begenmekdir.

**Adamlaryň özara dostlaşmagynda olaryň häsiýeti, gyzyklanmalary, derejesi we talanty hem möhüm orun tutýar. Meselem, akylly adam nadan we ahmak adam bilen, sahy adam bolsa bahyl kimse bilen, edermen şahslar içigara we gorkaklar bilen dost edinmegi gaty kyn.**

Şu babatda söýgüli ýazyjymyz Abdulla Kadyrynyň «Mährep-den içýan» romanyndaky «Çyn ýoldaş» babyny ýada salmak gerek. Eseriň baş gahrymany Enwer bilen onuň synpdaş şärigi Nesimiň arasyndaky çäksiz içgin, gubarsyz dostluk, Enweriň Nesim aradan çykandan soňky ýagdaýy suratlandyrylan sahypalar islendik adamy tolgundyryp goýberýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Ýokarda belläp geçişimiz ýaly, bir-birine garşy dünýägaraýşa, ymtylyşlara, oý-pikire eýe bolan adamlar dost edinmeýärler. «Kör köri garaňkyda tapypdyr» diýlişi ýaly, käbir azgyn, gybatkeş, sowatsyz, ahlaksyz kimseler özara birleşip – göýä «dost bolşup», özleriniň kezzap işlerini bileleşip amala aşyrýarlar. Olar şu özara birleşmelerini özleriçe «dostluk» diýip atlandyrsalar-da, bu toparyň mukaddes dostluk düşünjesine hiç hili aragatnaşygy ýokdur. Halkda «It ýygyny birikmez» diýen gep bar. Bu nämä yşarat? Bu diýildigi, asly ýowuz, weýran ediji, bozgak niýetli adamlar çynlakaý birleşip käbir haýyrly işi amala aşyryp bilmeýär. Olar bir möhletleýin birleşip, özüniň pysy-pyjurlyklary – jenaýatyny, ogurlygyny, talaňçylygyny amala aşyrmagy mümkindir. Ýöne şol pes maksada ýetenleriňden soň, olar indi özara it ýaly urşup, her tarapa dargaşýarlar.

**Başgaça aýdanda, şeýle sürüde dostlugyň özi bolmaýşy ýaly, wepa diýen ýokary duýgynyň bolmazlygyda tebigydyr.**

Diýmek, her birimiziň nähili ynsandygymyzy adamlar dostumyza garap anyklasalar, siz bilen bize şundan gelip çykyp gatnaşyk etseler, haýran bolmaly däldiris.

**Dosty has ýakynrak dost edýän hem, duşmana öwürýän hem adamyň özüdir.**

Şu orunda Keýkowusyň «Kowusnama» eserinden orun alan aşakdaky pikirleri üns bererlidir:

«Eý perzent, bilginki, tä adam diridur, dostsuz bolmagusidir... Dostlaryň işi hakynda oýlagyl, olara hadýalar bermek, muruwwetler kylmak bile dostluk kadasyny mäkäm kylgyl. Nedinkim, her adam dostlarny ýad kylmasa, dostlar hem ýad kylmagusidur we ul adam hemişe dostsuz kalgusidur.

Hemme wagt dost tutmakny adat kylgil, zeroki, her adamnyň dosty köp bolsa, aýplary şonça syr tutilur we sypaty köpaýur.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Ýöne her wagt täze dost tapsaň, köne dostlarny terk etmagil we olardin ýüz ögurmagil, täki hemişe dostiň köp bolsun, debdurlarki, gowy dost adamga beýik ganjdur...

Ýene bilgilki, dostlaryň dostlary hem dostlaryňdur. Ähtimalki, onuň şol adama dostlugy seniň dostligiňdin köpräkdur. Eger dostuň seniň duşmaniňni söýse, beýle dostdin ehtiýat bol, nedinkim, beýle dost duşman tarafidin saňa ýamanlyk kylyşdin hem andişe kylmagaý. Seniň dostuňa duşman bolgon dostdin hem parhez etgil...

Akylsyz adamlar bile hergiz dost bolmagil. Akylsyz dost akylly duşmandin ýamanrakdur, çünki akylsyz dost şundak iş kylurki, akylly duşman uni kila almas. Muruwwetlig, ilmlig we wefolig adamlarny dost tutgilki, ta sen hem ul sypatlar bile ýene-de maşhur bolgaýsan. Bemuruwwet, mähir-şepagatsyz, hunarsiz (ilmsiz) adamlar bile olturmagil. Behünär bile olturgondan tanholig gowyrakdur...

Eý perzent, adamlar bile dostligiň ortaça bolsun. Dostim köp deb ählisine umid bile köngül baglamagil, ilgari we soňa karagil. Dostlariňniň etikodidin gofil bolmagil...»

1082–1083-nji ýyllarda – mundan on asyr öň ýazylan şu öwütler häzir hem öz ähmiýetini ýitirenok. Öň aýdyşymyz ýaly, adamyň durmuş terzi, ýaşaýyş şertleri özgerip, barha täzelenýär, ýöne onuň tebigaty, ruhyýeti özgermeýär diýen ýalydyr. Mundan müň ýyl öň hem adamlar hakyky dost tapman kösenipdirler, şonda hem dostluk şertini bazup, namartlyk köçesine giren kimseler tapylypdyr. Şu sebäpli hem danyşment Keýkowus ogly Gilanşaha bagyşlap eser ýazmak bilen, ony şeýle pajygalardan ägä etmek isleýär. Onuň öwütlerindäki möhüm ýerlere aýratyn üns beriň:

«*Her adam dostlarny ýad kylmasa, dostlar hem ýad kylmagusidur*» – dostlardan kine etmek, olary nähak aýplamakdan öň her birimiz kemçiligi ilki bilen özümizden agtarmaly, dostlarymyzyň hem köňli edil biziňki ýaly näzikdigini hökman hasaba almalydyrys.

«*Her wagt täze dost tapsaň, köne dostlarny terk etmagil we olardin ýüz ögurmagil*» – halkymyz «Köýnegiň täzesi, dostuň könesi gowy» diýip ýöne ýere aýtmandyr. Wagtlaýyn peýdany, bähbidi gözläp tapanymyz täze «dostlary» diýip, gadyrdan bolup giden doganlardan ýüz öwürmek ynsanylykdan



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

däldir. Hakyky dost dostuna görä göriplik, ulumsylyk, menmenlik, dönüklik, nebisjeňlik etmeýär.

**Edil şu sebepli-de Keýkowus dostlary iki taýpa bölýär: 1. Nan dostlary; 2. Ar we namys dostlary.**

Şeýdip, dostluk we ýoldaşlyk duýgusy beýik bir nygmat bolup, adamyň durmuşynyň bezegi hasaplanýar. Ony gorap saklamak, gadyrlamak we hakyky dostluk kadalaryna amal etmek adamyň gudratyna gudrat, güýçjüne güýç goşýar.

***Soraglar we ýumuşlar:***

1. Adam näme üçin dosta zerurlyk duýýar, dostlary köpräk bolmagyny isleýär?
2. «Dostluk ýüpüni üzme, daňsaň düwün galar» diýen nakylda nähili durmuş tejribesi jemlenen?
3. Taryhdan we edebiýatdan hakyky dostluk nusgalaryna mysallar getirip bilermisiňiz?
4. «Nan dostlary» kim «ar we namys dostlary» kim?
5. Dostuň duşmana ýa-da duşmanyň dosta öwrülmegine nämeler sebäpçi bolýar, diýip pikir edýärsiňiz?
6. Halklaryň, ýurtlaryň arasyndaky dostluk nämeleriň hasabyna pugtalanmagy we tersine, şu dostluga nähili hereketler putur ýetirýändigi barada aşakdaky suratlar esasynda pikir ýörediň.

A)


Ç)


B)


D)




*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## EKOLOGIK MEDENIÝET

Mundan millionlarça ýyllar öň – adamzat peýda bolan döwürlerden başlap, san-sajaksyz adamlar şu Ýeriň gujagynda önüp-ösüp, güzeran geçiripdirler, rysgalyny tapypdyrlar. Adamzady bakýan, geýindirýän, olara gaçalga bolýan ene toprak älemde ýeke-täk we şu sebäpli-de iňňän mähribandyr. Häzire çenli adamzat özi üçin ýaşamaga ondan başga mekan tapmady, belki tapyp bilmez hem. Entek-entek adamlar asmandan ýagyşyň ýagyşyny, gardyr siliň ýagýandygyny görüpdirler, ýöne hiç bir gezek guýmak ýaganyny, çöregiň düşenini gören däldirler. Ýagny şu toprak, şu suw, şu howa – tebigat bolmasa, ynsan çagasy onuň bilen «dil tapyşyp», özi üçin rysgal döretmese, bir döwüm hem çörek asmandan düşmeýär.

**Diýmek, siz bilen bize – tutuş adamzada baýlyklaryny biminnet berýän, sahy gujagyny açyp goýan tebigaty gorap saklamak, onuň ertirki takdyry hakynda aladalanmak her bir adamyň jogapkärligi, üstündäki karzydyr.**

Ýurtbaşymyz ynsan ruhyýetiniň ösüşinde ene tebigat, oňa mähirli gatnaşykda bolmak, gözelliklerinden lezzetlenmek duýgusy uly ähmiýete eýedigini aýratyn nygtaýar:

**«Tebigata ýakynlyk, mähriban ülkäniň çäksiz gözelliklerinden lezzetlenmek ruhyýete azyk berýär, güýçlendirýär»[1].**

Tebigaty goramak, ekologik medeniýet ýönekeý endikleri eýelemekden başlanýar. Köçede barýarkak konfet kagyzyny ýa-da çigidiň poçagyny ýörite guta däl-de, çem gelen ýere taşlasak, ýodadan ýöremän, maýsalaryň üstünden basyp geçsek, iki-üç

[1] **Islam Karimow**. Yoshlarimiz – xalqimizning ishonchi va tayanchi. –D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2006-njy ýyl, 54-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

dowça ýoljak diýip agaçlaryň şahasyny döwsek, guşlaryň höwürtgesini bozsak, aryklara hapa agdarsak... bularyň hemmesi bize enedeý mähiriban bolan tebigata görä hormatsyzlyk, onuň nygmatlaryny gadyrlamazlyk bolýar.

«Ekologik medeniýet» düşünjesiniň esasynda hut şu halatlaryň netijesine aň ýetirmek, tebigat we jemgyýet kanunlaryna laýyklykda durmuş geçirmek talaplary jemlenendir. Ekologik medeniýet hem umumynsany medeniýetiň aýrylmaz bölegi, onuň möhüm görkezijisi hasaplanýar.

*Ekologiýa grekçe söz bolup, «oikos» – öý we «logos» – ylym sözleriniň goşulmagyndan ýasalan, ýagny ekologiýa – «tebigatyň öýi» bolan barlykdaky jandarlaryň ýaşaýyş şerti we olaryň özleri ýaşaýan gurşaw bilen özara gatnaşyklaryny öwrenýän ylym.*

«Ekologik medeniýet» aňlatmasy soňky döwürlerde gözýetimde dörän bolsa-da, adamzat örän gadym zamanlardan başlap tebigaty goramak, oňa ätiýaçly gatnaşykda bolmak endigini eýeläp gelipdir. Eger gadymy dini garaýyşlaryň taryhyna nazar taşlasak, olarda tebigatyň elementleriniň, haýwanlaryň we başga jandarlaryň mukaddesleşdirilendigi, hatda olara sygynandyklarynyň şaýady bolýarys.

**Şol sanda, peýda boluş taryhy biziň ülkämiz bilen bagly bolan zarduştylyk dini we onuň esasy kitaby «Awesto»-da dünýäniň maddy esasy hasaplanýan toprak, suw, howa mukaddesleşdirilipdir, oda bolsa seždede edipdirler.**

Howany, suwy hapalamak, diňe bir haýwanlaryň däl, eýsem adamlaryň hem jesedini ýere gömmek, suwa akdyrmak, otda ýakmak günä hasaplanypdyr. Merhumlaryň jesedi ýeri, suwy, howany hapalamazlygy üçin olary ýörite toýun gaplarda gömmek guralypdyr.

Ondan soňky döwürlerde-de halkymyzyň ene tebigata bolan mähri artypdyr welin, kemelmändir. Meselem, howlulary, ýaplary we howuzlary, guýylary we sardobalary hemişe arassa saklamak, gülleri we nahallary ideg edip ösdürmek, daş-töwerege gök otlary ekmek, bir gül ýolunsa ýerine on gül oturtmak ýaly işler – durmuşyň ýönekeý talabyna öwrülipdir. Ýokary daýhançylyk medeniýetine eýe bolan eždatlarymyz oba hojalygynda suwy



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

tygşytly ulanmagyň, ýeriň hasyldarlygyny saklamak we köpeltmek maksadynda ekinleri çalşyryp ekmegiň, ýeri diňe tebigy dökünler bilen iýmitlendirmegiň öňdebaryjy usullaryny oýlap tapypdyrlar.

**Halkymyzyň durmuşynda suwa hapa taşlamak, ony hapalamak uly günä hasaplanypdyr. Şu sebäplide köçelerden, howlularyň arasyndan akyp geçýän aryklardan adamlar arkaýyn arassa suw içipdirler, çagalar yssyja külçelerini suwa akdyryp iýipdirler.**

Yslam dini hem tebigaty aýap saklamak, onuň nygmatlaryna şükür etmek, zaýaçylykdan, hapaçylykdan saklanmak meselelerine aýratyn üns beripdir. Şol sanda, Gurhany kerimiň «A'rof» süresi 31-nji aýatyndan şeýle jümleleri okaýarys (manysynyň terjimesi): «Eý, Adam nesli!... Iýiň we içiň, (ýöne) zaýa etmäň! Çünki, Ol (Alla) zaýa edýänleri ýagşy görmeýär».

Hadysy şerifleriň birinde bolsa, «Ertir kyýamat diýen gün hem agaç ekiň» diýilýär. Bu hadysda örän çuňňur many jemlenen. Onda ertirki güne ynam bilen garamaga çagyryş hem, pessimizme, terkidünýälige berilmezlige çagyryş hem, tebigaty hemişe baýlaşdyryp durmaga ündew hem bardygyny duýmak mümkin.

Bularyň ählisi halkymyzyň gadym geçmişden özboluşly ekologik aň we medeniýet eýesi bolandygyny görkezýär.

**Ekologik medeniýet ençeme faktorlar esasynda şekillenýär. Tebigata söýgi, ol hakdaky bilimler we düşünjeler, ekologik terbiýe, däpler we gymmatlyklar, ekologik wagyz işleri şolara degişlidir.**

Indi bularyň her biri barada aýratyn durup geçeliň.

Gowy bilşiňiz ýaly, ähli jandarlar ýaly adam hem tebigatyň perzendi, onuň iň lälik, söýgüli çagasydyr. Tebigatyň baýlyklaryndan, onuň nygmatlaryndan hiç bir jandar adam ýaly köp peýdalanmaýar, lezzet almaýar. Eger üns beren bolsaňyz, jandarlaryň köpüsi diňe bir günlük iýmit tapmak bilen çäklenýär, ertir ýa-da bir hepdeden soň iýmek üçin iýmit toplamak olar üçin umuman ýat. Her gün görýän guşlaryňyza nazar salyň: olaryň ýekejesi-de, meselem, agşamara iýmek üçin däne gamlap goýandygyny gördüňizmi? Gören däldirsiňiz. Adamlar nähili?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Bu soraga jogaby hemmämiz hem gowy bilýäris, häzir ony düşündirip oturmarys. Onuň ýerine, tebigatdan şonça rysgal alýan, onuň baýlyklaryny biminnet özleşdirýän şu adamlaryň hemmesi-de ene tebigaty söýýärmi, oňa ätiýaçly gatnaşykda bolýarmy, diýen soraglaryň üstünde kelle döwmek möhümräkdir.

**Ilki bilen, şuny nygtamak gerek, ýagny adamlaryň aglabasy üznüksiz tebigatyň gujagyny küýsemegi, öýünden, şäherden tizräk çykyp, giň sähradyr-meýdanlaryň, gyr-baýyrlaryň, daglaryň we tokaýlaryň, saýlaryň we derýalaryň gujagyna howlukmaklarynyň özi adam çagasynyň ganynda tebigat bilen birlik, onuň bilen uýgunlygyň bardygyna şaýatlyk edýär.**

Adamyň öýde, işleýän ýerinde gysylmakdan, ýadan ruhy tebigatyň gujagyna çykandan soň, birden ýeňilleşýär, täzelenýär, ýaýnaýar. Uzak wagt ejesini görmedik, küýsegden ýüregi gysylan perzent mähriban enesini gören badyna, nähili begense, onuň yssy gujagynda özüni unutsa, adam çagalary hem tebigatyň gujagynda özlerini edil şeýle duýýarlar. Çünki adamyň bütin barlygy, jany-teni ynha şu tebigatsyz, daş-töwerekdäki älemsiz bolmagy, onsuz ýaşamagy we kemala gelmegi mümkin däl. Şoňa görä-de, adamyň ene tebigaty söýmezligi, ony gorap saklamaga çalyşmazlygy-da aslynda mümkin däl ýaly duýulýar.

Gynansak-da, özüni dogrup kemala getiren enesini hormat etmeýän, onuň ýüzüne aýak basmakdan gaýtmaýan tertipsiz perzentler bolşy ýaly, tebigatdan diňe almaga, onuň baýlyklaryny hasapsyz özleşdirmäge öwrenen kimseler hem durmuşda duşýar. Bu hili adamlaryň nazarynda, tebigatyň baýlyklary hiç haçan gutarmaýar, oňa ideg etmek, gorap saklamak, ol barada gamhorlyk etmek hem hökman däl. Ynha şu taýpa adamlaryň etmişlerine nazar taşlasak, olardan ene tebigatymyz näçe jebir çekýändigine şaýat bolýarys. Meselem, olar dynç almak, seýil



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

etmek maksadynda dagyň eteklerinemi, göm-gök suwly kölüň kenarynamy barýan bolsalar, şu ajaýyp ýerler özlerinden soň hem başgalar lezzet almagy üçin şeýle saklanmalydygy barada oýlanmaýarlar hem. Dynç alyş, ýadawlygy çykarmak medeniýetinden uzak bolan şeýle adamlar, gülläp duran agaçlary döwüp naharyna odun edip, gök önüm we bakja ekinleriniň poçaklaryny aryk ýa-da köllere taşlamak, dürli içgilerden boşan çüýşeleri her tarapa zyňmak, gap-çanaklarynyň galyndylaryny akar suwlara çaýkamak ýaly gelşiksiz işleri ýönekeý zat diýip oýlaýarlar. Netijede, olaryň şu etmişleri sebäpli tebigatyň gujagynda ne-ne zaýalar, düzedilmeýän ýaralar galýar.

**Tebigatyň dili ýok – öz ýaralaryny, dertlerini aýdyp arz edip bilmese-de, onuň ýaňyja owadan, gözel ýüzünde peýda bolan şeýle menekler tebigatyň halyndan hemmämizi habarly etmelidir.**

Diýmek, tebigata söýgi, oňa mähirli gatnaşykda bolmak ynsanylygyň möhüm ölçeglerinden hasaplanyp, oňa garap adamyň nähili terbiýelidigini, medeniýetlidigini, parasatlydygyny bilmek mümkin eken.

Tebigat hakyndaky bilimler we düşünjeler adamda örän ýaşlygyndan başlap şekillenip ugraýar. Çagalar bagynda körpeleriň oýnaýan oýnawaçlaryndan çekip, olaryň geýim şkafy we ýatýan ýerine çenli, ýassyk daşydyr suwa düşýän howzuna çenli – ähli enjam-zatlarda dürli gülleriň, agaçlaryň, haýwanlaryň ajaýyp suratlary bolýar. Köllerden we derýalardan getirilen, içinde maýda rakowina bölekleriden doly ýumşak çägelerden çagalar dürli jandarlaryň heýkeljiklerini, dag-düzlere gurlan kiçijik köşkleri ýasaýarlar.

Oba çagalarynyň köp wagty tebigatyň gujagynda geçýär. Olar gelýän baharyň ysyny aryklaryň boýundaky narpyzyň hem ýiti, hem ýakymly ysyndan alýarlar. Aryklary dolduran suw otlarynyň edil gyzlaryň saçy ýaly ýumşak çaýkanyşy, dag-düzler tarapdan öwüsýän buz ýaly şemal, uzak-uzaklardan gelýän goýun-guzularyň sesi – bularyň ählisi obaly çagalaryň durmuşynyň bir bölegi, olaryň göz öňüne getirmeleriniň aýrylmaz bir bölegi bolup galýar. Olaryň şäherdäki ýaşytdaşlary haýwanat



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



we seýil baglary, sirk tomaşalary arkaly tebigatyň jandarlary bilen tanyşýarlar. Gabygy her näçe owadan, nagyşly bolsa-da, ýylanyň durkunyň gaty sowukdygyny, tersine – görnüşi bir seredende ep-esli gelşiksiz, oňaýsyz duýulsa-da, pyşdylyň nähili azarsyzdygyny, möjegiň daşky görnüşi howlusyndaky güjüginden onçakly tapawutlanmaýanlygydyr keýigiň gözüniň neneň owadandygyny görýärler, olar hakyndaky düşünjeleri we bilimleri artýar.

Mekdepdäki sapaklaryň dowamynda biz indi tebigatyň umumy gurluşy, Ýer ýüzündäki klimatlar, kontinentler we materikler, okean hem-de deňizler, daglar we wulkanlar, haýwanat we ösümlikler älemi hakynda anyk bilimlere eýe bolýarys. Meselem, Demirgazyk polýusyň ýa-da Antarktidanyň ebedi buzluklaryň mekanydygyny, Afrikanyň köp çäklerinde näme üçin umuman gar ýagmaýandygyny «Geografiýa» dersinden bilsek, kiçijik arynyň bäş sany gözüniň bardygyny ýa-da çekirtgäniň gulagynyň aýagynda ýerleşýändigini bize «Zoologiýa» dersligi düşündirip berýär. Şuňa goşmaça ýagdaýda, gazet we žurnallaryň, telewideniýe we radionyň, Internet materiallary arkaly bizden on müňlere çakyrym uzakda ýerleşýän ýurtlaryň reňbe-reň tebigaty, haýwanat hem-de ösümlikler älemi barada bir-birinden gyzykly maglumatlara eýe bolup bileris.

**!** **Şu bilimler we tejribeler biziň tebigat baradaky, onuň nähili gudratlylygy we şonuň bilen birlikde, nähili goraga mätäçdigi hakyndaky düşünjelerimizi baýlaşdyrýar.**

Ekologik terbiýe diňe mekdep tälimi bilen çäklenmän, maşgala, mähelle gurşawynda hem dowam edýär. Özbegistanymyzda howly-öýleriň, köçeleriň we mähelleleriň arassaçylygyna, olaryň çägine miweli we saýaly agaçlary oturtmaga, aryk-ýaplary hemişe arassalap durmaga aýratyn üns berilýär. Her ýyl birnäçe gezek haşarlar guralyp, adamlar abadançylyk işlerine gatnaşýarlar. Ynha şu prosesde ulularyň ýanyna gelip, «Men näme edeýin, maňa-da bir iň beriň» diýýän çagalar köp tapylýar. Ulular ýeri nähili



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

agdarýar, agajyň aşagyny nädip ýumşadýarlar, gülüň aşagyna pili näçe batyrýar, agaçlaryň gyşaryp giden şahalaryny we çybyklaryny gyrkanda nämä üns berýärler, injiri nädip çybyk etmeli, üzümiň aşagyna näme üçin suw kem guýulýar – bularyň ählisi siz we ýaşytdaşlaryňyz üçin aslynda örän uly sapak, tejribe hasaplanýar. Bu ýumuşlar adamdan diňe bir güýji, maňlaý derini däl, eýsem başajaňlygy-da, bilimi-de, sabyr-takaty-da talap edýär.

Eger bu gürrüňler ösümlikleriň idegi bilen bagly bolsa, her bir öý haýwanyny saklamak, olary kesel etmän bakmak, bu dilsiz jandarlar bilen «dilleşmek» üçin hem aýratyn ukyp gerek. Halkymyzyň bu barada uzak döwürler synagyndan geçen ajaýyp nakyllary hem bar. Ynha olardan käbirleri:

**«Eger bolsa aklygyň, bilinmeýär ýoklugyň» («aklyk» – süýt-gatyk), «Mala berseň saz iýmit, bakar seni ýazugyş», «At bolsa, meýdan tapylar, at bolmasa, meýdan çapylar», «At aýagyndan semrär», «Sygyrly öýde sil (*kesel*) bolmaz», «At sagryndan, goýun – bagryndan» we başgalar.**

Eger dana halkymyzyň ösümlik we haýwanat dünýäsiniň idegine degişli şular ýaly tejribelerini yhlas bilen özleşdirsek, tebigaty goramak, oňa ideg etmek endiklerini öwrenip barsak, bizi gurşaýan älem hem gözelleşýär, göwnümiz hem açylýar.

Adamlaryň ekologik medeniýetini ýokarlandyrmakda şu ugurdaky wagyz-nesihat işleriniň gerimini we täsirliligini artdyrmak möhüm ähmiýete eýe. Häzirki günde respublikamyzdaky ençeme döwlet we jemgyýetçilik guramalary, gaznalar, köpçülikleýin habar serişdeleri bu meselä aýratyn üns berýärler. Telewideniýe ekranlary we radio tolkunlaryndan tebigaty goramak, suwuň, howanyň arassalygyny goramak, ozon gatlagynyň dargamagynyň öňüni almak, dökülen ýapraklary we çykyndylary ýakmazlyk ýaly möhüm meselelere adamlaryň ünsüni çekmäge niýetlenen materiallar yzygider berlip barylýar. Tälim-terbiýe edaralarynda, kärhanalarda we edaralarda, mähelle güzerlerinde ekolog hünärmenleriň gatnaşmagynda guralýan döwre söhbetleri, ýaşlarymyz tarapyndan guralýan dürli konferensiýalar, tebigatyň gujagyna syýahatlar ýurtdaşlarymyzy, aýratynam, ýaş nesli şu möhüm meselede eserdeň bolmaga, arkaýynçylyga berilmezlige çagyrýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Çünki, bu günki günde Ýer ýüzünde şeýle çylşyrymly ekologik meseleler peýda bolup, olar diňe bir käbir döwletleri däl, eýsem bütin adamzadyň geljekki durmuşyny, adamzadyň diriligini uly howp astynda galdyrmagy mümkin.**

Şeýle meselelere atmosferanyň ozon gatlagynyň dargamagy, agyz suw gorlarynyň kemelmegi, ebedi buzluklaryň ereýändigi, dünýä okeanynyň we kosmiki giňişligiň hapalanmagy, dünýäniň «Gyzyl kitabyna» girizilen seýrek ösümlikleriň we haýwanlaryň ýiti kemelýändigi we başga ençeme möhüm meseleleri girizmek mümkin. Köpçülikleýin habar serişdeleri dünýäniň kä ol, kä bu çäginde örän uly suw daşgynlary, tokaý ýangynlary, ýer süýşgünleri, gurakçylyk ýa-da gaty sowuk howanyň bolýandygy barada yzygider habarlar ýaýraýandygy ýöne ýerden däldir. Şuňa goşmaça ýagdaýda, her ýyl on müňlerçe adamlaryň ömrüni kül edýän ýer titremeleri, deňiz we okean daşgynlary, gazaply tupanlar we tüweleýler bolup dur. Bularyň ählisi bir günde ýa-da tötänden peýda bolan meseleler däl, elbetde. Tebigatda ýüze çykýan heläkçilikleriň köpüsiniň, özgerişleriň aşagynda adamzat tarapyndan ýol berlen pajygaly ýalňyşlar, tebigata rehimsiz gatnaşykda bolmagynyň agyr netijeleri ýatyr.

**Ekologik meseleler tebigat ylmyny bilmezden, onuň kanunalaýyklyklaryna zorluk bilen gatyşmak netijesinde gelip çykýar.**

Diňe peýda kowalaşmaga öwrenişen iri senagat kärhanalary, olaryň işlemegi üçin çig mal taýýarlaýan uly-kiçi zawod-fabrikler, taýýar önümleri dünýäniň dürli künjeklerine eltmäge howlugýan ähli görnüşdäki transport serişdelerinden atmosfera çykýan zäherli gazlar, buglar, dürli-dürli çykyndylar daşky-gurşawyň uly gerimlerde hapalanmagyna, howanyň, suwuň, ýeriň tebigy düzüminiň ýiti özgermegine sebäp bolýar. Suw ýaly seýrek tebigy baýlykdan tygşytly peýdalanmagyň ýerine ony zaýalamak, güýçli ýer titremeleri bolýan seýsmik çäklerde uly bentleri, elektrostansiýalary gurmaga zor bermek, derýa we saýlaryň özenini başga taraplara sowmak ýaly pugta oýlanman amala aşyrylýan işler, elbetde, tebigatyň deňagramlylygyny bozup goýberýär. Iň hatarlysy, ýol berlen şu ýalňyşlary düzetmek, hatardan çykan deňagramlylygy täzeden dikeltmek soňluk bilen gaty kyn bolýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*Tebigatyň çylşyrymly ulgamdygyny ýatdan çykarmak bolmaýar. Oňa ekoulgam diýýäris. Ekoulgama ýokary akyl-paýhas esasynda çemeleşmek, onuň deňagramlylygyny hiç haçan bozmaly däl.*

Gynansak-da, bize öňki sowetler döwletinden agyr ekologik meseleler hem miras bolup galdy. Ýurtbaşymyz şu meselä entek geçen asyryň 90-njy ýyllarynda bütin dünýä bileleşiginiň ünsüni çekipdi:

**«Ruhy galkynyş adamyň ýere we onuň baýlyklaryna bolan gatnaşygyny hem öz içine almalydyr...**

**Gynansak-da, ahyrky ýüz ýyllykda hut sebitiň ekologik ulgamyna örän uly zyýan ýetirildi. Eždatlarymyzyň tebigatdan peýdalanmak ugrundaky däbe öwrülen edep-ahlak kadalary unudyldy. Şu kadalara görä suwy we ýeri oýlanmazdan hapalamak uly günä hasaplanýardy»[1].**

Sebitimizdäki ekologik meselelerden iň ulusy, bilşiňiz ýaly, Aral deňziniň guramagy bilen bagly. Özbegistan bu meseläniň oňyn çözgüdini tapmak, meseläni ýene-de çuňlaşmagynyň öňüni almak, Aralýaka çäginde ýaşaýan ilaty her taraplaýyn goramak boýunça köp çäreleri görýär. Respublikamyzyň ýolbaşçylary bu çylşyrymly meselä dünýä bileleşiginiň ünsüni çekmegi-de Aral meselesi bir-iki döwletiň däl, bütin Ýer ýüzüniň meselesine öwrülendigini görkezýär. Şoňa görä-de, Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Islam Karimowyň 2010-njy ýylyň 20-nji sentýabrynda Birleşen Milletler Guramasynyň Sammitiniň Müňýyllyk ösüş maksatlaryna bagyşlanan umumy mejlisinde sözlän nutky möhüm ähmiýete eýedir:

**«Aral pajygasy ekologiýa meselelerine jogapkärsiz gatnaşykda bolmagyň aýdyň mysalydyr. Bir wagtlar seýrek we gözel deňizlerden biri bolan Aral bir nesliň durmuşynyň dowamynda gurap we ýitip barýan diýen ýaly suw basseýnine öwrüldi.**

**Kyrk ýylyň dowamynda Aral deňziniň akwatoriýasy 7 esse gysgaldy, suwunyň göwrümi 13 esse kemeldi, onuň minerallaşmasy bolsa onlarça esse artyp, deňzi janly organizmler ýaşamagy üçin ýaramsyz ýagdaýa getirdi.**

[1] **Islam Karimow**. Xavfsizlik va barqaror taraqqiyot yo'lida. / O'zbekiston XXI asr bo'sag'asida. –D.: «O'zbekiston» neşirýaty, 1998-nji ýyl, 131-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**Netijede ähli diýen ýaly haýwanat we ösümlik älemi pese gaçdy we ýok boldy...**

**Aral deňziniň guramagynyň dowam edýändigi we onuň töwereginde gumanitar pelaketiň ýüze çykýandygy sebäpli Aralýakasynyň tebigy biologik fonduny gorap saklamak, Aral krizisiniň daşky-gurşawa, iň möhümi, şu ýerde ýaşaýan ýüz müňlerçe we millionlarça adamlaryň durmuşyna heläkçilikli täsirini kemeltmek şu günki gündäki iň möhüm wezipe hasaplanýar»[1].**

Şükürler bolsun, biziň ýurdumyzda garaşsyzlyk ýyllarynda ýurdumyzyň tebigatyny goramak, ony ýene-de baýlaşdyrmak boýunça uly işler amala aýyrylýar. Ilki bilen, tebigaty goramagyň kanuny esaslaryny pugtalandyrmaga uly üns berilýär. Häzirki günde döwletimizde «Tebigaty goramak barada» (1992-nji ýylyň 9-njy dekabrynda kabul edilen), «Çykyndylar barada» (2002-nji ýyl 5-nji aprel), «Suw we suwdan peýdalanmak barada», «Aýratyn goralýan tebigy zolaklar barada», «Ýerasty baýlyklary barada» (ählisi 1993-nji ýylyň 7-nji maýynda kabul edilen) we başga kanunlar, ençeme kodeksler pugta amal edýär. Şu kanun we kanunasty resminamalar döwrüň talabyna laýyklykda kämilleşdirilýär. Şu möhüm wezipeleri ýerine ýetirmäge diňe bir döwlet guramalary däl, eýsem ençeme jemgyýetçilik guramalary hem işeňňir çekilýär.

**Şol sanda, Özbegistanyň Ekologik hereketine Aly Mejlisiň Kanunçylyk palatasyndan 15 sany deputatlyk ornunyň berilmegi şu jemgyýetçilik hereketiniň alyp barýan işi her taraplaýyn goldamagyň amaldaky görnüşi boldy.**

Diýarymyzda ilatyň esasy ünsi tebigaty goramaga gönükdirilip, raýatlaryň ekologik medeniýetini, bilimlerini we derejesini ýokarlandyrmaga uly üns berilýär. Netijede ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda we tümenlerinde ençeme baglar, tokaýlar, täze suw basseýnleri, goraghanalar döredilýär. Oba hojalygynda

[1] «Ma’rifat» gazeti, 2010-njy ýyl, 22-nji sentýabr sany.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

suwdan, ýerden netijeli peýdalanmak, onuň üçin bolsa damjalap suwarmak tehnologiýa-syny ulanmak, zäherli himiki dökünleri ulanmagy çäklendirmek, olaryň ýerine tebigy dökünleri dökmek hem-de ekinleri çalşyryp ekmegiň kömeginde ýeriň halatyny gowulandyrmak meselelerine üns güýçlendi. Ilaty suw bilen üpjün edýän tebigy süýji suw çeşmeleriniň howpsuzlygy we arasa-laygyna yzygider gözegçilik edilýär. Kärhanalara ekologik taýdan zyýansyz, döwrebap enjamlar ornaşdyrylýar, çykyndysyz işleýän tehnologiýalardan peýdalanmak ýola goýulýar.

**Bularyň ählisi, elbetde, diňe bir bu günki günde durmuş geçirýän adamlaryň bähbitlerini gözläp däl, eýsem ýakyn we uzak geljekde şu ene toprakda ýaşamaly bolan nesilleriň bagt-ykbalyny hem oýlap amala aşyrylýan sogaply işlerdir.**

***Soraglar we ýumuşlar:***

1. Adamy näme üçin tebigatyň perzendi diýip atlandyrýarys?
2. Adamlaryň tebigatyň gujagyna howlukmagy olarda nähili aýratynlyklaryň bardygyny görkezýär?
3. Ekologik medeniýet nähili bilimleriň we endikleriň hasabyna emele gelýär?
4. Soňky wagtlarda ekologik meseleleriň ýitileşmeginiň sebäbi näme?
5. Merkezi Aziýa sebitindäki iň möhüm ekologik meseleler hökmünde nämeleri görkezmek bolar?
6. Şu suratlar esasynda tebigat we goramak barada hekaýa düzüň.

A)


Ç)


B)


D)




*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## BIZE TANYŞ WE NÄTANYŞ TEBIGAT

### *(Amaly sapak)*

Bu amaly sapagy guramak üçin, ilki bilen, synpdaky ähli okuwçylar özleri ýaşaýan ýerindäki tebigat, ösümlikler, haýwanat äleminiň nusgalary barada maglumat taýýarlaýar. Olaryň käbir nusgalaryny (meselem, güldanda ideg edilip ösdürilýän dürli güller, agaçlaryň ýapragy, miwesi, öýde saklanýan guşlar, pyşdyl, zähersiz mör-möjekler, bulak suwy we şular ýalylary) sapak geçilýän ýere alyp gelmek hem mümkin.

Her bir okuwçy özi saýlan zat barada mümkingadar köpräk ylmy maglumat toplap, synpdaşlaryna gürrüň edip bermeli. Şonuň üçin mekdep kitaphanasyndaky «Özbegistanyň Milli ensiklopediýasy», «Çagalar ensiklopediýasy», haýwanat we ösümlik älemine degişli ençeme edebiýatlardan peýdalanmak mümkin. Galyberse-de, ol ýa-da bu agaç, ösümlik, gül, haýwan, mör-möjek ýa-da bulak suwy barada öýdäki ululardan soraşdyryp, olaryň özboluşly taraplaryny gowy öwrenmek mümkinçiligi bar.

Şonda aşakdaky maglumatlary aýdyňlaşdyrmaga üns beriň:

– Agaç, ösümlik, gül ýabany ýagdaýda ösýärmi ýa-da eldekileşdirilenmi?

– Olary eldekileşdirmek umuman mümkinmi-ýokmy?

– Olar haçan gülleýär, haçan miweleýär, haçan ýapragyny dökýär?

– Olaryň ýaşaýyş möhleti näçe – bir ýyllykmy ýa-da köp ýyllyk?

– Soňky wagtlarda olar köpelip barýarmy ýa-da tersine? Onuň sebäbi nämede?

– Olar nähili köpeldilýär ýa-da tebigy nähili köpelýär?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

– Olar nähili şypa beriji aýratynlyklara eýe?

– Haýwan, guş, mör-möjek ýabany ýagdaýda ýaşaýarmy ýa-da öýdemi?

– Olar näme bilen iýmitlenýär, iýmiti nireden tapýar?

– Soňky wagtlarda olar köpelip barýarmy ýa-da tersine? Onuň sebäbi nämede?

– Olara ideg edende nämelere köpräk üns bermeli?

– Olaryň ýaşaýyş möhleti näçe?

– Öwrenilýän zat ýurdumyzyň ekologik ulgamynda nähili ähmiýete eýe we başga meseleler.

Şu we başga ençeme gyzykly soraglara tapylan jogaplar, biziň pikirimizçe, siziň we synpdaşlaryňyzyň bir seredende ünssüz geçip gidýänimiz tebigatyň täsinlikleri hakyndaky bilimleriňizi we düşünjeleriňizi baýlaşdyrýar. Bu öwrenijilik tejribesi bolsa sizi we dostlaryňyzy her bir ota, jandara ünsli gatnaşykda bolmaga ündeýär. Şeýdip ene tebigata bolan söýgi, oňa mähirli, rehimli gatnaşykda bolmak endiklerini eýeleýärsiňiz.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# WAGTY GADYRLAMAK – RUHYÝETIŇ ÖLÇEGIDIR

Hormatly okuwçy, Ýurtbaşymyz siz bilen bize – ýaş nesle ýüzlenip aýdan örän göreldeli pikirleri bilen, geliň, söhbetimizi başlalyň:

**«Her bir nesil taryhyň özüne degişli sahypasyny özi ýazmalydyr»[1].**

Prezidentimiziň şu çagyryşynyň esasynda örän uly, agyr manymaksat jemlenendir. Öňki derslerimizde nygtaýşymyz ýaly, biziň geçmişdäki akyldarlarymyz, beýik alymlarymyz, beýik serkerdelerimiz taryh özleri üçin beren sahypalary altyn harplar bilen dolduryp, diňe bir bize däl, eýsem bütin adamzada gerek bolýan beýik açyşlary – ylmy, medeni, ruhy baýlyklary döredipdirler. Döwletliligi döretmek we ony dolandyrmak bilen bagly seýrek tejribeleri galdyrypdyrlar. Bu örän baý miras bilen her näçe buýsansak, guwansak bolýar, elbetde. Ýöne meseläniň başga tarapy hem bar. Bu barada Ýurtbaşymyz şu günki nesil, şol sanda, ösüp gelýän ýaşlarymyzyň ünsüni aşakdaky möhüm meselä gönükdirýär:

**«Geçmiş bilen buýsanmaly, guwanmaly, ýöne biz diňe şunuň bilen çäklenip galmagymyz mümkin däl. Sebäbi – diňe geçmişiň abraýy bilen ýaşap bolmaýar»[2].**

Diýmek, her bir nesil ölmez-ýitmez gymmatlyklary gorap saklamak, olara wepaly bolmak bilen birlikde, şu gymmatlyklary ýene-de baýlaşdyrmak, milletiň we ýurduň ösmegi üçin zerur bolan köpden köp ýumuşlary ýerine ýetirmek ugrunda jan aýaman, janypkeşlik görkezmegi talap edilýär. Sebäbi, şu günki ösüş, çalasyn zaman biziň neslimiziň öňüne-de ençeme meseleleri,

---

[1] **Islam Karimow**. Yoshlarimiz – xalqimizning ishonchi va tayanchi. –D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2006-njy ýyl, 56-njy sah.

[1] Şol eser, 43-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

talaplary goýýar. Ynha şu talablara laýyk hereket etmek, ýurdumyzyň ykdysadyýetini, sosial-syýasy, medeni-aň-bilim ugurlaryny ösdürmek jogapkärligi ençeme wezipeleriň hatary wagtdan, geçýän her bir günden önümli peýdalanmagy derwaýys wezipe edip goýýar. «Yuksak ma'naviyat – yengilmas kuch» kitabynyň «Iň beýik edermenlik» diýlip atlandyrylýan bölüminde Prezidentimiz hut şu meselä degişli aşakdaky möhüm pikiri öňe sürýär:

**«Maňa diýse, her gün, har sagatda janypkeş bolmak, özüni damja we damja, bölek-bölek beýik maksatlara tarap ýadaman, haldan taýman dyngysyz gönükdirmek, şu sypaty hemişe, gündelik iş ölçegine öwürmek – hakyky gahrymanlyk ynha şu, diýip aýdan bolardym»[1].**

Akademik şahyr Gafur Gulam bolsa özüniň «Wagt» goşgusynda:

*Eziz asyrymyzyň eziz pursatlary*
*Eziz adamlardan soraýar gadyryn.*
*Pursat ganymatdyr, şa setirler bilen*
*Bezemek wagtydyr ömür depderin, –*

diýip ýazypdy. «Ömür depderi» diýen jümle örän uly mana eýe.

**Her bir nesil ýaly, her bir adamyň hem ömür depderi bolýar. Şol depderi «şa setirler» – haýyr işler, gowulyklar bilen bezemek özümiziň elimizdedir. Munda pursady ganymat bilmek, wagty gadyrlamak örän möhüm.**

Ýogsam, şahyr näme üçin wagta – pursata şeýle basym berýar, ony «eziz pursatlar» diýip taryplaýar?

Eger dogrusyny aýtsak, häzirlikçe siz ömrüň gadyryna we gymmatyna doly aň ýetirmegiňiz kyn. Munuň alajy hem ýok. Çünki şol pellede size ömrüň çeni-çaky çäksiz ýaly, entek hemme zat öňde ýaly duýuljagy tebigy haldyr. Şeýle bolsa-da, wagt ölçegi, ömür pursatlarynyň nämedigi, ondan nähili netijeli peýdalanmalydygy barada pikirleşmegimiz elbetde peýdaly bolar.

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma'naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma'naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 165–166-njy sahypalar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Ruhyýet ynsany belli bir tertip-kadalar esasynda ýaşamagyny talap edýändigini hem aýtmak gerek. Çünki diňe tertip-düzgün bar ýerde many-mazmun bolýar. Durmuşy belli bir tertip esasynda guramak zerurlygy adamy wagt bilen hasaplaşmaga, onuň gadyryna ýetmäge ündeýär.**



Wagtyň gadyryna ýetmek halkymyzyň nakyl we pähimlerinde-de öz beýanyny tapandyr. Şol sanda, «Wagtyň gitdi – nagtyň gitdi», «Pursat – akar suw», «Wagt – adyl sudýa» ýalylar şolara degişlidir.

Bir oýlap görüň: näme üçin halk wagtyň netijesiz geçmegini adamyň elinde, mümkinçiiginde duran nagtyň elden giderilmegi bilen deň goýýar? Wagtyň çeni-çaky bolmasa, käbir iş bu gün däl, ertir edilse, asman üzülip ýere düşmez ahyryn?

Wagt çäksiz, hiç haçan gutarmaýan ýaly duýulsa-da, ýöne adamyň ömrüniň çägi – ahyry bar. Adamyň arzuwlary bolsa çäksiz. Şu arzuwlaryň hemmesine ýetişmek kyn bolsa-da, mümkingadar köpräginiň amala aşmagy üçin hem wagty elden gidermeli däl.

Siz ýaş çaga bilen ulularyň, aýratynam, garry adamyň hereketlerini özara deňeşdirip görüň. Entek egninde borjy, jogapkärlik duýgusy bolmandygy, esasan öz hözirini, wagtyny lezzetli geçirmegi oýlanlygy sebäpli, çagalar başgalaryň derdine biperwaý, oýunçy bolýar. Adamyň ýaşy ulalyp bardygy saýyn bolsa ol mümkingadar köpräk peýdaly iş edip ýetişmäge howlugýar. Oňa hemişe wagt kemlik edýär, halkyň dili bilen aýdanda, «baş gaşamaga-da wagty galmaýar».

Diýmek, wagtyň adamyň durmuşyna, onuň işine, dünýägaraýşyna görkezýän täsiri örän güýçli. Şeýlelikde, wagtdan önümli peýdalanmak, wagta garap, onuň bilen hasaplaşyp hereket etmek ruhy durmuşyň möhüm faktorlaryndan biridir.

Wagtdan dogry peýdalanmak diýende, onuň her bir minudyny makul ýagdaýda paýlamaga düşünilýär. Umuman, ygtyýaryňyzdaky wagty iki bölege bökmek mümkin: işli wagt we boş wagt.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Işli wagtynda adamyň özi, maşgalasy, jemgyýetiň we halkyň peýdasyna haýsy-da bolsa bir iş bilen meşgul bolýar.

Boş wagt bolsa adamyň okamak, iş, gulluk işleri bilen meşgullanmaýan wagty. Boş wagtda adam dynç alýar, beden taýdan we akyl taýdan güýjüni dikeltmek maksadynda beden taýdan gaýratly edýän, keýpiň göterýän ýa-da gyzykly ýumuşlar bilen meşgullanýar. Muňa perzentleriň terbiýesi, kitap okamak, sport we sungat bilen, jemgyýetçilik işleri bilen meşgullanmak, teatr-kino, dürli baýram çärelerinde dynç almak, seýil etmek ýalylar girýär. Boş wagty hem adam işjeň ýagdaýda geçirmegi mümkin. Ynha şeýdip peýdalanylan boş wagt adamy diňe bir beden taýdan dynç aldyrman, eýsem onuň intellektual taýdan ýene-de ösmegine faktor bolýar. Meselem, gowy spektakly tomaşa eden adam nähilidir iki sagadyň içinde örän uly aň-bilim we ruhy kuwwat alyp çykmagy mümkin.

Şahsyň öz gyzyklanmalary ýa-da maşgala agzalarynyň isleglerine görä düzýän göwnüňi göterýän sapaklary boş wagty çuňňur mazmun we many bilen doldurýar. Tersine, diňe uky we bikärlik bilen geçirilýän boş wagty bolsa ömri şemala sowurmak bilen deňeşdirmek mümkin.

Adamyň gündelik durmuşy diňe pugta esasda guralan takdyrda bikärçilige, tukatlyga orun galmaýar. Fransuz edebiýatçysy Stendal «Bikärçilik — tukatlanmagyň enesidir», diýip ýöne ýerden nygtamandyr.

**Bikärçilik we tukatlanmak bolsa adamy dürli jenaýatlary etmäge, pýançylyga, çilimkeşlige öwrenişmäge, ruhy hapa işlere el urmaga meýilli edip goýýar.**

Diýmek, boş wagt kim üçindir altyndan gymmat ähmiýete eýe bolsa, onuň ruhy kämilleşmegine hyzmat etse, başga biri üçin bolsa ygtyýaryny elden giderip, jarlyga tarap eltýän pelaketli pursatlara öwrülmegi mümkin.

**Şu manyda wagty hiç iş etmän, käbir amal bilen meşgul bolman geçirmek adam üçin düýpli howp döredýär. Iň esasysy, adam aňy boşlugy, işsizligi halamaýar.**

Peýdaly iş bilen meşgul bolmadyk adam akyl-paýhasyna dürli manysyz pikirlere, hatda bozgaklyga ündeýän meýiller agdyklyk



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

edýär. Wagtyna özbaşdak erk edip, özi üçin peýdaly iş tapyp bilmeýän adam başgalaryň täsirine düşüp galmagy-da ikuçsyzdyr. Edil şeýle ýaşlar ýuwaş-ýuwaşdan bezzatlyk, ogurlyk ýoluna girip galanyny duýmaýarlar.

Diňe şu däl, käbir aňy pes, dünýägaraýşy dar ýaşlar dürli ekstremistik toparlaryň aldawyna girip, olaryň elinde oýnatga öwrülýärler. Olar ne Watany, ne milleti, ne-de ata-enäni ykrar edýär. Aň-huşuny tümlük eýelän şeýle kimseleriň basyp geçen durmuş ýoluna siňe seretsek, olaryň ne mekdepde, ne başga bir okuw jaýynda düzüwli tälim-terbiýe almandygyny görýäris. Okuwa gitdim, diýip öýden çykyp, dürli hüjrelere baş egip girýär, ol ýerde ynsana ýigrenç, millete duşmanlyk «sapagyny» alýar. Käbirleri bolsa daşary ýurtlarda entäp gezip, dürli ekstremistik guramalaryň merkezlerinde gonalga tapýar. Bu ýerlerde olara adam öldürmek, abat şäherleri we obalary weýran etmek, parahat ilatyň köňlünde wehim-gorky döretmek usullary öwredilýär. Ýurdumyzyň paýtagty Daşkentde 1999-njy ýylyň 16-njy fewralynda, 2004-nji ýylyň 28–29-njy martynda we 1-nji aprel günleri, şonuň ýaly-da, 2005-nji ýylyň 12-nji maý güni Andijan şäherinde amala aşyrylan elhenç terroristik hürümler hut şeýle ýigrenji kimseleriň pyssy-pyjurlyklary hasaplanýar.

Görşüňiz ýaly, halkymyz «Bikärçiden Hudaý bizar» diýen nakyly ýöne ýere aýtmandyr.

**Bikärçilik adamyň köňlünde, aňynda, imanynda boşluk emele getirýär. Şeýle kalby diňe bir ynsana hormat däl, eýsem Ýaradana şükür etmek, onuň öňündäki jogapkärlik duýgusy hem terk edýär. Kalbynda iman-ygtykat, Watana bolan söýgi duýgulary bolmadyk kimseden bolsa islendik ýowuzlyga garaşybermeli.**

Boş wagtyňyzyň uly bölegi maşgalaňyzyň gurşawynda geçýär. Şu sebäpli ata-eneňiziň hereketlerinden sapak almalysyňyz, olardan kesp-hünär syrlaryny bilip almalysyňyz. Geljekki durmuşyňyz üçin zerur bilimleri we endikleri eýelemek ugrunda zähmetden gaçmaly däl, ýaltalyk etmeli däl.

Siz, mundan başga-da, tälim we medeniýet mesgenleriniň, mähelle raýatlar ýygnaklarynyň ýanynda guralan hünär we sport



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

gurnaklaryna yzygider gatnaşmak arkaly boş wagtyňyzy mazmunly geçirmek mümkinçiligine eýesiňiz. Ýaşyňyza, gyzyklanmaňyza laýyk kino, spektakl, telegepleşikleri tomaşa etmek, mazmunly radiogepleşikleri diňlemek bolsa siziň düşünjäňiziň gerimini giňeldip, datyňyz we dünýägaraýşyňyzyň baýlaşmagyna kömek berýär.

Adam asyrlaryň dowamynda çeper eserden ruhy iýmitlenip, özüni gyzyklandyrýan soraglara we çözülmesi kyn meselelere jogap tapyp gelýär. Galyberse-de, çeper eser gaýgyly günlerde-de, ýalňyz galan pursatlarda-da ýakyn maslahatçy, wepaly ýoldaş hasaplanýar.

Kitap – bahasyna ýetip bolmaýan baýlykdygyny köp eşidensiňiz. Gynansak-da, bu baýlykdan lezzet almaga howlukmaýan, oňa ünssüz seredýän dostlarymyz hem aramyzda az-kem tapylyp durýar.

**Hakykatdan hem, görnükli edebiýatşynas alym, Özbegistanyň Gahrymany Ozod Şarafiddinowyň nygtaýşy ýaly, kitap adamzat döreden birinji täsinlik hasaplanýar.**

Üns beriň: alym kitaby dünýäniň ýedi täsinliginden hem ýokary goýýar. Munuň sebäbi nämede?

Ilki bilen, häzire çenli adamzat nähili täzelik döreden, nämäni açyş eden, nähili ylmy we durmuşy tejribäni toplan bolsa, bularyň ählisi kitaplaryň bagrynda jemlenendir. Kitap okamak adamdan artykmaç beden hereketini, maddy baýlyk sarp etmegi-de talap etmeýär. Kitap okamaga hyjuw we yhlas bolsa ýeterlidir.

**Kitap okamakdan almak mümkin bolan bilimi, tejribäni, lezzeti, ylhamy, durmuşa we ynsana bolan söýgini başga hiç bir zatdan şu derejede alyp bolmaýar.**

Hiç bir sungat görnüşini, telewideniýäni we radiony, häzirki zaman kompýuterleriň mümkinçiligini we artykmaçlyklaryny inkär etmedik ýagdaýda, bularyň hiç biri kitap okamagyň ýerini tutup bilmeýär, tutmagy mümkin hem däl, diýmek bolýar. Çünki kitap okalanda adamyň pikiri, aňy, düşünjesinde ýüze çykýan özgerişleriň gerimini başga hiç bir iş üpjün edip bilmeýär.

**Ýene bir zada üns beriň, ýagny adamlar ygtykat edýän dünýädäki esasy dinler adamzada hut kitap şeklinde gowşurylypdyr.**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Diýmek, boş wagtlarda mümkingadar köpräk kitap okamaga hereket eden adamy her näçe alkyşlasaň-da az. Aýratynam, çeper kitaplar siziň ynsany sypatlaryňyzy güýçlendirmekde, adamlary düşünmek endigine eýe bolmagyňyzda çäksiz ähmiýete eýedir. Meşhur rus edebiýatçysy M. Gorkiý «Özümdäki ähli gowy sypatlar üçin kitaplardan minnetdardyryn» diýende umuman ýalňyşmandyr. Ýa-da görnükli gürji edebiýatçysy Nodar Dumbadzä bir aýal aşakdaky mazmunda hat ýazypdy:

«Men keselhanada agyr hassa bolup ýatanymda doktorlaryň emlerinden görä, siziň kitaplaryňyzy okanym aýaga galmagyma köpräk kömek berdi...»

**Galyberse-de, okamak lezzetini bilmeýän, kitap okamak endigini özleşdirmedik şu günki zamandaşymyzy ýokary ruhyýetli adam, diýip hasaplamak gaty kyn.**

Halkymyzyň «Ýörän – derýa, oturan – boýra» diýen gepi bar. Ýurduň bar gözelligini, giňligini we reňbe-reňligini bilmek üçin hem adam boş wagtlarynda sapara çykmalydyr. Saparda adam tebigatyň gözel görnüşlerinden ylhamlanýar, görmedik ýerlerini görýär, bilmedik zatlaryny bilip alýar, gowy-ýaman adamlar bilen söhbetdeş bolýar. «Birini görüp pikir et, müňüni görüp şükür et» diýişleri ýaly, her hili ynsanlar bilen duşuşyp, zerur netijeleri çykarýar, dünýäni tanaýar. Adam diňe saparda bolmak bilen öz öýüniň, mähellesiniň, şäheriniň we obasynyň, galyberse-de, Watany küýsemegiň nähili bolýandygyny duýýar. Baran ýerlerindäki adamlar, adatlar, gymmatlyklar bilen öz ýurdundakylary deňeşdirip, köp zadyň tapawudyny aňýar, gözi açylýar. Ýene sapar çagynda adamda ynsanperwerlik, mähir-şepagat, dostluk sypatlary güýçlüräk ýüze çykýar.

Çünki sapar çagynda dostlar bilen hemişe bile bolmaly, bile ýatyp-turmaly, naharlanmaly, ýol ýöremeli bolýar. Adamyň gowy ýa-da ýaman gylyk-häsiýeti hut şeýle wagtlarda äşgär bolup galýar. Adam kynçylyklara çydamlymy ýa-da ýokmy, ol özi gowy gören zady dostuna hem rowa görýärmi, howp astynda galan ýoldaşyna kömek berip bilýärmi ýa-da taşlap gaçýarmy... bularyň hemmesi saparda synagdan geçirilýär. Diýmek, göýä boş wagty netijeli geçirmek üçin edilen sapar her bir adama bir synag hem eken.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Beýik filosof Aristotel «Poetika» eserinde «Gözellik normadadyr» diýen taglymy beýan edipdir.**

Akyldaryň bu gepi diňe bir sungat eserlerine degişli däl. Hemme zatda – tälim-terbiýede-de, fiziki ýa-da akyl zähmetinde-de, dynç alyşdyr ukyda-da norma bolany gowy. Nirede norma bozulsa, şol ýerde bütin ulgam hatardan çykýar, baş-başdaklyk, tertipsizlik, ahyrky netijede, beden taýdan ýa-da ruhy taýdan bozulyş ýüze çykýar.

Diýmek, adam öz durmuşyny aňly, maksada laýyklykda guramagy ömrüniň netijeli geçmegini üpjün edýän möhüm faktor hasaplanýar. Hiç iş bilen meşgullanmazdan, ömrüniň altyna barabar pursatlaryny bikärçilik ýa-da ýaman işler bilen geçiren adamyň ukysynda-da rahatlyk bolmaýar.

**Ömrüň pursatlaryny ganymat bilýän, her gün sogap işleri edip, adamlaryň agyryny ýeňletmegi adat edinen ynsanyň durmuşy bolsa hemişe gözel we abat boljakdygy şübhesizdir.**

***Soraglar we ýumuşlar:***

1. Nähili adamlar wagty özüne boýun egdirmegi başarýar?
2. «Wagtyň gitdi – nagtyň gitdi» nakylynyň esasynda nähili durmuş hakykaty gizlenen?
3. Boş wagty boş geçirmezligiň nähili çäreleri bar?
4. Bikärçiligiň getirmegi mümkin bolan netijeleri barada durmuşdan mysallaryň kömeginde gürrüň edip bilersiňizmi?
5. Aşakdaky suratlar esasynda wagtdan önümli peýdalanmagyň nähili netijeleri berýändigi barada aýdyp beriň.

A)


Ç)


B)


D)




*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## NOWRUZ – IŇ GADYMY, ASYL MILLI BAÝRAM

Eziz okuwçy, 7-nji synpdaky derslerimizde öňki sowetler döwründe halkymyzyň milli gymmatlyklary, şol sanda, Nowruz baýramyny il-ýurdumyzyň ýadyndan çykaryp taşlamak üçin köp synanyşyk edilendigi hakynda bölekleýin durup geçipdik. Aýratynam, söwet düzümi krizisiň ýakasyna gelen geçen asyryň 80-nji ýyllarynyň dowamynda bu ýaramaz hüjümler çür depesine çykýar, Nowruza garşy «uruş yglan edilýär». Şu baýrama atylmadyk töhmet daşy galmady. Şol sanda, ony dini baýram diýýänler hem, feodalizmiň yzagalak adatlaryny beýgeldiji märeke diýýänler hem, onuň ýerine «Nobahar» atly sowetçe baýram döretmegi teklip edenler hem tapyldy. Adamlar baýramyň aňrybaş tagamy diýip bişirýän sümelekden doly gazanlary, halimleri sowet hökümetiniň wekilleri ýere, hendeklere dökdürip taşlandy.

**Bu – milletiň kalbyny, köňlüni, taryhy hatyrasyny depelemekden başga zat däldi. Bu – sütemkär düzüm taglymynyň ynsana we ynsanylyga nähili ýat-kesekidigini ýene bir subudydy.**

Aslynda Nowruz syýasata, aňyýete, dine gatnaşygy bolmadyk tebigat baýramy bolup, ol gündiz bilen gijäniň özara gabat gelen mahalyny, täze ýyl we baharyň başlanyşyny nyşanlamak hasaplanýar.

21-nji martda hut bir gije gündiziň göni 12 sagady ýagty, 12 sagady bolsa garaňky bolýar. Bu ýagdaý baharky deňgünlük hasaplanyp, güýzki deňgünlük 21-nji sentýabra gabat gelýär.

1989-njy ýylda Özbegistanyň täze ýolbaşçysy edip saýlanan Islam Karimow halka we onuň ruhyýetine garşy gönükdirilen sowet hüjümlerine aýgytly garşy çykyp, Nowruzy umumhalk baýramy hökmünde giň bellemek meselesini çürt-kesik gün tertibine goýandan soň bu köne baýramyň ikinji ömri başlandy:



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**«Biz ýakynda boljak Nowruz baýramyny adaty baýram hökmünde bellemek baradaky meseläni ara alyp maslahatlaşdyk. Her taraplaýyn üns bilen maslahatlaşdyk, «gaş goýjak diýip, göz çykarylan», başbaşdaklyk bilen zyýanly, halka keseki kararlar kabul edilen, däplerimiz, urp-adatlarymyzyň asyrlardan gelýän esaslary depelenen geçmiş döwrüň sapaklaryny hasaba aldyk»[1].**

Garaşsyzlyk ýyllarynda bolsa Nowruz baýramy öň hiç haçan görülmedik gerimde we ajaýyp medeni durmuşymyzdan mynasyp ýer aldy.

«Yuksak ma'naviyat – yengilmas kuch» eserinde Ýurtbaşymyz bu baýramyň halkymyz durmuşynda tutýan ornuna şeýle ýokary baha berdi:

**«Täzelanişiň we haýyrlylygyň tymsaly bolan Nowruz filosofiýasy halkymyza degişli adamkärçilik, mähir-şepagat we hümmet ýaly ýokary aýratynlyklardan iýmitlenip gelendigi, eždatlarymyzyň asyrlaryň dowamynda nähili beýik umumyadamzat taglymlardan lezzetlenip, ruhy kämilleşen-digininiň ýene bir tassyklamasydyr, diýsek, hiç hili ýalňyş bolmaýar»[2].**

Hakykatdan hem, islendik däp, urp-adat hem-de edim-gylymlar durmuş zerurlygy sebäpli peýda bolýar. Olar belli bir halkyň ruhyýetiniň, ruhy dünýäsiniň, arzuw-islegleriniň beýany bolup, geljekki nesilleriň ruhy-ahlak keşbiniň şekillenmegine-de aýgytlaýjy täsir edýär. Köp däpleriň mazmun-manysynda halky, halkyýeti haýyrlylyga, ynsanperwerlige, gowulyga çagyrmak ýaly ölmez-



[1] **Islam Karimow**. O'zbekiston mustaqillikka erishish ostonasida. –D.: «O'zbekiston» neşirýaty, 2011-nji ýyl, 122-nji sah.

[2] **Islam Karimow**. Yuksak ma'naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma'naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 35-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

ýitmez taglymlar ýatýar. Olar döwürleriň talaby bilen hem şekil taýdan, hem mazmun taýdan täzelenip, barha baýlaşýar. Şeýle däpler bar bolup, olar özüniň gowy täsiri, köpçüligiň ruhy zerurlyklaryna laýyk gelşine görä ömürbaky bolup, halklaryň ruhy gymmatlygy derejesine göterilýär. Gündogar halklarynyň ynha şeýle ruhy baýlyklaryndan biri Nowruzdyr.

«Nowruz» parsça söz bolup, «täze gün» diýen manyny aňladýar. Ol daýhanlar üçin ekin-dikin işleriniň başlanýan pellesine gabat gelýär. Beýik akyldar babamyz Alyşir Nowaýy bu güni şeýle taryplaýar:

*Wesl ara gördüm, deň emiş boýydyr saçy,*
*Gije-gündiz deň eken, zahyr olur boldy çu Nowruz.*

Şu misrelerden «Wysala ýetensoň, gördümki, söýgülimiň boýy (gün ýaly ak endamy) bilen uzyn saçy (gije ýaly gara saçy) Nowruzdaky gije bilen gündiz ýaly deň eken», diýen manyny aňýarys.

Nowruz örän gadymy baýramdyr. Bu fakty geçmişdäki alymlarymyz öz eserlerinde esaslandyrypdyrlar. Şol sanda, Abu Reýhan Birunynyň «Gadymky halklardan galan ýadygärlikler», Omar Heýýamyň «Nowruznama», Abulkasym Firdöwsiniň «Şanama», Hoja Ali Termiziniň «Nowruznama», Alyşir Nowaýynyň «Haýrat ul-abror», «Leýli we Mejnun», «Saddi Iskenderiý» ýaly dessanlary Nowruz we onuň peýda boluş taryhy, onuň bilen bagly urp-adatlar, edim-gylymlar hakynda möhüm maglumatlary berýän gymmatly çeşmelerdir.

**Alyşir Nowaýy babamyz aýtmagyna görä, şa Jemşit zamanynda Nowruzy baýram etmek urpa öwrülipdir. Çeşmeleriň şaýatlyk etmegine görä, Nowruz baýramynyň peýda bolşy dört müň ýyllyk taryha eýe.**

Nowaýynyň «Leýli we Mejnun» dessanynyň 12-nji babynda Nowruz mynasybetli Mejnun bilen Leýliniň gizlinlikde duşuşandygy, onda Leýliniň yşkynyň güýjünden Mejnunyň huşundan gidendigi barada hekaýa edilýär.

Nowruzda oýanýan, güllere bürenen sähralar, baglar adamlar bilen dolupdyr. Olaryň arasynda Mejnun bilen Leýli hem bar. Ýöne adamlardan uýalanyndan olar bir-birlerine ýakynlaşyp



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

bilmän, syrlaşyp bilmän kösenýärler. Leýli bir çemenzaryň içine girensoň, adamlaryň gözünden ep-esli wagt pynhan bolýar. Şu çemenzaryň içinde bolsa Mejnuna duşýar. Şonda Leýli yşk odunda ýanan Mejnuny köşeşdirmek bilen, Nowruz güni adam bossanlaryň gujagyna çykmagy, köňlündäki düwünleri ýazmagy, onuň kalby edil güller ýaly açylmalydygyny şeýle beýan edýär:

*Bu demki öwsüp nesimi Nowruz,*
*Gül atyryn etdi mejlisafroz.*

*Bag öňi bahardeý gülewşan,*
*Sümbül bu gül üzre käkilewşan.*

*Bu pasylda azmi gülşen etgeý,*
*Bossan haramyny mesgen etgeý.*

Hezret Nowaýy gazallarynyň birinde:

*Çemen serwi galyp haýran, meniň serwim kylyp jöwlan,*
*Anyň şeýdasy bir daýhan, muňa şeýda älem-jahan, –*

diýen gözel misreleri ýazýar. Şu beýtde şahyr: «Meniň serwim (ýagny ýarym) jöwlan uranda, çemen serwi (ýagny Nowruz) hem haýran galdy, Nowruza diňe daýhanlar şeýda bolan bolsa, muňa (ýagny ýaryma) bütin älem aşyk», – diýýär.

Biziň eždatlarymyz amal eden şemsi ýyl hasaby boýunça Hamal ýylyň birinji aýy hasaplanýar. Ol hut Nowruzdan – 21-nji martdan başlanýar. Şu sebäpli hem halkymyz «Hamal girdi – amal girdi» diýýär. Diýmek, şu günden başlap ene tebigatdaky ähli barlykda – mahlukatdyr we ösümliklerde oýanyş, täzeleniş, ösüş-ulalyş, ajaýyp bir tebigy – içki galkynyş ýüze çykýar. Uklap ýatan tohumlar, kökler, pyntyklar güneşiň maýyl şöhlelerinden güýç alyp herekete – janlanmaga howlugýarlar. Dek düýn garalyp duran badamyň, erigiň şahalary birden güle bürenendigini, aryk we ýaplaryň boýlary ýap-ýaşyl ot-çöpler bilen örtülendigini duýman galýarys.

**! Tebigatdaky oýanyş ynsan kalbyna, ruhyýetine-de täsir etmän durmaýar.**

Gyşyň sowuk aýazlaryndan ýaňa ýygrylan, uzyn gijelerden ýadan, birneme tukatlanan adamlar ýagty, dury asmana, güneşiň tene ýakymly şöhlelerine, tebigatdaky oýanyşy garşy alýarlar. Olaryň ruhyýetinde-de ajaýyp bir ruhubelentlik, keýpiköklük peýda bolýar.

Daýhanlar üçin bolsa Nowruz ýylyň özboluşly alamaty – ara-çägi, serhedi hasaplanýar. Şu günden başlap daýhan ýere arkaýyn



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



tohum sepmegi, onuň birkemsiz gögerjeginden arkaýyn bolubermeli. Ýyl – on iki aýlyk rysgal üçin gapy açýan bu güni baýram etmän bolarmy?

Diýmek, Gündogar halklary baryp dört müň ýyldan bäri bellenip gelinýän Nowruz tebigat bilen ynsanyň durmuşy utgaşyklygynyň, olaryň arasyndaky ozaldan gelýän takdyrdaşlygyň hem tassyklamasy, dabarasydyr, diýsek, ýalşyşmadyk bolýarys.

Ýokarda agzalyşy ýaly, Nowruz zähmet we döredijilik baýramydyr. Bu gün edil tebigat ýaly ynsan hem indi gyşyň güýjüniň we gazabynyň gidendigini, mundan beýläk günleriň barha maýlajakdygyny, yza ýoluň ýokdugyny duýýar. Daýhan garyň astynda ýetişen, gar gidip ýüzi açylan ýeri şüdügärläp, çiller çekip, ilkinji tohumy – rysgal tohumyny ekýär.

**Nowruz tebigat bilen adamlaryň arasynda didar, mähir-merhemet, adamkärçilik baýramydyr.**

Bu gün gonamçylyklarda abadançylyk işleri alnyp barylýar, beýikleriň ýatan ýerleri zyýarat edilýär, garry, maýyp, ýalňyz adamlar, ata-eneler ýatlanýar, aňrybaş saçak düşelip, myhman garşylanýar, adamlar birek-birege sowgat berýärler, çagalara süýjüler paýlanýar.

**Nowruz dostluk, doganlyk dabarasydyr.**

Ol diňe bir Gündogar halklarynyň baýramy däl, eýsem milletine, dinine, ygtykadyna seretmezden, şu ýurtlarda ýaşaýan ähli milletler ondan lezzetlenýärler, bir-birlerini gowurak tanap, göwnüni tapýarlar.

Şol sanda, özbek halky gadymdan parahatlyksöýüji halkdygyny amalda subut edip gelýär. Halkymyz ähli döwürlerde illeriň, milletleriň özara parahat-agzybir, asuda, dost-dogan bolup ýaşamagynyň tarapdary bolup gelipdir. Nowruzy nyşanlamagyň düzgüninde, onuň düýp mazmunynda hut şu taglymlar, maksatlar hem ýatýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Nowruz – sagdynlyk baýramy.**

Ýylyň şu döwründe taýýarlanýan tebigy we doýumly tagamlar gyşyň uzak we ýetmezçilikli gijelerinden sag-aman çykyp alan adamyň endamy üçin şypa känidir. Halkymyzyň uzak ýyllyk aşpezlik medeniýeti ýylyň hut şu döwri üçin däri-dermanlara baý şeýle tagamlaryň oýlanyp tapylandygy bilen hem hormatlydyr. Sümelek (semeni), halim, gök somsa we gök börek ynha şeýle aňrybaş tagamlara degişlidir. Nowruz saçagyna özgeçe görk bagyşlaýanlygy sebäpli sümelek we halim bişirmek aýratyn taýýarlyk esasynda guralýar.

Eger halim taýýarlamak bilen köpräk erkekler meşgul bolsalar, sümelek bişirmek, esasan, aýallaryň meýlisi hasaplanýar. Daşgazanlaryň daşynda aýal-gyzlar, çagalar oýun-gülki edip, leper, rowaýat, erteki, şorta sözleri, ýomak we halk hekaýalaryndan aýdýarlar, deprek çalyp tansa düşýärler. Seýle gelen her bir ynsan gowy niýet bilen gazan köwleýär. Semeni bir gije-gündiziň dowamynda gaýnadylandan soň, her bir maşgala paýlanýar. Seýle gatnaşyp bilmedik näsaglar, maýyplar, ýalňyz garrylar semeni bilen sylanýar. Semenini perzendi uzak saparlardan aman gaýdan, täze perzent ýa-da agtyk gören, durmuşda uly üstünlik gazanan, keselinden sagalan adamlar öňünden niýet edip taýýarlaýarlar. Semeni bir maşgalada bişirilende-de ony taýýarlamaga bütin oba ýa-da mähelläniň adamlary, garyndaş-uruglar agzybir bolup gatnaşmaga çagyrylýar. Aýtmaklaryna görä, bir gazandan tagam iýenler bir-birine garyndaş ýaly ýakyn bolup galýan eken.

**Nowruz gowy umytlar, ertirki ýagty günlerden ýagşy habar berýän baýramdyr.**

Bu gün adamlar bir-birlerine bagt, saglyk-amanlyk, maşgalalara bereket, il-ýurda parahatçylyk, asudalyk dileýärler. Soňky Nowruza çenli hemmeleriň sag-aman ýetip barmagyny, başlanýan täze ýylyň bereketli gelmegini, toý-tomaşalara baý bolmagyny niýet edýärler we şoňa ymtylyp ýaşaýarlar.

**Nowruz – bütin many-mazmuny bilen göreldeli edepnamadyr.**

Nowruz baýramy bir günden bir aýa çenli bellenip, ony dabara etmek bilen bagly dürli urp-adatlar, däpler, edim-gylymlar nesilden nesle geçip gelýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Gadymdan kerneý-surnaýlaryň ýüregiňi joşdurýan sedalary bilen başlanýan bu baýramda derbazlar, masgarabazlar, pälwanlar, aýdymçylar, bagşylar, sazandadyr tansçylar öz sungatlaryny görkezipdirler. Dabara gatnaşyjylar dürli halk oýunlaryny, owlakgapdy, göreş, at çapyşygy ýaryşlaryny tomaşa edipdirler. Dabaralar geçirilýän ýerlerde käsiplik, zergerlik, agaç ussaçylygy, gençkärlik, dellekçilik, küýzegärçilik ýaly halk amaly sungatynyň nusgalary sergi-söwda goýlupdyr. Bularyň hemmesi baýramyň many-mazmunyny has-da baýlaşdyrypdyr, ony gündelik durmuşyň mazmuny bilen baglapdyr.

**Nowruz ýaşlaryň öz halkyny ýene-de ýakynrak bilmegi, onuň ruhyýetini düşünmegi, şu halka berk baglanmagyň faktory hemdir.**

Adamlaryň parahat, erkin we abat durmuşy wasp etmegi hut şeýle günlere gabat gelýär. Siz hem, özüňizi şu halkyň, şu ýurduň perzendi hasaplamak bilen, iliň toýunda-da, azasynda-da dik durmalysyňyz, şu halka egindeş bolmalysyňyz! Sebäbi, baýram diňe bir şadyýanlyk, şatlyk üçin däl. Ol halkyň ruhyýetindäki ölmez-ýitmez duýgulary nesillerden nesillere ýetirýän seýrek serişde hemdir.

Nowruz baýramy çagalar we ýetginjekler üçin älem-älem guwanç, şatlyk getirýän dabaradyr. Oňa ýaş çagalar hem, ýetginjek ýigit-gyzlar hem aýratyn taýýarlyk bilen gelýärler. Olar Nowruz günleri göreş, çillek (zuwullatar), at oýny, çapyşyk, uzaga pökgi oklamak, bukullym, batbörek uçurmak, gulak çekdi, sanawaç, ýaňyltmaç, myhman-myhman, gala gurmak (toprak ýa-da daş bilen), topdaş, gurjak oýny, çänik oýny, eşek mündi, ak derekmi-gök derek ýaly oýunlarda ýaýnap ýadamaýarlar.

Şonuň ýaly-da, bu baýramda halk agzeki döredijiliniň nusgalaryny (nakyl, leper, goşgy, matal, şorta söz, erteki, dessan we başgalary) köp aýtmak boýunça bäsleşik-ýaryşlar guralýar.

Ýaşlaryň arasynda geçirilýän şular ýaly çäreler olarda milli aňyň we pikirlenmäniň şekillenmeginde, taplanmagynda möhüm serişde hasaplanyp, ýaşlaryň beden taýdan sagdyn, many taýdan kämil bolup kemala gelmeginde aýratyn ähmiýete eýedir.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Nowruz günlerinde kem üpjün edilen, ekleýjisini ýitiren maşgalalara döwlet we jemgyýetçilik guramalary tarapyndan howandarlyk kömegi berilmegi sogaply çärelere öwrüldi. Maddy taýdan uly mümkinçiliklere eýe bolan döwlet we jemgyýetçilik guramalary, aýratyn şahslaryň ýurdumyzdaky «Sahawat» we «Şepagat», «Mähiribanlyk» öýlerine, mahsus internatlara howandarlyk kömek edilmegi baýram günleri, aýratynam, güýçlenýär. Bularyň ählisi halkymyzyň «Eli açygyň ýoly açyk», «Birini berene müňüni berer» ýaly gowy nakyllary durmuşda, amalda öz tassyklamasyny tapandygyny delillendirýär.

**Dersimiziň başynda bolşy ýaly ahyrynda-da durmuşy, tebigaty we ynsanyň gözelligini öçmejek misrelere ýerleşdiren Nowaýy babamyzyň aşakdaky arzuwlary hemmämize hemişe ýar bolmagyny dileg edýäris:**

***Her gijäň gadyr oluban,***
***Her günüň olsun Nowruz...***

### *Soraglar we ýumuşlar:*

1. Garaşsyzlyk ýyllarynda täzeden dikeldilen nähili halk baýramlaryny bilýärsiňiz?
2. Nowruz baýramynyň aýratynlygy nämelerde görünýär?
3. Bahar nygmatlaryndan ýene haýsylaryny bilýärsiňiz?
4. Çagalar oýunlaryndan haýsysy size köpräk ýakýar? Siziň ýaşaýan ýeriňizde ýene nähili oýunlar bar?
5. Sümelegiň we halimiň adamyň saglygyny pugtalandyrmakdaky ähmiýeti nämede?
6. Nowruzyň adama ruhy, beden taýdan, terbiýeçilik taýdan getirýän peýdalaryny düşündirip bilermiň?
7. Nowruz we tebigat peşgeşlerine bagyşlanan diwar gazetini çykaryň.
8. Geçilen dersi berkitmekde aşakdaky edebiýatlardan peýdalanyň:
   Sultanmurat Olim. Baýramlarymyz. D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2008-nji ýyl, 20–36-njy sahypalar;
   Nowruz. Nowruz bilen bagly aýdymlar, rowaýatlar, adatlar we yrymlar. (Düzüjiler: Töre Mirzaýew, Mamatkul Joraýew) D.: «Fan» neşirýaty, 1992-nji ýyl.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## HATYRA – BEÝIK GYMMATLYK

Adamzady başga jandarlardan tapawutlandyrýan möhüm taraplardan biri onuň hatyra eýeligi hemdir. Hatyrasyny ýitiren adam mankurta öwrülýändigi barada edebiýat derslerinde köp eşidensiňiz. Çünki adamy adam edýän, oňa «men»lik, ýagny özboluşly içki keşp berýän zat hatyra hasaplanýar.

**Öz eždatlaryny – ýedi puştuny, maşgalasyny, mähellesini, şäherini ýa-da obasynyň geçmişini, Watanynyň taryhyny bilmeýän adamy kökünden aýrylan agaja deňeşdirmek mümkin. Köksüz agajyň ösüp-ulalmajakdygy, elbetde gurap galjakdygy anyk bolşy ýaly, taryhy hatyradan aýrylan adamyň geljegi-de netijesizdir.**

Hatyra – millet taryhyny, onuň gymmatlyklaryny, medeniýetini we ruhyýetini, bir söz bilen aýdanda, milletiň özlügini özünde jemleýän beýik gymmatlykdyr.

Gynansak-da, öňki sowet döwleti öz düzümine goşup alan ähli halklar ýaly Türküstan ülkesinde ýaşaýan milletleri-de taryhy hatyradan aýyrmak ugrunda ne-ne pyssy-pyjurlyklary amala aşyrmady. Şol sanda, özbek halky müň ýyllardan bäri uýup gelen yslam dininiň ýerine ateizm – hudaýsyzlyk taglymy halkyň ähli gatlaklarynyň arasynda dyngysyz wagyz edildi. Ýüzlerçe metjit-medreseler bozup taşlandy, adamlaryň dini amallary emin-erkin berjaý etmegi gadagan edildi. Hatda geçenlere jynaza okamak, olary gonamçylyga ugratmak hem aňyýet taýdan howply iş hökmünde bahalanyp, döwlet edaralarynda işleýän ýerli kadrlar yzarlandylar. Dünýä ylmynyň, medeniýetiniň ösüşine uly goşant goşan beýik alymlaryň mirasy barada geplemezlik, Emir Temur ýaly, Jelaliddin Meňguberdi ýaly magaryfperwer, watanperwer babalarymyzy öz nesillerine ýamanatly edip tanyşdyrmak adaty ýagdaýa öwrüldi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Özbek halkyny bütin taryhynyň dowamynda ýagty gün görmedik, diňe nadanlykda ýaşan halk hökmünde görkezmek, şu arkaly täze hökümete hormat oýarmak şu aňyýetiň baş maksady hasaplanýardy.**

XX asyryň birinji ýarymynda milletiň azatlygyny wasp eden, öz halkyny azat görmegi arzuw eden Mahmythoja Behbudi, Abdulla Awlany, Fitrat, Çolpan, Abdulla Kadyry ýaly janypkeş intelligentlerimiziň maňlaýyna dürli aýpnamalar dakylyp, aglabasynyň ömri kül edildi. Şeýle aňyýet ýowuzlyklary sowet döwletiniň halklaryň we milletleriň tagdyryna nähili äsgermezlik bilen gatnaşykda bolandygynyň aýdyň subudydyr.

Respublikamyzyň ýolbaşçysy Islam Karimow şeýle adalatsyzlyklary üzül-kesil çäklendirilmelidigini nygtap, entek 1989-njy ýylyň 28-nji noýabrynda alymlaryň öňüne aşakdaky anyk wezipeleri goýupdy:

**«Jemgyýeti öwrenijiler Özbegistanyň taryhynyň ençeme sahypalaryny täzeden ýazmaly, sebäbi, sarizm ýyllarynda Orta Aziýa halklarynyň milli azatlyk hereketi, 1920–1930-njy ýyllardaky edebi-taglym prosesleri, kollektiwleşdirme we başga hadysalar resminamalar esasynda seredilmeli. Behbudi, Usman Nasyr, Çolpan, Fitrat we başgalaryň döredijiligini we dünýägaraýşyny hem çuňňur we halys öwrenmeli»[1].**

Garaşsyzlyk ýyllarynda Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň başlangyjy we gönüden-göni ýolbaşçylygynda halkymyzyň hatyrasyny dikeltmek, onuň basyp geçen müň ýyllyk taryhyny halys we çuňňur öwrenmek, unudylýan milli-medeni gymmatlyklary halkyň durmuşyna we hatyrasyna gaýtarmak boýunça uly işler amala aşyryldy. Sowet hökümdarlygy döwründe taşlandy ýerlere, hatda harabalara öwrülen ýüzlerçe mukaddes zyýarat mesgenlerimiz – metjit-medreseleriň, medeni ýadygärlikleriň täzeden dikeldilmegi, «halk duşmany» hökmünde öldürilen milletperwer şahyr-ýazyjylaryň, alymdyr ulamalaryň ylmy-döredijilik mirasynyň nusgalarynyň köp nusgalarda neşir edilmegi halk hatyrasynyň oýanmagynda, garaşsyzlygyň janypkeşleriniň

[1] **Islam Karimow**. O‘zbekiston mustaqillikka erishish ostonasida. –D.: «O‘zbekiston» neşirýaty, 2011-nji ýyl, 91-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

gadyrlanmagynda aýgytlaýjy ähmiýete eýe boldy. Sebäbi, Ýurtbaşymyzyň nygtaýşy ýaly:

**«Her bir halk milli gymmatlyklaryny öz maksatlary, şonuň bilen birlikde, umumyadamzat ösüşiniň üstünlikleri esasynda ösdürip, ruhy dünýäsini ýokarlandyrmaga ymtylýar, şu babatda taryhy hatyra meselesi aýratyn ähmiýete eýedir. Ýagny, taryhy hatyra duýgusy diňe doly ýagdaýda dikeldilende, halkyň basyp geçen ýoly özüniň ähli üstünlikleri we ýeňişleri, ýitgileri we gurbanlary, guwançdyr azaplary bilen halys we çynlakaý öwrenilen ýagdaýynda hakyky taryh bolýar»[1].**

Şu ugur esasynda Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň 1999-njy ýylyň 12-nji maýyndaky buýrugyna görä, ýurdumyzda 9-njy maý «Hatyra we hormatlama güni» hökmünde bellenilýän boldy. Şu mynasybetli Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabinetiniň «Watanyň we halkyň azatlygy ugrunda gurban bolan janypkeşleriň hatyrasyny ebedileşdirmek baradaky» karary yglan edildi. Indi geçen eždatlarymyzy ýatlamak we mähriban zamandaşlarymyzyň hormatyny berjaý etmekde «Hatyra we hormatlama gününiň» bellenilmegi uly ähmiýet eýedir.

«Hatyra we hormatlama güni» öz mazmuny bilen başga baýramlardan we däplerimizden tapawutlanýar. Ol diňe bir aradan çykan eždatlary ýatlamak däl, eýsem Watan üçin göreşde heläk bolan, öňki zulumkär düzüm döwründe gadagan edilen, halkyň abadançylygyna we ýurduň ösüşine öz goşandyny goşan adamlaryň hatyrasyny hormatlamakdyr.

**Ýurdumyzda Hatyra we gadyrlamak gününi bellemek gönüden-göni Prezident Islam Karimowyň başlangyjy bilen amala aşdy.**

Garaşsyzlyga çenli ähli welaýatlarda we tümen merkezlerinde «Nämälim soldat gubury» diýen emeli at bilen monumentler gurlupdy, adamlar şu ýerlere özleri bilip-bilmän sygynýardylar. Hakykatda, Ýurtbaşymyzyň nygtaýşy ýaly, urşa giden her bir adamyň nämälim bolmagy, onuň ady familiýasy, ol baradaky

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 97-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

hatyralaryň ýitip gitmegi aslynda mümkin däl. Galyberse-de, garaşsyzlyk ýyllarynda alnyp barylan möhüm gözlerler sebäpli öň «dereksiz ýiten» diýlip hasaplanan müňlerçe merhum ýurtdaşlarymyzyň takdyry anyklandy – olaryň haýsy söweşde we haçan wepat bolandygy baradaky resminamalar tapyldy.

**«Olar baradaky maglumatlar jemlenen 35 jiltden ybarat «Hatyra» kitabynyň çap edilmeginiň, ýurdumyzyň taryhynda göreldeli ruhy waka bolandygyny aýtmak bolar»[1].**

Bir söz bilen aýdanda, adam çagasynyň yzsyz ýok bolup gitmegi, «nämälim soldata» öwrülmeginiň mümkin däldigi subut edildi. Netijede, Daşkent şäherinde, ähli welaýatlarda we tümenleriň merkezlerinde Hatyra meýdanlary, paýtagtymyzdaky Bozsuw kanalynyň boýunda bolsa «Şehitler hatyrasy» ýadygärlik toplumy guruldy.

Ýurtbaşymyz «Belent ruh – ýeňilmez güýç» kitabynda 1937–1953-nji ýyllarda öňki SSSR çäginde amala aşyrylan köpçülikleýin gadaganlaryň elhenç netijeleri barada aýratyn durup geçýär:

**«Onuň erbet netijelerini özümiz göz öňüne getirmek üçin diňe bir Özbegistan boýunça 100 müňden gowrak adam gadagan edilip, 13 müň sanysynyň atylyp taşlanandygyny ýatlamak ýeterlidir. Ynsany gadyr-gymmaty depelenen, durmuşy aýagasty edilen şu adamlaryň arasynda diňe bir döwlet işgäri we intelligentler däl, eýsem ýüzlerçe ýönekeý adamlar, ýurdumyzda ýaşan ähli diýen ýaly milletleriň we halkyýetleriň wekilleri bardy. Şol döwürde näçe-näçe adamlaryň öz maşgalasyndan aýrylandygyny, aýallar dul, bäbekleriň ýetim edilendigini, müňlerçe ökde daýhanlaryň kulak hökmünde uzak ülkelere sürgün edilendigini hasaba alsak, halkymyzyň başyna düşen bu pajyganyň elhençligi has-da aýdyň görünýär»[2].**

Eziz okuwçy, bir zady ýatdan çykarmaň, sowet döwletiniň baryp ýetmiş ýyllyk taryhyny çäksiz zorluklar, äşgär ýa-da gizlin gadaganlar taryhy, diýip hem arkaýyn atlandyrmak bolar. Sebäbi, 1917-nji ýylyň oktýabr aýynda amala aşyrylan döwlet agdarylyşygyndan başlanan

---

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma'naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma'naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 100-nji sah.

[1] Şol eser, 98-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



gyrlyşyklar soň hem ol ýa-da bu şekillerde yzygider dowam edipdir. Halkyň üstünden ýeke-täk partiýanyň hökümdarlygyny ornaşdyran bu döwlet geçen asyryň 30-njy ýyllarynda-da, 40–50-nji ýyllarynda-da, ahyrynda 80-nji ýyllarynda hem dürli görnüşdäki gadaganlary amala aşyrypdyr. Eger Ikinji jahan urşundan soňky ýyllar – 1948–1953-nji ýyllarda çap edilen gazetleri okasak, Özbegistanda 5–10 kg pagta zaýalanandygy üçin, ýarym gektar pagta meýdanyny suw ýa-da ot basandygy üçin hem adamlaryň tussag edilendiginiň, olaryň aglabasynyň maşgalasyna başga gaýdyp gelmändiginiň şaýady bolýarys.

Galyberse-de, Özbegistanda geçen asyryň 80-nji ýyllarynda «pagta işi», «özbekleriň işi» diýen toslama atlar astynda geçirilen soňky gadagan wagtynda-da on müňlerçe oba hojalyk işgärleri nähak aýyplandy, olaryň ynsany gadyr-gymmaty aýagasty edildi, durmuşy depelendi.

Şükürler bolsun, Ýurtbaşymyzyň ýolbaşçylygynda ýurdumyz garaşsyzlygyny gazanandan soň, bu adalatsyzlyklar, horluklar berk çäklendirildi. Aýpsyz jezalandyrylan adamlar öz maşgalasynyň gujagyna gaýtaryldy, olaryň päk atlary aklandy. Günäsiz gurban bolanlaryň hatyrasyny ebedileşdirmek boýunça uly taryhy işler amala aşyryldy.

**«Ynha şu ynsany borjumyzy berjaý etmek maksadynda 2000-nji ýylda paýtagtymyzyň Ýunusabat tümeninde gadagan ýyllarynda halkymyzyň müňlerçe asyl perzentleri öldürilip, atsyz-sorsuz gömlüp taşlanan, näçe ýyllaryň dowamynda garawsyz galan Bozsuw kanalynyň kenaryndaky Alwastiköpri diýip atlandyrylan jarlygyň ýerinde Şehitler hatyrasy alleýasy we soňluk bilen şu atda muzeý we gazna döredildi. 2001-nji ýyldan başlap 31-nji awgust ýurdumyzda Gadagan gurbanlaryny ýatlama güni hökmünde bellenilýän boldy»[1].**

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma'naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma'naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 98–99-njy sahypalar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Soňky ýyllarda bu ýer has-da abadanlaşdyrylyp, muzeýiň goşmaça binasy gurulmak bilen onuň zallary taryhy hatyramyzy baýlaşdyrmaga hyzmat edýän resminamalar, deliller, eksponatlar bilen enjamlaşdyryldy.

Bu günki günde ýurdumyzyň baş meýdany – Garaşsyzlyk meýdany Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda tanap bolmaýan keşbine eýe boldy. Geçen düzümiň duýgusyz, agressiw, ynsanylykdan uzak mazmunyny özünde jemleýän gödek beton we asfaltlar alyp taşlanyp, olaryň ýerini ýaaýşyň we dirikligiň nyşany bolan ýap-ýaşyl maýsalar, reňbe-reň güller we gözel agaçlar eýeledi. Onuň bir tarapynda ýerleşýän, nagyşlanan özbek eýwanlary bilen gurşalan Hatyra meýdany hemişe ümsümligi saklaýar. Meýdanyň töründe jigerine garaşyp, onuň hatyrasynyň öňünde baş egip oturan gamgyn Ene keşbi bar. Özbek enesiniň mislsiz nyşany bolan bu heýkel köňül gözi açyk hiç bir zyýaratçyny biperwaý galdyrmaýar. Enäniň aýagynyň astynda güller hemişe düşelgidir.

Äpet sütünli eýwanlaryň astynda Garagalpagystan Respublikasyndan we ähli welaýatlarymyzdan, paýtagt Daşkent şäherinden Ikinji jahan urşuna gidip gaýdyp gelmedik Watandaşlarymyzyň atlary ýazylan tyllareňk sahypalar ýerleşýär. Bir wagtlar «nämälim soldat»ýaly emeli at bilen atlandyrylan ähli merhumlaryň eziz atlaryny şu sahypalardan, hökman, taparsyňyz. Olaryň ýaragdaş dostlary, garyndaş-uruglary şu ýere goýlan kursülerde oturyp, çäksiz hatyralara çümýärler, geçenleriň ruhuna doga pata okaýarlar. Aslynda, eždatlary we nesilleri bir-birine baglaýan, olaryň arasyndaky azaly garyndaşlyk duýgularyny güýçlendirýän, ynsan hatyrasyny hormat etmek ýaly ruhy borjy ýaşlaryň köňlünde kemala getirýän haýyrlylyk şu dälmi?!

**! Hakykatdan hem, durmuşymyzyň aýrylmaz bölegine öwrülen Hatyra we hormatlama güni ýurtdaşlarymyzda mähir-şepagat, rehimlilik, özlügine aň ýetirmek, durmuşyň gadyryna ýetmek duýgusyny kemala getirmekde mundan beýläk hem möhüm ähmiýete eýe bolar.**

Eziz okuwçy, ýatdan çykarmaň, her bir maşgalada, mähellede, tümende, welaýatda hormata mynasyp adamlar köp bolupdyr.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Şonuň ýaly-da, aýylganç uruşda heläk bolan babalarymyzy we atalarymyzy, garyndaşlarymyzy, mähelledaşlarymyzy ýatlamak, uruşdan aman gaýdan we günden güne seýrekleşýän weteranlaryň, ýurduň içersinde zähmet çeken mukaddes garrylarymyzyň halyndan habar alyp durmak siz bilen biziň üstümizdäki mukaddes parz we karz hasaplanýar. Şu orunda Ýurtbaşymyzyň aşakdaky sözlerini getirmek, bu düşünjäni durmuş ynamymyz edip almak örän möhümdir:

**«Meniň berk ynamym, sogap işi her kim etmelidiginden, sogap işi her gün etmelidiginden ybarat»[1].**

***Soraglar we ýumuşlar:***

1. Taryh derslerinden sowet döwründe amala aşyrylan nähili gadaganlar baradaky bilimlere eýe bolduňyz?
2. Öňki sowetler döwründe halkymyzyň taryhy hatyrasyny depelemek we ruhy gymmatlyklaryny gadyrsyzlandyrmak boýunça nähili pyssy-pyjurlyklar edilipdir?
3. Geçenleri ýatlamak – olary hormat etmek, gowy sypatlaryny ýatlamak bilen çäklenýärmi? Dirilerden ýene nämeler talap edilýär, diýip pikir edýärsiňiz?
4. Mähelläňizde, obaňyzda Ikinji jahan urşuna gatnaşan garrylar barmy? Olardan nähili hekaýalar eşidensiňiz?
5. Adamyň nesilleriň hatyrasynda ebedi galmagy nämelere baglydygy baradaky pikiriňizi aýdyp beriň.
6. Aşakdaky suratlarda halkymyzyň nähili gowy sypatlary jemlenendigini düşündiriň.


A)


B)


Ç)

[1] **Islam Karimow**. Yoshlarimiz – xalqimizning ishonchi va tayanchi. –D.: «Ma'naviyat» neşirýaty, 2006-njy ýyl, 67-njy sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## BARLAG IŞI

Ý u m u ş : ***«Umumhalk baýramlary»*** *temasynda referat taýýarlaň. Ony ýazanda aşakdaky meseleleri açyp görkezmäge aýratyn üns beriň:*

– halklaryň, milletleriň we halkyýetleriň durmuşynda baýramlaryň döreýiş sebäpleri;

– baýramlaryň her bir halkyň mentaliteti, ýurduň tebigaty, sosial durmuşy, onuň takdyryndaky möhüm wakalar bilen baglylygy;

– derslikde «Belent ruh – ýeňilmez güýç» kitabyndan getirilen pikirler;

– garaşsyzlyk ýyllarynda halkymyzyň urp-adatlaryny, baýramlaryny täzeden dikeltmek, mazmun taýdan we şekil taýdan has-da baýlaşdyrmak boýunça amala aşyrylan işler;

– garaşsyzlyk ýyllarynda esaslandyrylan umumyhalk baýramlarynyň many-mazmuny;

– Özbegistan Respublikasynda bellenilýän aşakdaky umumyhalk baýramlarynyň her biri barada gysgaça düşünje:

1-nji ýanwar – Täze ýyl;
8-nji mart – Aýal-gyzlar güni;
21-nji mart – Nowruz baýramy;
9-njy maý – Hatyra we hormatlama güni;
1-nji sentýabr – Garaşsyzlyk güni;
1-nji oktýabr – Mugallymlar we terbiýeçiler güni;
8-nji dekabr – Konstitusiýa güni;
Oraza haýyt (Iýd ul-Fitr) dini baýramynyň birinji güni;
Gurban haýyt (Iýd ul-Adha) dini baýramynyň birinji güni;

– umumyhalk baýramlarynyň ýurdumyzda ýaşaýan dürli millet we halkyýet wekilleriniň özara agzybirligini pugtalandyrmakdaky ähmiýeti;

– şu baýramlaryň halkymyzyň ruhy durmuşynda tutýan orny.

### Referat taýýarlanda peýdalanylýan edebiýatlar:

1. *Islam Karimow*. Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 29–35-nji sahypalar.

2. *Sultanmurat Olim.* Bayramlarimiz. –D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2008-nji ýyl.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## JEMLEÝJI WE UMUMYLAŞDYRYJY DERS

Eziz okuwçy, ynha, şu okuw ýylynyň dowamynda «Milli garaşsyzlyk taglymy we ruhyýet esaslary» dersi boýunça alyp baran sapaklarymyz hem tamamlanyp barýar. Şu döwrüň dowamynda siziň ýaşyňyza ýaş, bilimiňize täze bilimler goşuldy, düşünjeleriňiz giňeldi. Şol sanda, ýurdumyzy we halkymyzy garaşsyzlyga alyp çykan, ýurdumyzy azat we abat ülkä öwürmekde, azat we abadan durmuşy gurmakda möhüm faktor bolan milli taglymymyzyň many-mazmunyna çuňrak aralaşdyňyz.

Milli taglymyň we ruhyýetiň gadymy köklere eýedigini, şu düşünjeleriň şu ýurtda ýaşaýan ähli adamlaryň asylly niýetlerini, durmuşy bähbitlerini özünde jemleýändigini ýakyndan duýduňyz.

**Milli taglymyň esasyny düzýän *ýurt parahatçylygy, Watanyň gülläp ösmegi, halkyň maddy-hal ýagdaýy, kämil ynsan, sosial hyzmatdaşlyk, milletara agzybirlik, dinlerara bagrygiňlik, milli özlüge, ynsana aň ýetirmek* ýaly düşünjeler ýurdumyzda parahatçylygy we asudalygy saklamak, özara ylalaşygy pugtalandyrmak, respublikamyzy ykdysady, syýasy, medeni we ruhy taýdan ýokarlandyrmakda örän möhüm ähmiýete eýedigine barha düşünip aň ýetirýärsiňiz.**

Dersleriň dowamynda ýokary ruhyýetiň jemgyýetiň we milletiň gülläp ösmeginiň pugta binýady bolup hyzmat etmegine degişli bilimleriňiz, tejribeleriňiz hem ep-esli başlaşdy. Şol sanda, kanuna boýun egmek, adam hukuklaryny we azatlyklaryny hormat etmek biz gurýan erkin demokratik jemgyýetiň aýrylmaz aýratynlygydygyna ykrar bolduňyz.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Şu gymmatlyklar durmuşymyzyň, dünýägaraýşymyzyň aýrylmaz bölegine öwrülmeginde Prezidentimiz Islam Karimowyň alyp barýan işleriniň nähili möhüm ähmiýete eýe bolandygyny siz «O'zbekiston mustaqillikka erishish ostonasida» kitabyndan bildiňiz.**

Adam ruhyýetiniň möhüm alamaty hasaplanýan Watana bolan söýgi, il-ýurda wepalylyk, dostluk düşünjeleri, ene tebigaty goramak medeniýeti, wagtyň gadyryna ýetmek ýaly ruhy faktorlar durmuşymyzy dogry guramakda we mazmunly geçirmekde nähili möhüm ähmiýete eýedigine çuňňur aň ýetirdiňiz.

Şaýat bolşuňyz ýaly, Ýurtbaşymyzyň başlangyjy, tutanýerli gaýraty bilen halkymyzyň sowet döwründe depelenen taryhy hatyrasyny dikeltmek, unudylýan seýrek gymmatlyklaryny durmuşa gaýtarmak, milli we dini baýramlarymyzy arkaýyn geçirmäge degişli çynlakaý taryhy ähmiýete eýe işler amala aşyryldy.

Prezidentimiz özüniň «Yuksak ma'naviyat – yengilmas kuch» kitabynda aşakdaky möhüm meselä-de siz bilen biziň ünsümizi çekýär:

**«Ruhy galkynyşy gazanmak – bu bir ýyllyk ýa-da bäş-on ýyllyk iş däl. Halk, millet öz milli ruhyýetini ýyllaryň, asyrlaryň dowamynda barha ýokarlandyrýar we başlaşdyrýar. Çünki ruhyýet gatap galan dogmalaryň jemi däl-de, tersine, hemişelik hereketdäki üznüksiz proses bolup, ösüş dowam edýärkä, onuň okgunlylygy sebäpli ruhy durmuşyň öňünde goýulýan talaplar hem üznüksiz peýda bolberýär»[1].**

Diýmek, eziz okuwçy, siziň bilen biz milli taglym baradaky düşünjelerimizi şu çalasyn zamana laýyklykda barha baýlaşdyryp, giňeltmelidiris, ruhy älemimizi bolsa abat edip, ony dürli wehimlerden pugta goramak ugrunda yzygider gözlegler alyp barmagymyz talap edilýär. Bu haýyrly niýetler ugrunda size güýç-gaýrat, ylham we döredijilik hemişe hemraňyz bolsun!

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma'naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma'naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 171-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# MAZMUNY

*I bap*. **Milli taglym – gowy arzuw-islegler beýanydyr**

Döredijilikli halk ........ 3
Milli taglymymyz ........ 8
Ýurt parahatçylygy ........ 13
Watanyň gülläp ösmegi ........ 18
Halkyň maddy hal-ýagdaýy ........ 23
Abatlyk göwünden başlanýar (*Amaly sapak*) ........ 27
Barlag işi ........ 29

*II bap*. **Milli taglym bilen ruhy durmuşyň sazlaşygy**

Kämil ynsan ........ 30
Sosial hyzmatdaşlyk ........ 36
Milletara ylalaşyk ........ 41
Dinlerara bagrygiňlik ........ 45

*III bap*. **Ruhyýetiň möhüm şertleri**

Köpçülik duýgusy ........ 50
Ynsana aň ýetirmek ........ 55
Kanun ileri tutulmagy ........ 59
Internetden peýdalanmagyň medeniýeti (*Amaly sapak*) ........ 67
Barlag işi ........ 68

*IV bap*. **Ruhyýet – jemgyýetiň we milletiň gülläp ösmeginiň baş faktorydyr**

Ruhyýet – ynsanyň we jemgyýetiň medeniýetiniň esasydyr ........ 69
Dostluk – ýokary ruhy düşünje ........ 78
Ekologik medeniýet ........ 87
Bize tanyş we nätanyş tebigat (*Amaly sapak*) ........ 98
Wagty gadyrlamak – ruhyýetiň ölçegidir ........ 100
Nowruz – iň gadymy, asyl milli baýram ........ 108
Hatyra – beýik gymmatlyk ........ 116
Barlag işi ........ 123
Jemleýji we umumylaşdyryjy ders ........ 124

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

RAHMON QO‘CHQOROV, SANOBAR NISHONOVA,
OYNISA MUSURMONOVA, MURTAZO QARSHIBOYEV

# MILLIY ISTIQLOL G‘OYASI VA MA’NAVIYAT ASOSLARI

**Umumiy o‘rta ta’lim maktablarining 8-sinflari uchun darslik**

*(Turkman tilida)*

*To‘ldirilgan va qayta ishlangan 7-nashri*

*Toshkent «Ma’naviyat» 2015*

Terjime eden *K. Hallyýew*
Redaktor *J. Metýakubow*
Suratçy *S. Soin*
Tehredaktor *S. Şuhrat*
Korrektor *J. Metýakubow*
Kompýuterde sahaplaýjy *Ş. Sohibow*

Lisenziýa AI N189, 2011-nji ýylyň 10-njy maýynda berlen. Çap etmäge 2015-nji ýylyň 25-nji iýunynda rugsat edildi. Möçberi 60x90 $^{1}/_{16}$. Tayms garniturasy. Ofset usulynda çap edildi. Ofset kagyzy. Şertli çap listi 8,00. Neşir listi 7,64. 900 nusgada çap edildi. Buýurma N15-322.

«Ma’naviyat» neşirýaty. Daşkent, Tarakkiýot 2-nji öňi ýapyk köçesi, 2. Şertnama 50–15.

Özbegistanyň Metbugat we habar agentliginiň «O‘zbekiston» neşirýat-çaphana döredijilik öýünde çap edildi. 100129. Daşkent, Nowaýy köçesi, 30, 2015.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Kärendesine berlen dersligiň ýagdaýyny görkezýän jedwel

| T/n | Okuwçynyň ady we familiýasy | Okuw ýyly | Dersligiň alnandaky ýagdaýy | Synp ýolbaşçysy-nyň goly | Dersligiň tapşyrlanda-ky ýagdaýy | Synp ýolbaşçysy-nyň goly |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | | | | | | |
| 2 | | | | | | |
| 3 | | | | | | |
| 4 | | | | | | |
| 5 | | | | | | |

## Derslik ulanmaga berlip, okuw ýylynyň ahyrynda gaýtaryp alnanda ýokarky jedwel synp ýolbaşçysy tarapyndan aşakdaky bahalamak tertibine esaslanyp doldurylýar:

| | |
|---|---|
| **Täze** | Dersligiň ilkinji gezek peýdalanmaga berlendäki ýagdaýy. |
| **Ýagşy** | Jilti gowy, dersligiň esasy böleginden bölünmedik. Ähli sahypalary bar, ýyrtylmadyk, sahypalarynda ýazgylar we çyzgylar ýok. |
| **Kanagat-lanarly** | Jilti ýenjilen, kä ýerleri çyzylan, gyralary gädilen, dersligiň esasy böleginden bölek ýerleri bar, peýdalanyjy tarapyndan kanagatlanarly derejede abatlanypdyr. Goparylan sahypalary ýelimlenen, käbir sahypalary çyzylan. |
| **Kanagat-lanarsyz** | Jilti çyzylan, ýyrtyk, esasy böleginden aýrylan, ýyrtylan ýeri düşüp galan, kanagatlanarsyz derejede abatlanan. Sahypalary ýyrtylan, listleri ýetişmeýär, çyzyp taşlanan. Dersligi gaýtadan dikeldip bolmaýar. |

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE